# TÜRKMEN HALK DÖREDIJILIGI

## I KITAP

## TÜRKMEN ŞAHYRANA HALK DÖREDIJILIGI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 82+398
T 90

**T 90** **Türkmen halk döredijiligi.** I kitap. Türkmen şahyrana halk döredijiligi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmsy. -A .: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

TDKP № 138, 2017 KBK 83.3 Tür. 1 ýa 73

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*— Nusgawy şahyrlarymyzyň, beýik akyldarlarymyzyň, halk döredijiliginiň baý mirasyny öwrenip, ylmy taýdan seljermek we asyl nusgasyny halka ýetirmek, türkmen halkynyň taryhy, medeni mirasy boýunça ylmy barlaglary alyp barmak öňde duran möhüm wezipeleriň biridir.*

# SÖZ SUNGATYNYŇ TÄJI

Türkmen halky Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe batly gadamlar bilen öňe-ösüşlere barýar. Gysga wagtda geçmişde möhüm medeni ojaga öwrülen ýadygärlikler, görnükli şahsyýetler, söz ussatlary, edebi, medeni çeşmeler barada ylmy barlaglar amala aşyryldy, halkara ylmy maslahatlar geçirilip, ata-babalarymyzdan miras galan çeper gymmatlyklar dünýä aýan edildi. Pederlerimiziň watançylygyny, edermenligini, päk söygüsini, döredijilik ukybyny, dünýewi we dini ygtykatlaryny, ahlak ýörelgelerini, ynsanperwer duýgy-düşünjelerini çeper beýan edýän eserleriň ençemesi ýüze çykaryldy. Türkmen ylmynyň hem-de çeper gymmatlyklarynyň dünýä medeniýetinde tutýan orny kesgitlendi, olaryň adamzadyň kämil ruhy dünýäsiniň kemala gelmeginde bitiren hyzmatyna ýokary baha berildi.

Çeper gymmatlyklar halkyň ruhy dünýäsiniň dury aýnasydyr, isleg -arzuwynyň, edim-gylymynyň, çuň pelsepesiniň gözli çeşmesidir. Ol gadymydyr, baýdyr, çeperdir, şol bir wagtda taryha, halkyň durmuşyna, aň-düşünjesine, isleg-arzuwyna, matlaplaryna örkle-

nen, çeper ruhy dünýäsine örtülip, onuň ýoluna şöhle saçýan şamçyragdyr.

Türkmen halk döredijiliginiň döremeginde, kemala gelip, söz sungatyna öwrülmeginde danalaryň hem-de meşhur aýdyjylaryň hyzmaty uly bolupdyr. Ýerine ýetirýän eserleriniň many-mazmunyna, temasyna, hiline görä olara dürli atlar dakylypdyr. Kyssahonlar, rowaýatçylar, ertekiçiler, efsanaçylar, şortaçylar, bagşylar, ozanlar, dessançylar, agyçylar, zikirçiler, hafyzlar, bilgiçler, yrymçylar, ýaremazançylar, talhynçylar, ýareýjançylar, haraýçylar, sanamaççylar, matalçylar, nakylçylar gadymy döwürde emele gelipdir we il içinde uly hormatdan peýdalanypdyr. Mysal üçin, bagşylar has gadymy döwürde döräp, ilki ynsany dertden, gara güýçlerden saplamak bilen meşgul bolupdyrlar. Neolit (miladydan öňki bäşinji müňýyllyk) döwründen öň dörän bagşylar enolit (miladydan öňki üçünji müňýyllyk) döwründe kem-kemden aýdym-saz arkaly ynsanyň keselini bejermäge geçipdir, soňra aýdym aýtmagy özüne kesp edinipdirler. Ýokarda ady tutulan ýerine ýetirijileriň, aýdyjylaryň her haýsynyň diňe özüne mahsus taryhy bardyr. Bu mesele düýpli öwrenilmegine garaşýar.

Her halkyň çeper döredijiligi şol halkyň taryhyny, durmuşyny, ahlagyny, däp-dessuryny, gylyk-häsiýetini şöhlelendirýär, pelsepesini, dünýägaraýşyny hem-de zehin ussatlygyny çeper görnüşde özünde jemleýär. Şol halkyň isleg-arzuwyny, matlabyny aramak bilen oňa hyzmat edýär. Türkmen halk döredijiligi hem çeper gymmatlyk hökmünde şu çeper kanuny şertiň esasynda kemala gelipdir: halkyň taryhyny, durmuşyny, ahlagyny, däp-dessuryny, gylyk-häsiýetini şöhlelendiripdir, pelsepesini, dünýägaraýşyny, zehin ussatlygyny özünde jemläpdir, türkmenleriň isleg-arzuwlaryny, matlaplaryny arapdyr we gorap gelipdir.

Oguzlaryň taryhy, medeniýeti we döredijiligi çuňdur, şol bir wagtda giňdir we dünýä medeni gymmatlyklaryna goşan goşandy uludyr. Şeýle çuňluk we giňlik onuň döredijiliginiň söz sungaty hökmünde örän çeper we nepis bolmagyna getiripdir. Taryhy döwürlerde we ruhy eýýamlarda ynsanyň aň-düşünjesiniň,

dünýägaraýşynyň, döredijilik ukybynyň, zehininiň kem-kemden kämilleşmegi halky eserleriň çeper hem-de taryhy esaslarynyň sazlaşykly ösüşini üpjün edipdir. Ata-babalarymyz döredýän eserleriniň çeper bolmagyna, ondaky duýgy-düşünjeleriň, ahlagyň tämiz we ter, çeper keşpleriň täsirli, görelde alarlyk bolmagyna aýratyn üns beripdirler. Türkmen halk döredijiliginiň çeper we taryhy esasy döwrüne, medeniýetine, ahlak sypatlaryna seretmezden, ýagşylygy, ruhubelentligi, erkinligi özüne baş ýörelge edinipdir. Şoňa görä türkmen halkynyň taryhyny, medeni, edebi mirasyny, däp-dessuryny, dilini, ahlak ýörelgelerini we dünýä medeniýetine ýetiren täsirini hem-de goşan goşandyny ylmy esasda öwrenmek möhüm ähmiýete eýedir. Bu babatda türkmen halk döredijiligi has gadymy edebi çeşme hökmünde gymmatlydyr. Halk döredijiliginiň döreýşi, kemala gelşi we çeper söz sungatyna öwrülişi milli hem-de umumy aýratynlyga eýedir. Ylmyň gelýän netijelerine görä, halky eserler ilki döreýşi boýunça ýeke şahsa degişli bolupdyr. Ýazuwyň we beýleki oňaýly şertleriň ýokdugy ýa-da dörediji şahsyň dünýäden ötmegi netijesinde, öz döwrüniň möhüm wakalaryny, isleg-arzuwlaryny, häsiýetlerini, çeper gözleglerini özünde jemleýän eserler halk döredijiligine öwrülipdir. Her halk hususy taryhyna, durmuşyna, aňynyň hem-de döredijilik ukybynyň kämilligine laýyk gelýän, şony apalaýan, araýan çeper gymmatlyklaryny döredipdir. Bu ösüş uzak döwri, irginsiz çeperleşmegi, döwrüň, ahlagyň, häsiýetiň, edebiň hem-de pelsepäniň yzygiderli howandarlygyny talap edipdir. Ynsan durmuşynyň, ahlagynyň, gylyk-häsiýetiniň, edim-gylymynyň we beýleki hajatlarynyň çylşyrymlylygy, kanunalaýyk ösüş ýollary, milli we umumy aýratynlyklary onuň döredijiligine geçipdir.

Her döwrüň nesli ynsanyň çeper söz aýnasyna öwrülen gymmatlyklaryna öz goşandyny goşupdyr. Netijede, ynsan taryhynyň, haýwanat, ösümlik dünýäsiniň aňrysyna-bärsine göz ýetmeýän özboluşly çeper dürdänesi emele gelipdir. Onuň çeper meýdanyny ölçemek, ruhy hem-de pelsepe çuňlugyny kesgitlemek, wakany, hadysany, duýgy-düşünjäni çeper beýan etmegiň aýratynlyklaryny

takyklamak ýeňil iş däl. Sadalykdan çuňluga, ýönekeýlikden çylşyrymlylyga tarap ösüş ynsanyň we onuň ýaşaýşynyň gönezligi hasaplanypdyr. Umumylykdan ýeke zehinlige, dar manylylykdan köp manylylyga, umumy häsiýetlilikden çylşyrymly ýeke häsiýetlige geçmek halk döredijiliginiň irki kemala gelşini we ösüşini kesgitleýän kanunalaýyk ýagdaýdyr. Üzlem-saplam monotonik çeper aňdan akylly-başly pikir ýöretmeklige, soňra täwerekleýin dürli pelsepe esasly akyl ýetirmä geçmek halk döredijiliginiň tebigy ösüş aýratynlygydyr.

Türkmen halk döredijiligi hem şu kanunalaýyk döreýşiň, öşüşiň içinde kemala gelip, söz sungatyna öwrülipdir. Ata-babalarymyz has gadymy döwürlerden başlap, adamzadyň hyýalynyň ýetýän ýerinde, akyldar Magtymgulynyň aýdyşy ýaly, arş bilen kürsüň arasynda özüniň döredijilik meýdanyny döredipdir.Türkmen halky uzak döwürli ösüşi başyndan geçiren we dürli öwüşginli medeniýete, çeper dile baý halklaryň biri hasaplanýar. Hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly: «Türkmenler dünýä medeniýetiniň genji-hazynasyna, medeni-ruhy ösüşine örän uly goşant goşan iň gadymy halklaryň biridir. Türkmen halky müňýyllyklaryň ýaňyny özüne siňdiren ýüzlerçe taryhy-medeni ýadygärliklere, edebi gymmatlyklara, golýazma çeşmelerine baýdyr. Adamzadyň köp asyrlyk taryhynyň köklerini, edebi-ruhy gymmatlyklaryny, asyrlaryň jümmüşinden sünnälenip çykan iň nepis sungat eserlerini özünde jemleýän baý milli mirasymyz zamanamyzyň esasy ruhy binýatlarynyň biridir. ...Türkmenistan dürli medeniýetleri birleşdiren medeni we ruhy galkynyşlaryň gadymy mekanydyr. Akyldar alymlarymyzyň, şahyrlarymyzyň ajaýyp eserleri, «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlarymyz, halk döredijilik eserlerimiz nesilleriň ruhuna ganat berip, ähli zamanlarda ynsan köňüllerini tämizläp gelipdir, häzirki zamanda bolsa bu ruhy-medeni gymmatlyklar kämil türkmen durmuşy bilen berk sazlaşýar».[1]

Diýmek, gadymy halkyň döreden eserleri hem gadymy bolup,

[1] Medeni miras - dünýäniň medeni we ruhy galkynyşlarynyň taryhyny öwrenmegiň çeşmesi. - Aşgabat, 2008, 5-6 s.

many-mazmuna, her hili çözgütlere, dürli çeper serişdelere, keşplere, pelsepelere, beýanetmelere we gaýry gymmatlyklara örän baýdyr.

Adamzadyň çeper pikirlenişiniň gözbaşynda halk döredijiligi durýar, onuň çeper we taryhy esaslary bolsa müňýyllyklaryň gatyna siňip gidýär. Onuň döremegi, kämilleşmegi, baýlaşmagy ynsan durmuşynyň, aňynyň ösüşi ýaly, kem-kemden amala aşypdyr. Şu ösüş alyş-çalşa, özara täsir etmä we baýlaşma esaslanypdyr. Gadymy Horezmdäki, Merwdäki, Nusaýdaky, Änewdäki, Maşady-Missirýandaky, Amuldaky we beýleki medeni ösüşli ýerlerdäki taryhy wakalar, ynsan aňynyň, döredijilik ukybynyň kämilligi halk döredijiligini baýlaşdyrypdyr. Özara täsirlenmäniň netijesinde türkmen halk döredijiligi köp halklaryň döredijiliginiň baýlaşmagyna belli derejede goşant goşupdyr. Edil halkyň taryhy ýaly, onuň döreden çeper söz sungaty hem galkynyşlara eýe bolupdyr. Türkmen halk döredijiliginiň galkynyşy ata-babalarymyzyň gahrymançylyk, söýgi, ynsanperwerlik, ýokary ahlaklylyk kimin asylly gymmatlyklary bilen berk baglanyşykly emele gelipdir. Gadymy oguzlaryň halk döredijiliginiň ösüş basgançaklary öz köküni halkyň şu gymmatlyklaryndan alypdyr we kem-kemden söz sungatynyň täjine öwrülipdir. Bize belli bolan häzirki çeşmeler we taryhy ähmiýetli ýadygärliklerde saklanyp galan maglumatlar türkmen halkynyň döreden çeper söz sungatynyň dört sany uly galkynyşy başyndan geçirendigine kepil geçýär.

Türkmen halk döredijiliginiň çeper-taryhy ösüşi halkyň döredijilikli çeper jemgyýetçilik aňynyň, şahyranalyk, kyssaçylyk, dessançylyk gözlegleriniň önümidir. Bu bolsa galkynyşyň çeper ewolýusiýasynyň yzygiderli we baglanyşykly ösüşiniň, döredijilikli baýlaşmagynyň netijesinde, uzak döwrüň dowamynda kemala gelendigini aňladýar. Diýmek, her bir halk döredijiligine degişli eserleriň emele gelýän, kämilleşýän, ösýän we dargaýan döwürleri bolup, olar halkyň durmuşynyň, aň-düşünjesiniň, çeper pikirleniş ussatlygynyň galkynyşynyň içinde kemala gelipdir. Türkmen halk döredijiligi aşakdaky ýaly ýagdaýda döwürme-döwür döräp, taryhy galkynyşlar bilen kämilleşip, çeper söz sungatynyň täjine öwrülipdir.

## Halky söz sungatynyň has irki galkynyşy

Bu döwür halk döredijiliginiň ilki döreýşi bilen baglanyşyklydyr. Her halkyň çeper döredijiligi şol halkyň sözleýiş diliniň emele gelmeginiň esasynda döräpdir. Türkmenistan Merkezi Aziýada ilkinji kowçumlaýyn, soňra oturumly ýaşaýşyň emele gelen ýeriniň biri hasaplanýar. Emirabat, Jeýtun, Änew, Köneürgenç, Nusaý, Merw, Dehistan, Amul medeniýetleri, arheologiýa ylmynyň açan has gadymy medeni ojaklary türkmen halk döredijiliginiň Gündogarda has gadymy çeper gymmatlykdygyna kepil geçýär. Ilkinji obalaryň, şäherleşip başlan kentleriň peýda bolmagy we gadymy ýaşaýşyň kämilleşmegi gorkyny-ürkini, guwanjy durnukly ýagdaýa getiripdir. Animalary, fetişleri, üzlem-saplam monotonik pikirlenmäni gysyp, ýatda saklamak, dilden-dile geçirmek ukybyny berkidipdir.

Ylmyň gelýän netijelerine görä, irki paleolit (gadymy daş döwri, miladydan öňki 35-30-njy müňýyllyklar) döwründe Merkezi Aziýada halk döredijiligi umumy bolup, ol kem-kemden giçki paleolit döwründe (miladydan öňki 30-11-nji müňýyllyklar) kowçumlanmak ýagdaýyna geçip başlapdyr. Mezeolitde (orta daş döwri, miladydan öňki 12-7-nji müňýyllyklar) halk döredijiligi milli görnüşe geçipdir, olary ýerine ýetirijiler döräp başlapdyr. Gowşak durmuş we üzlem-saplam pikirlenme güýjüni ýitirip, onuň ýerine çeper mifologiýa kemala gelipdir. Halk döredijiliginiň döremegi we kemala gelmegi durmuşyň, ynsan aňynyň kämilleşişi ýaly, çalt depgine eýe bolupdyr. Oguz han mundan 5 müň ýyl öň ýaşan bolsa, ol baradaky gahrymançylykly şejere kyssalary 4500-4000 ýyl mundan öň, dessanlaşan kyssalar bolsa 4000 ýyl öň ýerine ýetirilipdir. Diýmek, şejereçilik türkmen şadessany mundan 3500 ýyl öň emele gelipdir diýip aýdyp bileris. Şu pikire hä bersek, dessançylyk däbiň has irki döwri VI-VII asyrlara çenli aralygy öz içine alýar.

Bu döwrüň döredijiliginde çeper gahrymançylygyň gözbaşynda

mifiki gahrymançylyk durupdyr. Emma mifiň ykbaly ýaly, bu edermenlik soňra dörän efsanalara, ertekilere, hekaýatlara, rowaýatlara, dessanlara siňip gidipdir. Belli bolşy ýaly, Oguz handan öň türkmen halk döredijiligi doly galyplaşypdyr. Taňry, onuň yns-jynsy ýaradyşy, Adam Ata, How Ene, perişdeler, pygamberler we ýagşylykdyr ýamanlygyň ýaradylyşy baradaky gadymy türkmen mifleri biziň döwrümize çenli halkyň dilinde saklanyp galypdyr. Animalar, fetişler, totemler, her hili gudratlar baradaky çeper düşünjeler-ynançlar, yrymlar, alkyşlar, gargyşlar, aýdymlar, nakyllardyr matallar, efsanalar Oguza çenli halk döredijiliginiň kämilleşendigine güwä geçýär. Bu döwre degişli çeper mifler, efsanalar gadymy ýazuw ýadygärliklerinde, has hem «Awestada» öz beýanyny tapypdyr. Ol, belli derejede, soň emele gelen «Görogly» şadessanynda hem beýan edilipdir. Şadessandaky dagyň dumana bürelmegi, gudrat bilen onuň baş gahrymana kömek etmegi, «Ärogly» hekaýatynda Göroglynyň ýeriň aşagyndaky ýurda düşmegi, Gyratyň uçmagy, aždarha has gadymy döwrüň edebi mirasydyr.

Ynsanyň durmuşyndan, ruhy ahwalatyndan dömüp çykan porhançylyk, zikir aýtmak, şöwür çekmek, em etmek, Güne, Oda, Suwa sygynmak, gorky-ürki, gara güýçden üstün çykmak dessury žanrlaryň galyplaşmagyna, soňra eposdyr dessanlaryň döremegine oňyn täsir edipdir. Bagşylar, ozanlar, rawylar, hapyzlar, halfalar, porhanlar, zikirçiler, jäherçiler, rowaýatçylar, ertekiçiler, kyssaçylar şu döwürde uzak ýyllaryň, dowamly ösüşleriň esasynda yzma-yz emele gelipdir.

Oguz han döwründe türkmen halk döredijiligi doly millileşipdir we milliligi üpjün edýän çeper ugurlar, çözgütler, serişdeler, tärler, epiki keşp döretmegiň usullary Gündogar söz sungatynyň gadymy uly bölegi hökmünde gutarnykly döräpdir. Bu döwürde nesli emele getirmek we ony goramak baradaky oý-pikirler, harby hereketler şahyrana teswirlemä garanda güýçli we täsirli bolup, bular söz sungatynyň baş temasyna öwrülipdir. Oguznamaçylyk däpleri döräpdir, şadessanlaryň we dessanlaryň sudurlary peýda bolupdyr. Oguz hanyň gahrymançylykly ahlak

keşbi, nesli, ýurdy baradaky serkerdelik aladalary, milli ruhy kämilligi halk döredijiligine we edebiýata ymykly giripdir. Meşhur «Oguznamalar» döredilipdir.

Ata-babalarymyzyň halk, Watan, edermenlik, arassa ahlaklylyk, ynsanperwerlik baradaky oý-pikirleri onuň gahrymançylygyna bagyşlanan halky eserleriň içinden ilik-düwme geçipdir. Oguz hanyň döwrüniň soňky basgançaklarynda halky eserler oguz hem-de gypjak halk döredijiligine bölünipdir. Taryhy ösüşiň esasynda oguzdan dömüp çykan gypjaklar ganybir garyndaşy oguzlaryň-türkmenleriň döredijiligi bilen deň derejede özleriniň milli döredijiligini döredipdir. «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlarynda şu döwrüň çeper hakykaty, beýan ediş usuly sudur derejesine galypdyr. «Gorkut atada» oguz hem gypjak dessançylyk däpleri gatyşyk beýan edilipdir. «Görogluda» bu mesele aýdyňlaşdyrylypdyr. Kyssa milli beýana eýe bolupdyr. Şygyr gadymy goşuk galypynda döredilipdir. Goşuk galypynyň gadymy nusgalary Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwanu lugat-et türk» sözlüginde beýan edilipdir.

Pederlerimiz halk döredijiliginde öz taryhyny, durmuşyny, isleg-arzuwyny, pelsepesini, gylyk-häsiýetini we adamkärçilige mahsus beýleki alamatlaryny çeper milli dilde şahyrana beýan etmegi başarypdyr. Şeýlelikde, türkmen milli ruhy baýlyklary: medeniýeti, sungaty, dili, edebiýaty halkyň çeper ruhy gymmatlyklary hökmünde gutarnykly kemala gelipdir. Taryhy, edebi çeşmelerden belli bolşy ýaly, bu döwürde dünýä medeniýetini baýlaşdyran rowaýatlar, hekaýatlar, ertekiler döredilipdir. Adamy At, Keýumers, Rüstem, Tumarly, Şirak, Guş Daş, Költegin, Gök Taňry, Mömin, Ilteriş kimin mifiki we taryhy şahslar Oguz han bilen bile halky eserleriň gahrymanlary bolupdyr. Bu şahslar baradaky eserler kem-kemden Gündogar, soňra Günbatar halklarynyň döredijiligine siňip gidipdir. Merwde döredilen ertekileriň bir bölegi meşhur «Müň bir gije» ertekiler toplumyna esas bolupdyr. «Görogly» şadessany şu gadymy edebi ýörelgäniň esasynda beýleki halklara ýaýrapdyr.

Türkmen halk döredijiligi Oguzyň ady bilen baglanyşykly ösdürilipdir. Oguznamaçylyk däpleri emele gelipdir. Olar şulardyr:

1. Şejere oguznamaçylygy. Oguzyň taryhy, nesli baradaky taryhy, çeper eserler şejere oguznamaçylygyna degişli.

2. Gahrymançylykly oguznamalar. Tumarly, Şirak, Rüstem, Gorkut ata, Görogly, Keýmir kör hakyndaky halky eserler gahrymançylykly oguznamalardyr.

3. Söýgi oguznamalary. «Şasenem-Garyp», «Zöhre-Tahyr», «Perhat-Şirin», «Arzy-Gammar» we söýgä bagyşlanan beýleki eserler söýgi oguznamalaryny emele getiripdir.

4. Dana oguznamalar. Türkmen halkynyň paýhasyndan, dana oý-pikirlerinden dömüp çykan nakyllar we atalar sözleri muňa anyk mysaldyr. Miladydan öň we miladynyň XVI asyryna çenli ýazuwa düşen 3500-e golaý oguznama nakyllary bize belli.

5. Terbiýeçilik oguznamalary. Çagalara bagyşlanan we çagalaryň özi tarapyndan döredilen eserler şuňa degişli.

6. Dessury oguznamalar. Türkmenleriň däp-dessury, edim-gylymy, yrym-ýomy hakdaky eserler şu görnüşi emele getirýär.

7. Kyssaçylyk oguznamalar. Türkmen mifleri, efsanalary, rowaýatlary, hekaýatlary, ertekileri, şorta sözleri, tymsallary kyssaçylyk oguznamalarydyr.

8. Şahyrana oguznamalar. Gadymy goşuklar, aýdymlar, ýareýjanlar, lollujanlar, dönemler, agylar, läleler, monjugatdylar, toý aýdymlary, hüwdüler we beýleki şahyrana eserler şahyrana oguznamalary düzüpdir.

Oguznamalar özara baglanyşygyň, täsirlenmäniň we döredijilikli hyzmatdaşlygyň esasynda baýlaşypdyr.

## Halky söz sungatynyň ikinji galkynyşy

Bu döwür dünýä halklarynyň galkynyşyna täsir eden taryhy wakalara, ylmy açyşlara örän baý döwürdir. «Gündogar galkynyşy» ady bilen belli bolan ylmy, medeni galkynyş dünýä ylmynyň, medeniýetiniň we sungatynyň ikinji ösüşi hasaplanýar.

Ylmyň, medeniýetiň ösüşi türkmen halk döredijiligine düýpli täsir edipdir. Gadymy ýunanlaryň, araplaryň, Çyn-Maçynyň edebi nusgalary dünýä belli alymlaryň, syýahatçylaryň işlerinde, çeper namalarynda öz beýanyny tapypdyr. Bu oňaýly täsir etme bir taraplaýyn bolmandyr. Türkmen, özbek, gyrgyz, gazak, garagalpak we beýleki doganlyk halklaryň çeper döredijiligi bu meşhur işler arkaly dünýä ýaýrapdyr. Halk döredijiliginiň gahrymançylyk, edermenlik baradaky şadessanlary «Gorkut ata», «Manas», «Alpamyş», «Görogly», «Kyrk gyz», «Jangar» şu ösüşiň netijesinde birnäçe halkyň milli eserine öwrülipdir. Oguz-gypjak-uýgur dessançylyk däbi gutarnykly emele gelipdir. Şahyrana žanrlardan gahrymançylyk, söýgi baradaky aýdymlar, hüwdüler, läleler, toý-ýas aýdymlary, aýratyn hem rowaýatlar, ertekiler, nakyllar, çagalar döredijiligi tema taýdan baýlaşypdyr, çeperçiligi artypdyr. Edebi hyzmatdaşlyk, özara edebi baglanyşyk döredijiligi sünnälemegiň, baýlaşdyrmagyň, onuň dünýä ýaýramagynyň açary hasaplanypdyr. Halk döredijiliginiň nusgalary Birunynyň, Ibn Sinanyň, Farabynyň, Horezminiň, Kaşgarlynyň, Kubranyň, Abusagdyň, Zamahşarynyň, Awufynyň we beýleki onlarça alymlaryň, söz ussatlarynyň tagallasy bilen ýazuwly edebiýata düşüpdir, halky kyssalar temalara bölünipdir.

## Halky söz sungatynyň şa galkynyşy

Halky söz sungaty orta asyrlaryň soňky ýyllarynda şa galkynyşyna eýe bolupdyr. Dünýä meşhur aýdymlar, rowaýatlar, ertekiler, nakyllar, matallar, çagalar halk döredijiligi, dessanlar söz sungatynyň täji hökmünde ykrar edilipdir. Halk döredijiliginiň çeşmelik, estetiki hyzmatyna ýokary baha berlipdir. Halk döredijiliginiň esasynda dünýä edebiýatynyň baýlaşmagyna goşant goşan eserler ýazylypdyr. XVI asyrda türkmen halk döredijiligi kämilleşmegiň ýokary basgançagyna galypdyr. Şahyrana halk döredijiligi, halky kyssalar, çagalar halk döredijiligi we des-

sanlar gutarnykly ösüşi başyndan geçirip, edebi dile baý umumy türkmen halk döredijiligi emele gelipdir.

Her halkyň döredijiliginiň kämillik ýoly, ösüşi birsydyrgyn bolmaýar. Ony halkyň taryhy, aň-düşünjesi, matlaby, pelsepesi kesgitleýär. Halk döredijiliginiň, şol sanda gahrymançylykly eserleriň şa galkynyşy halk döredijiliginiň galkynan, ösen döwri diýmekdir. Doganlyk we goňşy halklaryň çeper gymmatlyklarynyň bir-birine ýakynlaşmagy, alyş-çalşyň, döredijilikli gatnaşyklaryň netijesinde daşky hem-de içki mümkinçilikleriň hasabyna baýamak şu döwrüň esasy aýratynlygydyr. Ynsan aňynyň, döredijilik ukybynyň ösmegi durmuşy, ahlagy, sosial ýetmezçilikleri beýan etmegiň has giň we çeper usullarynyň döremegine getiripdir. Uly göwrümli ertekiler, dessanlar, çuň mazmunly çeper şahyrana eserler şu döwürde özüniň gutarnykly kämilligine we çeperçiligine eýe bolupdyr. Halk döredijiligi ýazuwly edebiýata ýakynlaşyp, onuň kämilleşmegine badalga bolupdyr. Rowaýatlaryň, ertekileriň esasynda täze dessanlar döredilipdir. Bagşyçylyk sungaty ösüp, meşhur dessançy bagşylaryň mekdepleri emele gelipdir, halypa-şägirt gatnaşyklary ymykly ýola goýlupdyr. Halk döredijiliginiň aýry-aýry nusgalary ýazuwa düşüp, özüniň ömrüni bakylaşdyrypdyr.

## Halky söz sungatynyň soňky galkynyşy

Halk döredijiliginiň soňky dördünji galkynyşy birnäçe halky gahrymanlary orta çykarypdyr. Olardan Ärsary babanyň, Gözli atanyň, soňra Keýmir körüň, Seýdiniň edermenliklerini, Gökdepe söweşinde görkezilen gahrymançylyklary, Keminäni, Ata Salyhy, Durdy Gylyjy, Ataköpek Mergeni, Pyhy Tagany we beýlekileri görkezmek bolar. Bular we beýlekiler hakyndaky şorta sözler, rowaýatlar we hekaýatlar bolsa, döwür bilen baglanyşykly özboluşly ösüşi başyndan geçiripdir. Bu döwürde taryhy wakalar, şahslar baradaky gahrymançylykly hekaýatlar, rowaýatlar, şorta sözler uly toplumlary emele getiripdir. «Görogly», «Şasenem-Garyp», «Hüýr-

* 2. Sargyt № 2693

lukga-Hemra», «Saýatly-Hemra», «Zöhre-Tahyr», «Nejep oglan», «Kasym oglan» kimin dessanlar bilen birlikde, «Gülpam», «Näzdepe», «Hatam taý», «Tulum hoja» kimin onlarça ýazuwly dessanlar döredilipdir. Dünýä meşhur ýordumlaryň esasynda «Leýli-Mejnun», «Ýusup-Züleýha», «Babaröwşen», «Zeýnelarap», «Seýpelmelek-Medhaljemal», «Zöhre-Tahyr», «Gül-Bilbil», «Gül-Senuber», «Ýusup-Ahmet», «Baly beg we Doly beg» dessanlary ýazylypdyr.

Türkmen halk döredijiligi milli çeper gymmatlykdyr. Şöňa görä olaryň toparlara, kysymlara, görnüşlere bölünişi hem millidir. Halk döredijiliginiň toparlara, kysymlara, görnüşlere bölünişi halky eserleriň tebigatyna, aýratynlyklaryna, ýerine ýetirilişine görä bölünýär. Beýle diýdigimiz, halk döredijiligine degişli ähli eserler milli bölünişiň içine girip bilýär diýdigimizdir. Şoňa görä, biz halk döredijiliginiň çeper halky söz sungaty hökmünde bölünişini aşakdaky ýaly bölmegi we şu bölünişiň türkmen halk döredijiligine doly laýyk gelýändigini aýtmalydyrys. Türkmen halk döredijiligi özbaşdak söz sungaty hökmünde toparlardan, kysymlardan, žanrlardan, görnüşlerden ybaratdyr.

Halk döredijiligi «şahyrana halk döredijiligi», «halky kyssalar», «dessanlar» kimin üç sany topara bölünýär.

Şahyrana halk döredijiligi «dessury şahyrana halk döredijiligi», «dessury däl şahyrana halk döredijiligi», «çagalaryň şahyrana halk döredijiligi» kimin üç kysyma bölünýär.

Dessury şahyrana halk döredijiligine monjugatdylar, agylar, toý aýdymlary, nowruz aýdymlary, yrymlar, ynançlar, hüwdüler we beýleki dessury žanrlar girýär.

Dessury däl şahyrana döredijiligine läleler, küştdepdiler, talhynlar, aýdymlar, nakyllar, matallar we beýleki dessury däl žanrlar girýär.

Halk döredijiligi halk tarapyndan döredilendigi sebäpli, olar bir-biri bilen baglanyşykly kämilleşipdir. Şoňa görä-de dessury žanrlarda dessury däl žanrlaryň alamatlarynyň boljakdygy öz-özünden düşnüklidir. Žanrlaryň her haýsy žanrlyk tebigaty boýunça bölünýär. Mysal üçin, toý aýdymlarynyň haýsy ýerde ýerine ýetirilýändigi göz öňünde tutulyp, olara toý aýdymlary diýlipdir,

läleler bolsa lälezarlyk, şatlyk, arzuw manysynda bolandygy üçin şeýle atlandyrylypdyr. Lollujanlar, ýareýjanlar, haraý aýdymlary, küştdepdiler ýerine ýetirilişi, şygryň heňi we hereket sazlaşygy netijesinde şeýle atlandyrylypdyr. Žanrlaryň atlary olaryň aýratynlyklary boýunça döräpdir. Ata-babalarymyz her žanrda özüniň maddy we ruhy goldawyny görmek, ondan täsirlenmek, öwrenmek isläpdir. Olaryň şol islegi zehinli aýdyjylar tarapyndan ödelipdir.

Çagalaryň şahyrana döredijiligi ýokarky iki kysymyň esasynda kemala gelipdir. Bu kysym ulular we çagalar tarapyndan döredilip, göni çaga durmuşy, häsiýeti, edep-terbiýesi bilen baglanyşykly aýdylypdyr. Çagalaryň şahyrana döredijiligine sanawaçlar, ýaňyltmaçlar, tapmaçalar, matallaryň uly bölegi girýär.

Halky kyssalar «rowaýatçylyk kysymlar» hem-de «ertekiçilik kysymlar» kimin iki kysyma bölünip, ýerine ýetirilişi, hakykata galtaşygy, beýan edilişi, çeşmelik, estetiki hyzmaty boýunça bir-birinden tapawutlanýar. Rowaýatçylyk kysyma mifler, efsanalar, rowaýatlar, hekaýatlar, ertekiçilik kysyma bolsa ertekiler, şorta sözler, tymsallar girýär. Bu žanrlar soňra dürli görnüşleri öz içine alýar.

Dessanlaryň bölünişi özboluşlydyr. Dessanlar şygyr bilen kyssanyň gatyşyk beýan edilmeginden emele gelendigi üçin, olary mowzuklar boýunça bölmek has amatly. Ata-babalarymyz «epos, şadessan» sözlerini ulanman, iri göwrümli şygyr gatyşykly aýdylýan eserlere dessan diýipdirler. Dessanlar has gadymy döwürde döredilipdir. Ilki hekaýat, rowaýat, erteki görnüşinde bolupdyr. Miladynyň V-VI asyrlarynda gahrymançylykly, söýgi baradaky hekaýatlar, rowaýatlar ynsanyň çeper pikirlenişiniň, döredijilik ukybynyň kämilleşmegi netijesinde kem-kemden dessanlara öwrülipdirler.

Dessanlar «gahrymançylykly şadessanlar», «söýgi dessanlary», «durmuşy dessanlar», «kesp-kär bilen baglanyşykly dessanlar», «kitaby dessanlar» kimin bölünýär. Gahrymançylykly

şadessanlara «Oguznamalar», «Gorkut ata», «Görogly», söýgi dessanlaryna «Şasenem-Garyp», «Hüýrlukga-Hemra» we beýleki dessanlar, durmuşy dessanlara «Näzdepe», «Tulum Hoja» we beýleki dessanlar, kesp-kär bilen baglanyşykly dessanlara «Nejep oglan», «Gülpam» we beýleki dessanlar, kitaby dessanlara «Isgendernama», «Ybraýym Edhem» we beýleki dessanlar degişlidir. Şu ýerde halk döredijiligini toparlara, kysymlara, žanrlara, görnüşlere bölmegiň kyndygyny aýtmalydyrys, eserleriň käbiriniň diňe bir žanra däl-de, birnäçe žanra, görnüşe mahsus alamatlarynyň bardygyna biz häli-şindi duş gelýäris. Mysal üçin, Keýmir kör, Kemine hakyndaky halky eserlerde rowaýatlara, şorta sözlere mahsus aýratynlyklar deň derejede emele gelipdir. Bu aýratynlyk halk döredijiligine mahsus tebigy özboluşlylykdyr.

Türkmen halk döredijiligi gadymylygy, çeper söz sungatyna mahsus gymmatlyklara, many-mazmuna, edim-gylymlara, gylyk-häsiýetlere, dürli-dümen çeper beýan etmelere baýdygy bilen Gündogar halk döredijiliginiň taryhynda mynasyp orny tutupdyr. Türkmen halk döredijiliginiň baş alamatlary: millilige, çeper beýan etmelere, teswirlemelere baýdygydyr, žanrlaryň her haýsynyň belli bir maksatlara bagly döredilendigidir. Gündogar halk döredijiliginiň döremeginde, çeperleşmeginde, baýlaşmagynda türkmen halk döredijiliginiň orny we hyzmaty uludyr. Gündogar halk döredijiliginiň has gadymy nusgalary türkmen halk döredijiliginde saklanyp galypdyr.

Türkmen halk döredijiligindäki temalar halkyň durmuşynyň, ahlagynyň, aň-düşünjesiniň, çeper pikirlenişiniň, edim-gylymynyň we gaýry alamatlarynyň önümidir. Şoňa görä, temalar gadymydyr, dürli meselelere degişlidir. Ynsanyň taryhynda adamyň erkliligini, batyrlygyny, gaýduwsyzlygyny, ynsanperwerligini özünde jemleýän watançylyk we edermenlik baş tema hökmünde onuň döredijiliginde uly orna eýe bolupdyr. Watançylyk, gahrymançylyk, ahlak päklik, ynsanperwerlik, söýgi halk döredijiliginiň baş temalarydyr, ynsanyň ykdysady, ruhy, medeni durmuşynda möhüm hyzmaty

bitirýän bu temalar belli bir döwür bilen ölçenmeýär. Onuň köki gadymyýetiň uzak taryhyna siňip gidýär.

Belli bolşy ýaly, türkmen halk döredijiligi dilden-dile geçip gelse-de, olaryň bir bölegi gadymy döwürde ýazuwa düşüpdir. Miladynyň başynda daşary ýurtly syýahatçylar, alymlar, harby adamlar türkmen halk döredijiliginiň oňat nusgalary barada gymmatly maglumatlary ýazga geçiripdirler. Tumarly, Şirak we beýlekiler baradaky gadymy ýazgylar muňa anyk mysaldyr. VI-VII asyrlarda halk döredijiliginiň dananamasy bolan nakyllar ilkinji gezek daşa ýazylypdyr, oguz-orhon ýazgylarynda 40 sany nakyl ýerleşdirilipdir. Orta asyrlarda ylmyň galkynmagy bilen türkmen halk döredijiligini öwreniş ylmy kemala gelipdir. Beýik alymlaryň tagallasy bilen türkmen halk döredijiliginiň dürli nusgalary hakda ylmy pikirler aýdylypdyr. Biruny, Ibn Sina, Faraby, Horezmi, Kaşgarly we beýleki onlarça alymlar häli-şindi çeşme hökmünde halk döredijiligine ýüzlenipdirler. Halky kyssalaryň esasynda Zamahşary, Awfy, Käşifi dagy özboluşly kitaplary döredipdirler. XVI asyrdan başlap nakyllary ýörite ýygyndy görnüşinde taýýarlamak däbe öwrülipdir. Muhammet Alynyň, Abbasguly Maragaýynyň nakyllary il arasynda ýörgünli bolupdyr. Türkmen halk döredijiligi ýazuwa düşmek bilen özüniň ömrüni uzaldypdyr.

Kitapda şu aýratynlyklar göz öňünde tutuldy. Oňa türkmen halk döredijiliginiň belli bir döwürde döredilen nusgalary alynman, onuň umumy ösüş taryhyndan miras galan nusgalary girizildi.

Türkmen halk döredijiliginiň iki kitapdan ybarat ýygyndysy geçen asyryň togsanynjy ýyllarynda neşir edildi. Ondan bäri ep-esli wagt geçdi. Garaşsyzlykdan soň türkmen halkynyň çeper söz sungatynyň taryhy, milli esaslary, ýerine ýetirilişiniň özboluşlylygy dikeldildi, olara ylmy taýdan dogry baha berildi. Halk Garaşsyzlyk, bagtly döwür, Arkadag, Watan barada täze mazmunly çeper halky eserleri döretdi. Ýokary, ýörite, orta mekdeplerde halkyň çeper gymmatlygyna bolan isleg artdy. Şu zerurlyk göz öňünde tutulyp, halk döredijiliginiň ýygyndysy täze nusgada hödürlenilýär.

Ýygyndyny taýýarlamagyň öz düzgünleri bar. Düzüjiler tarapyndan şol düzgünler berjaý edildi we halk döredijiliginiň oňat nusgalary alnyp, olaryň çeperçiligini, many-mazmunyny ýoýmazlyga çalşyldy.

Türkmen halk döredijiliginiň ähli nusgasyny kitaba girizmek mümkin däl. Şoňa görä her žanryň aýratynlyklary, mazmuny, çeperçiligi, göwrümi göz öňünde tutuldy. Mysal üçin, dessanlaryň belli-belli parçalary alyndy. Dessanyň esasy mazmuny, çeperçilik özboluşlylygy, dil aýratynlygy, beýan edilişi saklandy.

Ýygyndyda talyplaryň we halk döredijiligi bilen gyzyklanýan okyjylaryň türkmen halk döredijiligi barada doly we giň düşünje almagyna mümkinçilik döredildi.

**Amanmyrat Baýmyradow,**
**Hojamyrat Goçmyradow,**
**Gülruh Nuryýewa.**

# Aýdymlar

*Tirme aýdymlary (halk aýdymlary)*

## Bolma

Ýalňyz balam, algyn pendim,
Ýurduň terk ediji bolma!
Özüňden gaýry namardyň,
Minnetin çekiji bolma!

Gyraty besle jul bile,
Oturgyn ähli il bile,
Ölinçäň bedasyl bile,
Mähriban bolujy bolma!

Ýaşulular geňeş etse,
Ýagşy-ýamana göz ýetse,
Il-halkyň bir iş tutsa,
Sen ondan galyjy bolma!

Tagam berseň bergin aja,
Daýangyn egri gylyja,
Emma duran gury agaja,
Nähak gan çalyjy bolma!

Şat bol il-halkyň görende,
Sözün al geňeş berende,
Bir garyp aglap duranda,
Ýanynda gülüji bolma!

Jygaly beg, öwüş-öwüş,
Myhman gelse, etgin söwüş,
Döwüşseň, mert bilen döwüş,
Namardy kowujy bolma!

## Zalym aýralyk

Wah, meni hary-zar etdiň,
Zalym aýralyk, aýralyk!
Köýmeklik üçin ýaratdyň,
Zalym aýralyk, aýralyk!

Çekdigimdir dagy-pyrak,
Ýeňňem düşdi menden yrak,
Indi kimden edem sorag,
Zalym aýralyk, aýralyk!

Gijeler gördügim düýşdür,
Aýralyk bir ýaman işdir,
Iki didäm ganly ýaşdyr,
Zalym aýralyk, aýralyk!

Bu dünýä kimi şat etdi,
Aşna bolany ýat etdi,
Kim oýnady, kim mat etdi,
Zalym aýralyk, aýralyk!

Görogly diýer, şiri-derga,
Bu halymdan bolgun ägä,
Gülendamdan boldum jyda,
Zalym aýralyk, aýralyk!

## Geçen ýörsün

Ylgarym bar Rumustana,
Meniň bilen aşan ýörsün!
Ar üstünde şirin jandan,
Maldan-başdan geçen ýörsün!

Kim ok bilen, kim ýaý bilen,
Ýigit ýagşysy şaý bilen,
Duşman görende oý bilen,
Ýüzbe-ýüz sanjyşan ýörsün!

Ýigidiň myrady atdyr,
Aty saklamak döwletdir,
Kesgir gylyç ýanar otdur,
Oda özün uran ýörsün!

Görogly, bu dembe-demdir,
Muhannese gelen gamdyr,
Ýigide söweş baýramdyr,
Maldan-başdan geçen ýörsün!

## Näzlim toýuny

Toý tutmuşam Çandybiliň düzünde,
Begler, gutlaň bu gün näzlim toýuny!
Duşman köp bolupdyr meniň kastyma,
Begler, gutlaň şu gün näzlim toýuny!

Meýlisimde saz-söhbetler guruňlar,
Gol gowşuryp, hyzmatymda duruňlar!
Aga-begler altyn käse uruňlar,
Begler, gutlaň şu gün näzlim toýuny!

Bäş menzilden bedew atlar çapar men,
Her menzilde sermes guzy gapar men,
Beglerime agyr halat ýapar men,
Begler, gutlaň şu gün näzlim toýuny!

Görogly beg gurdy söhbet-sazlary,
Kölünde garkyldar guba-gazlary,
Toýa gelen ähli türkmen gyzlary,
Gyzlar, gutlaň şu gün näzlim toýuny!

## Suw ber, içeli!

Garşym alyp duran dilber,
Näzlim, bir suw ber içeli!
Ter hynaly gollaryňdan,
Gyz-juwan, suw ber, içeli!

Menem geldim illerimden,
Seýran etsem gülleriňden,
Ter hynaly gollaryňdan,
Gyz-juwan suw ber, içeli!

Senmisiň Arabyň gyzy,
Geýen donlaryň gyrmyzy,
Näz bilen köýdürme bizi,
Gyz-juwan suw ber, içeýli!

Goly hyzmatda baglyny,
Menzili Ýyldyz daglyny,
Tanyrmy sen Göroglyny,
Gyz-juwan suw ber, içeli!

Bilbil güle çeker zary,
Aşygyň köýmesin ary,
Göroglynyň söwer ýary,
Bibijan, suw ber, içeli!

## Öwez oglum geldi

Gözüň açyp gözle, Gyrat,
Geldi, Öwez oglum geldi.
Diliň bolsa sözle, Gyrat,
Geldi, Öwez oglum geldi.

Kyrk begin kowdum ýanyndan,
Alyp çykdym mekanyndan,
Husny Ýusubyň şanyndan,
Geldi, Öwez oglum geldi.

Gyrat, meniň göwnüm göter,
Belent-belent dagdan ötür,
Bahym Çandybile ýetir,
Geldi, Öwez oglum geldi.

Ýetdi pirleriň dogasy,
Ýaradan Hakdyr penasy,
Görogly begiň hoşgähi,
Geldi, Öwez oglum geldi.

## Aýrylmadymy?!

Nurundan ýaradan iki azyzy,
Bugdaý iýp, behiştden aýrylmadymy?!
Üç ýüz ýyl agtaryp, sergezdan bolup,
Adam How eneden aýrylmadymy?!

Adam ogly hiç bolupdyr baş bilen,
Ýuwdy ýüzün gözden akan ýaş bilen,
Abyl atdy ol Kabyly daş bilen,
Aga inisinden aýrylmadymy?!

Ybraýym pygamber dünýäge geldi,
Arzuw-arman bilen Hajary aldy,
Musulman bolanlar kişdige doldy,
Nuh öz kowumyndan aýrylmadymy?!

Ol hakyň Töwratyn okygan Musa,
Zamanynda ýokdy olar dek resa,
Bibi Merýem ogly-hezreti Isa,
Gaçyp, kapyrlardan aýrylmadymy?!

Pygamber äleme patyşa boldy,
Zebur okap, halka nesihat kyldy,
Bir güni göwnüne men-menlik geldi,
Dawut öz oglundan aýrylmadymy?

Dawut öldi, zürýadyna ýer galdy,
Hudaýymdan şoňa bir ýüzük geldi,
Nurdan bolan ýüzügini döw aldy,
Süleýman tagtyndan aýrylmadymy?

Ýakup aglap aýrylandyr gözünden,
Hiç peýda tapmady aýdan sözünden,
Arzy Gambaryndan, güler ýüzünden,
Ýusup Züleýhadan aýrylmadymy?

Pygamber Çaryýar ýaşyn dökerden,
Şyhlar sopusyndan, şalar nökerden,
Zenbur asalyndan, toty şekerden,
Bilbil gülüstandan aýrylmadymy?

Görogly beg, tälim algyn ussatdan,
Ýagşy, ýaman hemme geçer syratdan,
Leýli Mejnunyndan, Şirin Perhatdan,
Wamyk Uzrasyndan aýrylmadymy?

## Daglar gümmür - gümmürlendi

Goçlarym, häzir boluňlar,
Daglar gümmür-gümmürlendi.
Ýetip Derbendi alyňlar,
Daglar gümmür-gümmürlendi.

Ok atylar galasyndan,
Hak saklasyn belasyndan,
Goç ýigidiň nalasyndan
Daglar gümmür-gümmürlendi.

Söweş ýagmyry ýaganda,
Melewşe boýnun egende,
Gylyç galkana degende,
Galkan gümmür-gümmürlendi.

Bedew arlap dag aşanda,
Ýetip, ganyma duşanda,
Beglerim esräp joşanda,
Daglar gümmür-gümmürlendi.

Kimler belaga tutular,
Kimler gaçyp-kim gutular,
Jezaýyl-myltyk atylar,
Ýerler gümmür-gümmürlendi.

Ganly söweş bolsa gerek,
Lerzan urup, titrär pelek,
Uruş kylarlar ýekme-ýek,
Toplar gümmür-gümmürlendi.

Bu daglaryň deresinden,
Çyka bilmän arasyndan,
Il-ulusuň nalasyndan
Gökler gümmür-gümmürlendi.

Al şerap içip gananda,
Duşman ýüregi ýananda,
Görogly Gyrat münende,
Ýollar gümmür-gümmürlendi.

## Gyzlar geleýdi

Eý ýaranlar, musulmanlar,
Ýol beriň, gyzlar geleýdi.
Jepa çekdi eziz janlar,
Ýol beriň, gyzlar geleýdi.

On iki aýdan geler gurban,
Sallanyşar gyz-u-juwan,
Ýol üstünde goşa nerwan,
Ýol beriň, gyzlar geleýdi.

Biziň illeriň sopusy,
Başynda mahmal topbusy,
Araz çaýynyň köprüsi,
Üstünden gyzlar geleýdi.

Ýol üstünde goşa çynar,
Dök ýapragyň, düşe çynar,
Ylahym, müň ýaşa çynar,
Saýaňa gyzlar geleýdi.

Dag başyna çykan otlar
Ony bilmez haýwanatlar,
Boýny bir gez bedew atlar,
Süzüliň, gyzlar geleýdi.

Ýol üstündäki söwütler,
Her kim öz ýaryn öwütlär,
Bedew atly beg ýigitler,
Sowulyň gyzlar geleýdi.

Gara öýden damar damjy,
Bedew ata uruň gamçy,
Ýol üstünde alamançy,
Sowul-ha, gyzlar geleýdi .

Joşma-ha, Görogly, joşma,
Gyrat münüp, hetden aşma,
Ýyldyz dagdan inen çeşme,
Durlan-ha, gyzlar geleýdi.

## Owazy geldi

Bilmen oýalykda, bilmen düýşümde,
Peleňde Gyratyň owazy geldi.
Ýaman günler bardyr meniň başymda,
Peleňde Gyratyň owazy geldi.

Peleň dagy on bäş günlük ýol bolar,
Arasynda menzili ýok, çöl bolar.
Indi meniň her bir günüm ýyl bolar,
Ýyglaýyp, Gyratyň owazy geldi.

Söýünji hol gitdi şanyň iline,
Biz ýöräris Peleň dagyň ýoluna,
Öwez jan düşendir ganym goluna,
Peleňde Gyratyň owazy geldi.

Eý, Görogly, Gyratyňy ýat eýle,
Gyratsyz baglara barmagyn seýle,
Perişan kysmatym ýazyldy şeýle,
Ýyglaýyp, Gyratyň owazy geldi.

## Ýaryň güli geldi, özi gelmedi

Akja, saňa syry-halym diýeýin,
Ýaryň güli geldi, özi gelmedi.
Başymdan geçenin beýan eýläýin,
Ýaryň güli geldi, özi gelmedi.

Syýa zülpüm para-para bolupdyr,
Tel-tel bolup, dara-dara bolupdyr,
Sebäp nedir, bagtym gara bolupdyr,
Ýaryň güli geldi, özi gelmedi.

Meniň ýarym Hasan wezir ogludyr,
Muhabbeti bir ykrara baglydyr,
Atamyň elinden synam daglydyr,
Ýaryň güli geldi, özi gelmedi.

Gahba pelek meni kyldy bigäne,
Özi gelmeý, güli geldi gaýbana,
Meniň üçin ýetim bolmuş bagbana,
Ýaryň güli geldi, özi gelmedi.

Şasenem gyz diýrler meniň adyma,
Bir ah ursam, älem ýanar oduma,
Ýaratgan Züljelal, ýetiş dadyma,
Ýaryň güli geldi, özi gelmedi.

## Maral geldi

Boz dumanly daglar aşyp,
Ahu gözli maral geldi.
Yşkyň söwdasyna düşüp,
Ahu gözli maral geldi.

Tutar her kes öz däbini,
Awçylar awlar awuny,
Başda gelen serdaryny,
Tutgul, awçy, maral geldi.

Awçylar awlar dagynda,
Bally-şeker dodagynda,
Günüň günorta çagynda,
Gözel awçy, maral geldi.

Senem bilen Akja gelin,
Dilin, ýürejigim, dilin!
Şitde guşap inçe bile,
Senem awçy, maral geldi.

Ballary bar leblerinde,
Seni gören galar derde,
Dal dolanyp duran ýerde,
Senem awçy, maral geldi.

Egnine geýipdir ala,
Biri gülgün, biri läle,
Ak gollaryn sala-sala,
Senem awçy, maral geldi.

Gadamlary göz üstüne,
Gurbanam çeşmi-mestine,
Mürewwet eýläp dostuna,
Senem awçy, maral geldi.

Garyp aşyk diýmez ýalan,
Ömrümize düşdi talaň,
Serwi agajyna dolan,
Senem awçy, maral geldi.

## Bilmedim

Niçe ýyllar gezdim seni ýar diýip,
Başga ýaryň bar ekenin bilmedim.
Munuň menden özge kimi bar diýip,
Başga ýaryň bar ekenin bilmedim.

Bu sözleriň meni goýdy ölüme,
Bilbil uçdy, zaglar gondy gülüme,
Käkilim diýp, çyrmaşdyrdym bilime,
Adam çakan mar ekeniň bilmedim.

Bu gün awy goşduň meniň aşyma,
Rehmiň gelmez gözden akan ýaşyma,
Bir gül diýip sanjyp idim başyma,
Gury tiken – har ekeniň bilmedim.

* 3. Sargyt № 2693

Köňül berdiň Akja perizadyňa,
Aýşy-aşratlaryň düşüp ýadyňa,
Ýar-ýar diýip, näler ýandym oduňa,
Kaknus köýen nar ekeniň bilmedim.

Şasenem diýr, habar almadyň menden,
Şirin janym çykdy jan bilen tenden,
Bu gün belli, üzdüm umydym senden,
Akja bilen ýar ekeniň bilmedim.

## Eglenme mundan

Indi söhbet wagty ötdi,
Git, Garyp, eglenme mundan!
Aýralygyň wagty ýetdi,
Git, Garyp, eglenme mundan!

Näler gördüm seniň waslyň,
Barabary ýokdur aslyň.
Bir gül erdiň, ötdi paslyň,
Git, Garyp, eglenme mundan!

Sen baryňda güle bilmen,
Bu ne dertdir bile bilmen,
Seniň üçin öle bilmen,
Git, Garyp, eglenme mundan!

Bähre tapman bu watandan,
Şirin janym çykar tenden,
Şasenem diýr, geçdim senden,
Git, Garyp, eglenme mundan!

## Garyp jany ynjytma

Men bu gün gider men apam ýanyna,
Wesiýetim – Garyp jany ynjytma.
Iki aşyknyň goşulmagnyň şanyna,
Wesiýetim – Garyp jany ynjytma.

Hiç kime bildirme, tä men gelinçäm,
Men saňa tabşyrdym, erte bolynça,
Baryp Şaapbasdan bagym alynça,
Wesiýetim – Garyp jany ynjytma.

Şum rakyplar iýdi nany-nemegim,
Anda sud etmedi gaýgy iýmegim,
Köňlümiň kuwwaty, güýjüm, kömegim,
Wesiýetim – Garyp jany ynjytma.

Ne jepalar çekdi Garyp diýp Senem,
Yşkyň wadasynda sergezdan menem,
Akja – garyndaşym, sen garry enem,
Wesiýetim – Garyp jany ynjytma.

## Daglar galdy

Gahba pelegiň elinden,
Ýüregimde daglar galdy.
Bilbil aýryldy gülünden,
Ter açylan baglar galdy.

Asan etgin bu müşgili,
Uzaga düşdi menzili,
Uçurdym şeýda bilbili,
Gülşen içre zaglar galdy.

Halapda galdy Watanym,
Hiç ýokdur gelip-gidenim,
Ýar bilen söhbet tutanym,
Gadymkyja çaglar galdy.

Men bu aýralyk derdinde,
Ýüzüm musallat gerdinde,
Gardaşlar, Akja ýurdunda,
Serhowuzly baglar galdy.

Gülnahal diýr, ýandy janym,
Pelek ýakdy istihanym,
Ezberhoja mähribanym,
Ýüregimde daglar galdy.

## Şasenemi gördüňizmi?!

Keşt edip gezen gedalar,
Şasenemi gördüňizmi?!
Dolup-daşyp akan çaýlar,
Senem jany gördüňizmi?!

Gedalar geldi toý üste,
Senem jan jana peýweste,
Garyp, sen gaýry ýurt iste,
Şasenemi gördüňizmi?!

Säher turup «hüw» diýenler,
Köne jindesin geýenler,
Hakyň senasyn diýenler,
Şasenemi gördüňizmi?!

Kimdir meniň derdim bilen,
Zagpyran dek reňgi solan,
Abyt bolup, şeýda bolan,
Şasenemi gördüňizmi?!

Garyp diýer, ýandy janym,
Hem mülküm, hem hany-manym,
Gün-günden ýaman ahwalym,
Şasenemi gördüňizmi?!

## Hemrahym

Agalaryň seniň üçin iberdim,
Sen-de otlar salma jana, Hemrahym!
Bilbilden zyýada boldy, bu derdim,
Meni goýduň ýowuz güne Hemrahym!

Ozal köýdüm, on dört ýaşa geldi diýp,
Oglanlarmyň peýmanasy doldy diýp,
Guwandym men size, ölmän galdy diýp,
Jyda tygyn çekdim jana, Hemrahym!

Käşki başda görmegeýdim bu düýşi,
Eşitmeýdi menden muny hiç kişi,
Çünki indi çeker boldum käýişi,
Jyda tygyn çekdim jana, Hemrahym!

Ne müşgüldir, meniň pendim almasaň,
Gan aglaýyp, gal diýende galmasaň,
Mundan gidip, üç aýa çen gelmeseň,
Çolanar men kepen dona, Hemrahym!

Hysrow aýdar, kimge tagtym bereýin?
Sen baryňda, bäş gün döwran süreýin,
Ölýänçäm myhman men, ýüzüň göreýin,
Nesihatym budur saňa, Hemrahym!

## Ýara ýetir!

Bady-saba, salamymny,
Hüýrlukga jana ýetir!
Meniň arzy-peýmanymny,
Şol gözi mestana ýetir!

Gözel ýara bolsam nöker,
Azm eýlese, ganym döker,
Agzy – pisse, lebi – şeker,
Dişleri dürdänä ýetir!

Merdana tutgun özüňni,
Gam bilen saralt ýüzüňni,
Taňry üçin bu sözümni,
Ol gaşy kemana ýetir!

Ýar meni eýledi hasta,
Bilbilem, galdym kapasda,
Ýetebilmen söwer dosta,
Arzymy janana ýetir!

Meni uçratdy bu derde,
Bolaýyn oňa men bende,
Lebi şeker, agzy ganda,
Gunçaly handana ýetir!

Hemra diýerler adymy,
Meniň bu arzy-dadymy,
Şam-u-säher perýadymy,
Hüýrlukga jana ýetir!

## Amanmy?

Müsüriň ýurdundan gelen janlarym,
Habar beriň, biziň iller amanmy?
Saýasyna gün düşmegen baglarym,
Täze ter açylgan güller amanmy?

Behisi bar, almasy bar, nary bar,
Men bilmedim täleýimiň şory bar,
Her kimiň özüne laýyk ýary bar,
Ýardan aýra düşen ýollar amanmy?

Hiç peýda tapmadym aşna-bilişden,
Ýaman horluk gördüm, dogan-gardaşdan,
Altysy ýazdandyr, altysy gyşdan,
On iki aýdan gelgen ýyllar amanmy?

Bu dünýä diýeniň bir ajap jaýdyr,
Bagzylar patyşa, bagzy gedaýdyr,
Pany dünýä bu bir kerwen saraýdyr,
Patyşa atam, mähribanym amanmy?

Ganatym ýok gaýyp-gaýyp uçmaga,
Alajym bolmady çaýdan çykmaga,
Hemra aýdar, sermest bolup guçmaga,
Hüýrlukga jan, inçe biller amanmy?

## Ýar derdiňden

Eý ýaranlar, musulmanlar,
Sepil boldum, ýar derdiňden,
Yşk oduna ýana-ýana,
Köýer boldum, ýar derdiňden.

Gijeler mende takat ýok,
Gündiz mende rahat ýok,
Mundan artyk muşakgat ýok,
Näzli ýar, seniň derdiňden.

Gaýry Watan tutar boldum,
Gara ganlar ýutar boldum.
Bimar bolup ýatar boldum,
Ýanar boldum, ýar derdiňden.

Bu ne hasrat, bu ne mähnet,
Çeker men dürli melamat,
Bu ne dert, bu ne külpet,
Näzli ýar, seniň, derdiňden.

Adym peri Hüýrlukgadyr,
Pany dünýä bibakydyr,
Çekdigim jebri-jepadyr,
Ýanar boldum, ýar derdiňden.

## Egil pudagy, pudagy

Ýeliň piri Mirihaýdar,
Egil pudagy, pudagy!
Her ýapragy mahy-enwer,
Egil pudagy, pudagy!

Kimsäni gör – aýyşdadyr,
Kimsäni gör – nalyşdadyr,
Tuby agaç behiştdedir,
Egil pudagy, pudagy!

Mugteser kyldym säherde,
Uçradym men ýowuz derde,
Men öler boldum bu ýerde,
Egil pudagy, pudagy!

Hemra aýdar, ýa erenler!
Bize bir pata berenler,
Säher wagty ösen ýeller,
Egil pudagy, pudagy!

## Nähak ganyma

Agalar agasy, zalym agasy,
Öldürip galmaňyz nähak ganyma!
Üçewmizem bir atanyň balasy,
Öldürip galmaňyz nähak ganyma!

Aşyk bolanlaryň karary bolmaz,
Dogandan doganyň bizary bolmaz,
Çöl ýerde öleniň mazary bolmaz,
Öldürip galmaňyz nähak ganyma!

Her säherler perýat edip Allaga,
Ölüm barabardyr şahu-gedaga,
Bir syrym bar aýda bilmen eneme,
Öldürip galmaňyz nähak ganyma!

Hemra aýdar, aýra düşdüm ilimden,
Biçäre men, hiç iş gelmez golumdan,
Bilbilgöýä guşy aldyň elimden,
Öldürip galmaňyz nähak ganyma!

## Ýar gyrmyzy geýinipdir

Eý, ýaranlar, musulmanlar.
Ýar gyrmyzy geýinipdir.
Ýaýylypdyr ak ýüzünde,
Tar gyrmyzy geýinipdir.

Gurban olam galam gaşa,
Ýar jygasyn sanjar başa,
Synasynda goşa-goşa,
Nap gyrmyzy geýinipdir.

Bakyşyňyz jeren kibi,
Reftaryňyz maral kibi,
Iki zülpi şamar kibi,
Mar gyrmyzy geýinipdir.

Ýarym geler güle-güle,
Gülüşi meňzär bilbile,

Niçe gözel gyzlar bile,
Bar gyrmyzy geýinipdir.

Gel, Saýat, gideli baga,
Ýarym, bak synamda daga,
Hemranyň janyn almaga,
Ýar gyrmyzy geýinipdir,

## Han dädem

Arz eýlärem, Mämmetsöýün serdarym,
Eltme meni han dädemiň ýanyna!
Sen-sen meniň howandarym, hossarym,
Eltme meni han dädemiň ýanyna!

Şalaryň ýanynda tutulsyn sözüň,
Dünýäde ýamanlyk görmesin gözüň,
Sen meniň atam bol, men seniň gyzyň,
Eltme meni han dädemiň ýanyna!

At öňüne düşüp gitmez pyýada,
Günbe-günden derdim artar zyýada,
Gül meňzim solduryp, goýma uýada,
Eltme meni han dädemiň, ýanyna!

Özüň öldür, berme meni zalyma,
Rehm eýlegil meniň garyp halyma,
Atam galar meniň nähak ganyma,
Eltme meni han dädemiň ýanyna!

Saýat han diýr, çykdym çarbaga seýle,
Uçradym bir derde, belaga beýle,
Ozalda kysmatym, takdyrym şeýle,
Eltme meni han dädemiň ýanyna!

## Gürjiniň

Bir salatyn boýlym sallanyp geldi,
Gözümge sataşdy haly, gürjiniň.
Aklymny apardy, bes men neýlärem,
Hesreti janymda galdy, gürjiniň.

Örtügi ýaşyldyr, geýdigi ala,
Boýy selbä meňzär, kamaty dala.
Dişi düre meňzär, lebleri bala,
Haýp, türki däldir tili, gürjiniň.

Pirim Şahymerdan döwranlar sürmüş
Gözellik husnuny gürjige bermiş,
Bady-saba zülpün gerdenne ýaýmyş,
Döküler tört ýana teli, gürjiniň.

Bakjasyndan şeýda bilbil ötüşmez.
Ah urar men, nalam ýara ýetişmez,
Derdim köpdür, derman goluma düşmez,
Öter egremçeden bili, gürjiniň.

Hemra diýer, tirem ýaryň gülüni,
Doly içsem pyýalaly çaýyny,
Gezem gapysynda ýar otagyny,
Men bolsam hyzmatkär guly, gürjiniň.

## Düşmüş

Agalar, bir gözel gördüm,
Saçy aýagyna düşmüş.
Dakynypdyr heýkel, tumar,
Her dem gujagyna düşmüş.

Gollary çykmyş hynadan,
Parh edip bolmaz sonadan,
Aýrylyp ata-eneden,
Jennetiň bagyna düşmüş.

Bu baglaryň gül-lälesi,
Çöl-deştleriň gandalasy,
Perhatnyň ahy-nalasy,
Şiriniň dagyna düşmüş.

Geldi ýene seýil bagy,
Pyýalany getir saky,
Iki zülpüň bolup ýagy,
Her dem ýaňagyna düşmüş.

Ol perini göreý çagda,
Läleler açylar bagda,
Uzyn boýly, giň gujakda,
Höwesim agyna düşmüş.

Ýalňyz başym galdy derde,
Akyl almady, huş serde,
Myhman bolman özge ýerde,
Ýaryň otagyna düşmüş.

Köňül her dem gaýnap-joşmaz,
Yşkyň oduna tutaşmaz,
Hemra özge ýere düşmez,
Ýaryň gujagyna düşmüş.

## Bagdadyr-bagda

Gel balam, seni istäýin,
Istegliň bagdadyr-bagda.
Herne bela men dözeýin,
Saýat han bagdadyr-bagda.

Garadyr Selbiniň gözi,
Görmäge Saýadyň ýüzi,
Mämmet han patyşaň gyzy,
Saýat han bagdadyr-bagda.

Synasy daglaryň gary,
Mämesi Gürjüstan nary,
Kyrkynjy gyzyň serdary,
Bal Saýat bagdadyr-bagda.

Söhbeti bar sazlar bilen,
Ördegi bar gazlar bilen,
On üç, on dört gyzlar bilen,
Saýat han bagdadyr-bagda.

Ýar bagyna girer bolsaň,
Gyzyl gülün tirer bolsaň,
Saýat hany görer bolsaň,
Bal Saýat bagdadyr-bagda.

Gel Ahmet, uýgun Allaga,
Ýüzüňi dönder kyblaga,
Diýdiler: gelsin Hemraga,
Saýat han bagdadyr-bagda.

## Daş galdy

Eý ýaranlar, musulmanlar,
Jaýlar daş galdy, daş galdy.
Boz bulanyp akan siller,
Saýlar daş galdy, daş galdy.

Derýa içinde balyklar,
Ýar-joralar, halaýyklar,
Hüýr-periler, melaýyklar,
Bizden daş galdy, daş galdy.

Hatardadyr nerlerimiz,
Şahymerdan pirlerimiz,
Ýar bilen gezen ýerlermiz,
Ýerler daş galdy, daş galdy.

Aşyk Ahmet çeker arman,
Ýarym bilen döwran sürmän,
Medet berse Şahymerdan,
Pirler daş galdy, daş galdy.

## Saňa tabşyrdym

Imdi men gider men Häzirbeýjana,
Saýat han, Hemrany saňa tabşyrdym.
Sizleri tabşyrdym Kadyr Subhana,
Saýat han, Hemrany saňa tabşyrdym.

Düşüpdir goluňa bir asly dana,
Jemalyň bermenem ýagty jahana,
Ýusup deýin salma ony zyndana,
Saýat han, Hemrany saňa tabşyrdym,

Hemra ýaşdyr, bilmedigin bildiriň,
Urmaň, sökmäň, şadyýana güldüriň,
Ýa gözüm görmesin, meni öldüriň,
Saýat han, Hemrany saňa tabşyrdym.

Ahmediň dünýäde ýeke zürýady,
Pelegiň elinden eýlerem dady,
Bilimniň kuwwaty, köňlümniň şady,
Saýat han, Hemrany saňa tabşyrdym

## Sonam geldimi?

Asty arap atly beg oglanlary,
Töwriziň begleri, Sonam geldimi?
Jygalary tel-tel, gözleri mestan,
Töwriziň begleri, Sonam geldimi?

Töwriziň degresi ýoldur-ýolakdyr,
Üstümizde gurlan çarhy-pelekdir,
Enesi hüýrüdir, gyzy melekdir,
Töwriziň begleri, Sonam geldimi?

Töwriziň degresi dolanma daglar,
Ýar ýardan aýrylsa, ah çeker, aglar,
Açylsa läleler, gül olsa baglar,
Töwriziň begleri, Sonam geldimi?

Bilbiller ah çeker güle ýetmäge,
Bagbanlar ah çeker ony tutmaga,
Töwriziň bagyna seýran etmäge,
Töwriziň begleri, Sonam geldimi?

Elbent aýdar, saz arkamda baglydyr,
Synalarym syýa, çapraz daglydyr,
Aslyn sorsaň, Genje-Garabaglydyr,
Töwriziň begleri, Sonam geldimi?

## Ýelpeselendi

Galanyň düýbünde bir gawun iýdim,
Etini iýdim-de, paçagyn goýdum.
Eýesi gelinçä gawundan doýdum,
Elinde ýaglygy ýelpeselendi.

Ýelpese, ýelpese, ýelpeselendi,
Elinde ýaglygy ýelpeselendi.

Galanyň düýbünde nar iýmek bolmaz,
Şol barýan gözele söz diýmek bolmaz,
Ýanynda bolmasaň ýar diýmek bolmaz,
Elinde ýaglygy ýelpeselendi.

Ýelpese, ýelpese, ýelpeselendi,
Elinde ýaglygy ýelpeselendi.

Galanyň düýbünde ekerler nary,
Gijeler ýatmazlar, söýerler ýary,
Gyz göwni näzikdir, dutaryň tary,
Elinde ýaglygy ýelpeselendi.

Ýelpese, ýelpese, ýelpeselendi,
Elinde ýaglygy ýelpeselendi.

Atymy bagladym bir gara daşa,
Gylyjym syrdym-da girdim söweşe,
Allahym ýetirsin şol gara gaşa,
Elinde ýaglygy ýelpeselendi.

Ýelpese, ýelpese, ýelpeselendi,
Elinde ýaglygy ýelpeselendi.

## Nergyz

Öýleriniň keýni arpa,
Atly geçer gürpe-gürpe,
Enesi gyzyndan körpe,
Çykar, bakar ýola Nergyz.

Öýleriniň keýni jöwen,
Gulpajygyny ýaňy bogan,
Gaýşarylyp maýa sagan,
Çykar, bakar ýola Nergyz.

Öýleriniň keýni açyk,
Ýagyş ýagar, bolar palçyk,
Enesi gyzyndan alçak,
Çykar, bakar ýola Nergyz.

Öýleriniň keýni salma,
Salmadan eglip suw alma,
Enesi gyzyndan ýolma,
Çykar, bakar ýola Nergyz.

Gitdim, bakdym, çaýda gezer,
Ak goluna duwme düzer,
Meni görüp gözün süzer,
Çykar, bakar ýola Nergyz.

Gitdim, bardym un eleýdi,
On barmagyn hynalaýdy,
Meni görüp gan aglaýdy,
Çykar, bakar ýola Nergyz.

Öýleriniň keýni üzüm,
Nergyz meniň gara gözüm,
Men aýdýan soňky sözüm,
Çykar, bakar ýola Nergyz.

## Özüm alaram

Ilerden gelýärdim, ýüküm üzümdi,
Obanyň gyzlary düzüm-düzümdi,
Içinde biri bar, gara gözümdi,
Hiç kese bermenem, özüm alaram.

Ilerden gelýärdim, ýüküm erikdi,
Obanyň gyzlary derek-derekdi,
Içinde biri bar, maňa gerekdi,
Hiç kese bermenem, özüm alaram.

Ilerden gelýärdim, ýüküm almady,
Obanyň gyzlary suwa gelmedi,
Içinde birisi özün bilmedi,
Hiç kese bermenem, özüm alaram.

Ilerden gelýärdim, ýüküm üljedi,
Obanyň gyzlarnyn biri süýjüdi,
Içinde biri bar, örän gowjady,
Hiç kese bermenem, özüm alaram.

Ilerden gelýärdim, ýüküm agaçdy,
Gyzlaryň birisi yzyna gaçdy,
Soň başga birinden göwnüm suw içdi,
Hiç kese bermenem, özüm alaram.

* 4. Sargyt № 2693

## Bibijan

Bukjaňda bir donuň bar ekeni, Bibijan.
Geýip görsem ýeňi dagy dar ekeni, Bibijan,
Ýüzüň alma, ýaňaklaryň nar ekeni, Bibijan,
Aç gujagňy, bas bagryňa, sowuk alýa-la, Bibijan.

Söýýän ýigdiň işikden jyklady-la, Bibijan,
Şu çaka çen gyz baldyzyň uklady-la, Bibijan,
Ýaş söwdügiň gözýaşyňy saklady-la, Bibijan,
Aç gujagňy, bas bagryňa, sowuk alýa-la, Bibijan.

Ol obadan pürküm-pürküm çaň çykýa-la, Bibijan,
Bedew atlar deňgeleşip, deň çykýa-la, Bibijan,
Söweş güni goç ýigitden gan çykýa-la, Bibijan,
Aç gujagňy, bas bagryňa, sowuk alýa-la, Bibijan.

## Gelin

Aýagyňda gülli jorap,
Bir görmesem halym harap,
Ilki agşamdan daňa garap,
Gujagyma dolan gelin.

Aýagyňda agyr paşmak,
Eňegiňde gülli ýaşmak,
Aýyp däldir habarlaşmak,
Garyp köňlüm alan gelin.

Ýanyňda ýata bilmedim,
Bir habar gata bilmedim,
Imanym sata bilmedim,
Hoş gal indi asyl gelin.

## Näzli gözel

Işigmiziň agzy künji,
Boýnundadyr düzüm hünji,
Şul obanyň göz guwanjy,
Öýkeleme, näzli gözel.

Işigmiziň agzy gowuş,
Gygyrsam ýetermi towuş,
Aýagyňda bökeje köwüş,
Öýkeleme, näzli gözel.

Işigmiziň agzy şa derek,
Sensiz dünýä nämä gerek,
Sagat saýyn küýsär ýürek,
Öýkeleme, näzli gözel.

Gapymyzyň ilersi jöwen,
Akmak bolar özün öwen,
Abraý tapmaz saňa degen,
Öýkeleme, näzli gözel.

## Güljan indi

Güljan gelýär assa-assa,
Ak bilegiň bize ýassa,
Gül getirer desse-desse,
Çyn söýgülim Güljan indi.

Çaý içseň telpegi taşlap,
Öpseň al ýaňakdan dişläp,
Diýjek sözlerim taraşlap,
Aýdaryn-la heýjan indi.

Atasyna teňňe saçdym.
Bermediler, alyp gaçdym,
Toýlar tutup, öpüp-guçdum,
Biziň, ýar-a Güljan indi.

## Enäni gördüm

Ylgap indim Ak inişden,
Ýarymadym ýan ýoldaşdan,
Ala ýaglyk sypar başdan,
Men şu gün Enäni gördüm.

Ene diýen saçy sary,
Saçlary dutaryň tary,
Ak göwsünde goşa nary,
Men şu gün Enäni gördüm.

Gapymyzdan garap geçdi,
Ýüregime dowul düşdi,
Ak ýüzüňe gözüm düşdi,
Men şu gün Enäni gördüm.

Gara Mergen taryp eder,
Sallananda uzyn äder,
Hak aşyklar baldan dadar,
Men şu gün Enäni gördüm.

## Git, gele bilmen, oglan

Bir köýnegim bar bi:z kimin
Git, gele bilmen, oglan.
Ýigit görmedim siz kimin,
Git, gele bilmen, oglan.

Aýlana bilmen, oglan,
Dolana bilmen, oglan,
Garry mamam hümläp otyr,
Git, gele bilmen, oglan.

Töwerekde at oýnatma,
Git, gele bilmen, oglan.
Mamam ýatyr, git oýatma,
Dalaşa bilmen, oglan.

Garry mamam uklap ýatyr,
Gürleşe bilmen, oglan,
Bir köýnegim bar miýana,
Git, gele bilmen, oglan.

Ýürek ýürege daýana,
Git, gele bilmen, oglan.
Men gurban yşga ýanana,
Git, gele bilmen, oglan.

Garry mamam käýäp otyr,
Syrlaşa bilmen, oglan.
Meniň seni şol görüşim,
Git, gele bilmen, oglan.

Ýadymdan çykmaz durşuň,
Git, gele bilmen, oglan.
Aýlana bilmen, oglan,
Dolana bilmen, oglan.
Garry mamam käýäp otyr,
Gürleşe bilmen, oglan.

## Alty gyz

Alty gyzyň biri Aga,
Ýoluň düşdi biziň baga,
Ýör, gideli oýnamaga,
Alty gyz egledi bizi.

Alty gyzyň biri Äşe,
Goýnuňy goýberme mäşe,
Atyňy büdretme daşa,
Alty gyz egledi bizi.

Alty gyzyň biri Patma,
Arpany bugdaýa gatma,
Ýar beren ýaglygyn satma,
Alty gyz egledi bizi.

Alty gyzyň biri Aman,
Dag başyny tutdy duman,
Gök gürläp, sil gelen zaman,
Alty gyz egledi bizi.

Alty gyzyň biri Dursun,
Bedewini gyssap sürsün,
Duşmanyny Hudaý ursun,
Alty gyz egledi bizi

Alty gyzyň biri Jeren,
Joralary bile ýören,
Jeren gyzy barmy gören?
Alty gyz egledi bizi.

# Aýdyşyk aýdymlary

## Bergin bilezigim

Gyz:
– Ýap boýunda duran oglan,
Okun-ýaýyn guran oglan,
Bilezigim alan oglan,
Bergin alan bilezigňi?

Oglan:
– Ýap boýunda duranym ýok,
Okum-ýaýym guranym ýok,
Bilezigiň alanym ýok,
Alan bersin bilezigňi.

Gyz:
– Ýap boýunda duran oglan,
Okun-ýaýyn guran oglan,
Gök-gögerçin buran oglan,
Bergin alan bilezigňi?

Oglan:
– Ýap boýunda duranym ýok,
Okum-ýaýym guranym ýok,
Gök-gögerçin buranym ýok,
Alan bersin bilezigňi.

Gyz:
– Gapyňyzda gul bolaýyn,
Ojagyňda kül bolaýyn,
Atyňyza jul bolaýyn,
Bergin alan bilezigňi?

Oglan:
– Gapymyza gul gerek däl,
Ojagmyza kül gerek däl,
Atymyza jul gerek däl,
Alan bersin bilezigňi.

Gyz:
– Ýör, gaýdaly siziň ile,
Ak gollary salsak bile,
Akja ýüzden alsak posa,
Bergin alan bilezigňi?

Oglan:
– Ýör gideli biziň ile,
Ak gollary salsak bile,
Akja ýüzden alsak posa,
Kisämdedir bilezigiň.

## Hoş imdi

Hüýrlukga:
– Mundan gidermisiz Müsür ýurduna,
Hemra, seni bir Allaga tabşyrdym.
Alla saldy aýralygyň derdine,
Hemra, seni bir Allaga tabşyrdym.

Hemra:
– Meni gitdi diýip, melul bolmagyl,
Tiz geler men, perizadym, hoş imdi.
Täze gül dek açylyban solmagyl,
Tiz geler men, perizadym, hoş imdi.

Hüýrlukga:
– Geler men diýp, akyl-huşum alar sen,
Gider men diýip, jana otlar salar sen,
Hala mundan gitseň, haçan geler sen,
Hemra, seni bir Allaga tabşyrdym.

Hemra:
– Men gitdi diýip bolma sergezdan,
Gözläp bakyşyňa meň janym gurban,
Bäş gün aman bolsa, tende garyp jan,
Tiz geler men, perizadym, hoş imdi.

Hüýrlukga:
–Hüýrlukga men, jepa bilen jebrim bar,
Hak aşygam ýol üstünde gabrym bar,
Aman gelseň, üç aýa çen sabrym bar,
Hemra, seni bir Allaga tabşyrdym.

Hemra:
–Hemra aýdar, kaza özge bolmasa,
Ajal ýetip, şum peýmanam dolmasa,
Janym çykyp, läşim çölde galmasa,
Tiz geler men, perizadym, hoş imdi.

## Ýar meniňki

Galandar:
– Aga jan, arzym söýlesem,
Ýar meniňki, ýar meniňki.
Ne maslahatlar eýlesem,
Ýar meniňki, ýar meniňki.

Görogly:
– Menem geldim Çandybilden,
Ýar meniňki, ýar meniňki.
Ylgar etdim uzak ýoldan,
Ýar meniňki, ýar meniňki.

Galandar:
– Laçyn kimin gyýa bakdym,
Örtendim, janymy ýakdym,
Ýetmiş bir pälwany ýykdym,
Ýar meniňki, ýar meniňki.

Görogly:
– Pelek ornuny duşurdym,
Ganymyň aklyn çaşyrdym,
Köşgünden okun aşyrdym,
Ýar meniňki, ýar meniňki.

Galandar:
– Bir niçe gün ýoldaş boldy,
Serime jydalyk saldy,
Ala ýabym çölde galdy,
Ýar meniňki, ýar meniňki.

Görogly:
– Ýetebilmez sen känine,
Girer sen ajal donuna,
Aşyklyk merdiň şanyna,
Ýar meniňki, ýar meniňki.

Galandar:
–Söweş meýdanynda ýörmeseň,
Halymdan habar sormasaň,
Agajan, garyp görmeseň,
Ýar meniňki, ýar meniňki.

Görogly:
– Seriňizde duman boldum,
Gözden akan girýan boldum,
Görogly diýr, dogan boldum,
Ýar seniňki, ýar seniňki.

Galandar:
– Aşyklar magşuga zardyr,
Aşyklyk her ýerde bardyr,
Galandar bir hyzmatkärdir,
Ýar biziňki, ýar biziňki.

## Suw ber, içeli

Görogly:
– Howuz başynda duranlar,
Gülharman, suw ber, içeli.
Sözleşip many berenler,
Gülharman, suw ber, içeli.

Harmandäli:
– Howuz başynda haýyr olmaz,
Düş-de, özüň suw içewer,
Her tilki gaplaň-şir olmaz,
Düş-de, özüň suw içewer.

Görogly:
– Elmydam derbent sakladym,
Gelen ganymy okladym,
Seniň dek näzli ýokladym,
Gülharman, suw ber, içeli.

Harmandäli:
– Suwumny bermenem ýada,
Seniň kimin köp dünýäde,
Zorum gören geler dada,
Düş-de, özüň suw içewer.

Görogly:
– Uzak-uzak ordaňyza,
Myhman bolsam obaňyza,
Ýetim bolsam babaňyza,
Gülharman, suw ber, içeli.

Harmandäli:
– Uzak-uzak ordam ýokdur,
Myhman bolsaň, obam ýokdur,
Men bir ýetim, babam ýokdur,
Düş, özüň suwdan içewer.

Görogly:
– Goja dagdan aşa bilmen,
Ganym görsem joşa bilmen,
Men bir hassa, düşe bilmen,
Gülharman, suw ber, içeli.

Harmandäli:
– Aşyk bolan känden öter,
Magşugynyň golun tutar,
Hassa bolan öýde ýatar,
Düş, özüň suwdan içewer.

Görogly:
– Görogly, gezdim messana,
Emsem lebiň gana-gana,
Näzli ýar etme bahana,
Gülharman, suw ber, içeli.

Harmandäli:
– Bize Harmandäli diýerler,
Iki gözüňi oýarlar,
Etiňi çigleý iýerler,
Atyňy öwür-de gaçawer.

## Ötdi, Garybym

Şasenem:
– Gulak salyp, eşit meniň arzymny,
Senden-menden döwran ötdi, Garybym.
Alla saldy aýralygyň jebrini,
Duşman aýralyga tutdy, Garybym.

Garyp:
– Jyda düşdüm diýban gamgyn bolmagyl,
Men-menligiň ahyr zowaly bardyr.
Aýralyk derdinden gül dek solmagyl,
Bu kemligiň ahyr kemaly bardyr.

Şasenem:
– Kaýda ki kemaldyr, kaýda ki wysal,
Ýyglap ötsem gerek, niçe mahy-sal,
Gel gaçaly, özüň dürset, ýolga sal,
Duşman bizge ýüzün çytdy, Garybym.

Garyp:
– Bir tagna söz üçin munça gaçar sen?
Aşyk bolsaň, niçe ýanyp öçer sen?
Öz aýbyňy özüň neçün açar sen?
Sabyr kylsaň, soňra wysaly bardyr.

Şasenem:
– Ikimizi ýetirmezler wysala,
Gitme, dostum, beýle bozuk hyýala,
Ýetmegiň kyn indi seniň kemala,
Pelek bizni oýnap utdy, Garybym.

Garyp:
– Gaýgyny köp etme, mähnetiň artar,
Aýralygyň tygy bagryňny ýyrtar,
Ýalgandyr bu sözler, takdyra tartar,
Her kişiniň ýüz-müň hyýaly bardyr.

Şasenem:
– Senem aýdar, diýen sözüm etmeseň,
Meni bir gijede alyp gitmeseň,
Özge ýerde baryp watan tutmasaň,
Pyçak istihana ýetdi, Garybym.

Garyp:
– Garyp aýdar, gaýgy bilen oturma,
Reňkiňni sargardyp, özüň ýitirme,
Ah çekip, köňlüňe gubar getirme,
Ezelde bir kysmat kylany bardyr.

## Çäresi ýok

Aşyk Aýdyň:
– Ol nedir kim, iki başly,
Parasy bar, çäresi ýok?
Ol nedir kim, bäş ýüz ýyllyk,
Menzili bar, arasy ýok?

Nejep:
– Bu dünýä bir, iki başly,
Parasy bar, çäresi ýok.
Ýer bilen gök bäş ýüz ýyllyk,
Menzili bar, arasy ýok.

Aşyk Aýdyň:
– Ol nedir kim, mälär geçer,
Dagy-daşy ýalar geçer,
Ol nedir kim, diler geçer,
Gany akmaz, ýarasy ýok?

Nejep:
– Ol bulutdyr, mälär geçer,
Dagy-daşy ýalar geçer,
Ýaman sözdür diler geçer,
Gany akmaz, ýarasy ýok.

Aşyk Aýdyň:
– Aşyk Aýdyň bolsa hajy,
Ol ne iýmiş, bolmaz ajy,
Ol nedir kim, bar alajy,
Ol nedir kim, çäresi ýok?

Nejep:
– Nejep aýdar, bolman hajy,
Jan iýmişi bolmaz ajy,
Barça işiň bar alajy,
Şum ölümiň çäresi ýok.

# Talhynlar

Akar suw boýunda durasym gelýär,
Ýar bilen saz-söhbet gurasym gelýär,
Näzli ýarym aýra düşse ýanymdan,
Yzynda sergezdan bolasym gelýär.
***
Altyn sagadyň zynjyry batdy bilege,
Aşyk ýaryň yşky düşdi ýürege,
Arkadan öwüsýän salkyn şemalyň,
Peýdasy ýok ýanyp duran ýürege.
***
Akar ýaba alma atsam akmaýar,
Söwer ýara düşek atsam ýatmaýar,
Bir gijede dokuz nahar bişirsem,
Göwnüm üçin duzuny hem datmaýar.
***
Aýdym aýdyp men bir şahyr boldummy?
Ýarym bilen Zöhre-Tahyr boldummy?
Aýt diýseňiz, aýdyberjek baryny,
Kimler biler meniň söwer ýarymy?
***
Bir görünmän gül ýüzüňe zar etdiň,
Älem giňişligin maňa dar etdiň,
Ykbalym ýol açdy Garaçomaga,
Wah, nädeýin bir akmaga ýar etdiň!
***
Ak eýwanyň öreleri burulsyn,
Ortasynda tagty-rowan gurulsyn.
Gyz diýeniň, öz halanna barmasa,
Günäkäriň el-aýagy gurasyn.
***
Gyzyl gül diýeniň harman emesmi?
Gyz bala öýüne myhman emesmi?
Atasy öýünde süren döwrany
Gaýynnyň öýünde arman emesmi?
***

Gyzyl güller harman-harman, Almajan,
Geplän gepiň derde derman, Almajan,
Aýda, ýylda bir habaryň gelmese,
Ol hem ýüregimde arman, Almajan.
***
Garamanyň gabagynda nar barmy?
Biziň ýar dek traktorçy ýar barmy?
Gözüňe döneýin, başlyk Agajan,
Obaňyzda sürülmedik ýer barmy?
***
Garaman köçesi dar diýp aglaýan,
Boýuma mynasyp ýar diýp aglaýan.
Boýuma mynasyp ýary bermeseň,
Beren amanadyň al diýp aglaýan.
***
Gyzylgum baýyry beýikden beýik,
Üstünde oýnaşar gulandyr keýik.
Meniň bir armanym, joramy görüp,
Oýnaşyp, gülüşip myrada ýetmek.
***
Daglaryň başynyň gary bolmasa,
Bag haýypdyr, alma-nary bolmasa.
Maňa dil berdi-de, özgäni söýdi,
Ýigidi nädeýin ary bolmasa.
***
Işigňizde derýa bolup akaýyn,
Gül ýüzüňe aýna bolup bakaýyn.
Her ýanymda jübüt örüm saçym bar,
Ýüpek bolsa dutaryňa dakaýyn.
***
Işigňizde erik bolup gülläýin,
Şahasynda bilbil bolup saýraýyn.
Garga eken bu şahany maýyran,
Duşman eken bizi ýardan aýyran.
***

Ýüregim yşkyňa ýakyp otyryn,
Gelsene, ýoluňa bakyp otyryn.
Asman äleminiň parlak ýyldyzy,
Doganda geler diýip garap otyryn.
***
Orama, orama, agy orama,
Bu yşkyň derdini menden sorama.
Yşkymyň derdini menden sorasaň
Menden özge ýary hiç wagt arama.
***
Sag elimde bilezigim durmaýa,
Ýarym saňa göwünlerim urmaýa.
Eger saňa göwünlerim ursa-da,
Eneň ýaman, sende gelin durmaýa.
***
Serhowuz boýunda görseler meni,
Öz halan ýaryma berseler meni.
Öz halan ýarymyň gujagy süýji,
Gülaby gawunyň paçagy süýji.
***
Üç hatar gül ekdim gerçekler üçin,
Içinde sallanyp ýörmekler üçin.
Şeýda bilbil öz yşkynda saýraýar,
Ýaryň yşgy ýüregimde gaýnaýar.
***
Hanýabyň boýunda ýeke deregim,
Ýigitler içinde sensiň geregim.
Aşgabada okamaga gideňde,
Seniň bilen bile gitsin ýüregim.
***
Çekdirme jepaňy, çekdirme ýarym,
Gözýaşym bulaklap dökdürme ýarym.
Dünýä ýigitleri gelse gaşyma,
Sen bolmasaň, asyl ýetmez kararym.
***

* 5. Sargyt № 2693

Şatudyň başynda şelpeli ýaprak,
Ýarymyň başynda şirazy papak.
Şirazy papagňa gunduz bolaýyn,
Garaňky gijäňe ýyldyz bolaýyn.
***
Şaýy romalym ýere düşse, gert bolar,
Aşyklyk diýeniň ýaman dert bolar.
Ölseň-ä Hudaýyň beren buýrugy,
Aýra düşseň içden çykmaz dert bolar.
***
Egnimde köýnegmiň sarysy barmy?
Ýanan ýüregimiň därisi barmy?
Ýaman bilen ýaman bolup ýörýänçäň,
Ýagşy bilen sür döwrany ölýänçäň.
***
Egnimde köýnegim, atlasyň agy,
Kisäňde sallanar sagadyň bagy.
Sagadyň bagyna gurban bolaýyn,
Ýanan ýüregiňe derman bolaýyn.
***
Elwan köýnegimi geýmesem bolmaz,
Gyzaryp öňüňde gezmesem bolmaz.
Ozal başdan iller bize gümana,
Gümana ýaryma barmasam bolmaz.
***
Ýap boýunda uzyn-uzyn tallar bar,
Näzli ýaryň dodagynda ballar bar.
Näzli ýaryň täze eken bagynda,
Bilbil haýran eden nowça güller bar.

# Haraý aýdymlary

Garşydan ýar geleýdi,
Sowgady nar geleýdi.
Ikimize bir köýnek,
Ýakasy dar geleýdi.
***
Daglar agardy gardan,
Habar gelmedi ýardan.
Ýollara baka-baka,
Gözlerim çykdy sandan.
***
Daglar başy serbe-ser,
Bulut oýnar, ýel öwser.
Sen öpseň, men dişlesem,
Ikimiz deň serbe-ser.
***
Daňdan oýanan horaz,
Teňňä boýalan horaz.
Sesim sesiňe gurban,
Ýarym oýadan horaz.
***
Gyzyl ýüzük, ak barmak,
Urma ýaryma dyrnak.
Men-ä indi giderin,
Saňa galdy ýalbarmak.
***
Zülpleriň tel-tel oldy,
Çekeniň bir sil oldy.
Seni menden aýyran,
Hywaýa ýesir oldy.
***
Çeşmäniň üsti kötel,
Desmalyň düşdi, göter.
Men götersem, gep bolar,
Dolan, sen özüň göter.

# Dönem, ýareýjan, lollujan aýdymlary

Bagyna tutupdyr goja bagbany, dönem,
Başyna geýipdir kümüş selläni, dönem,
Sabyr bilen getir selle mollany, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Bir kagyza ýazaýyn ak bilen gara, dönem,
Ony göndereýin bigaýrat ýara, dönem,
Mundan artyk çekme, bagtyma gara, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Bir semewar aldym seniň adyňa, dönem,
Köp jepalar çekdim, seniň ýoluňa, dönem,
Gel, münäý maşyna, gidäý Maryýa, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Biwepa ýar derde giriftar bolsun, dönem,
Açylsyn güllerim, goý, bahar bolsun, dönem,
Uçurdym guşumy, gondura bilmen, dönem,
Ýyglatdym ýarymy, diňdire bilmen, dönem.
***
Bu köçäniň özge ýerden ýoly bar, dönem,
Ýarym geçdi, daraýydan dony bar, dönem,
Özüm biçdim, özüm tikdim, ýeňi dar, dönem,
Haý dönem, aý dönem, gara göz ýara dönem.
***
Garlawaçlar gaýyp-gaýyp uçandyr, dönem,
Meniň ýarym gelip sandyk açandyr, dönem,
Ol oglan inçe bilden guçandyr, dönem,
Haý dönem, aý dönem, gara göz ýara dönem.
***

Gurban bolaýyn tohumyňa-tijiňe, dönem,
Pälwan bolup buýsanmagyn güýjüňe, dönem,
Gündiz pikirimde, gije düýşümde, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Daraýy guşagyň etegi seçek, dönem,
Mollaýa gurbanam bu gije geljek, dönem,
Kyrk günki döwrany bileje sürjek, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Derýanyň boýunda tokga gamyşlar, dönem,
Üstünde saýraýdy käkilik guşlar, dönem,
Ýaryma zat diýmäň, eziz olmuşlar, dönem,
Wepaly ýar bu dünýäde bar bolsun, dönem.
***
Ýöremekden iki arany ýol etdim, dönem,
Aglamakdan iki gözüm kör etdim, dönem,
Ýüpek tutup, şol oglana don etdim, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Ilerden geläý-le ak atly ýarym, dönem,
Sabrymy alypdyr, bermez kararym, dönem,
Ak atdan düşünçä ýetmez kararym, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Meniň ýarym uly iliň beýigi, dönem,
Hem ýaramyň, hem döwügmiň seýigi, dönem,
Ýar bolmasa men nädeýin bu ýeri, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Ojagazam tama çykyp eseder, dönem,
Egnindäki gyranlary ses eder, dönem,
Gaşyn kakyp, jahyllary mes eder, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***

Ol oglana habar bersem gelmeýär, dönem,
Duşmanlara gargyş etsem ölmeýär, dönem,
Ol samsyga diýsem boýun almaýar, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Tama çyka-çyka ýüzüm gert boldy, dönem,
Ýola baka-baka gözüm dört boldy, dönem.
Duşmanlaryň gepi jana dert boldy, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Haçan görsem howlymyzyň daşynda, dönem,
Haçan görsem ak telpegi başynda, dönem,
Gündiz pikirimde, gije düýşümde, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Howlymyz gapdaly erik agajy, dönem,
Erigi tükendi, galdy agajy, dönem,
Men dönem, gitmesem bolmaz alajy, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Egnine geýipdir gara lybasy, dönem,
Agasy ölüpdir, tutupdyr ýasy, dönem,
Meni taşlap, etme özgä höwesi, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Erik bolup eýwanyňda güllesem, dönem,
Bilbil bolup şahasynda saýrasam, dönem,
Özüm halap, şeýle oglana barsam, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Enemiň bişiren yssy çöregi, dönem,
Agyrmaýar ol oglanyň ýüregi, dönem,
Uly gyzdyr jahyllaryň geregi, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***

Ýaşyl-gyzyl pampasasyn ýitirdim, dönem,
Ak köýnegmi gara dere batyrdym, dönem,
«Ýarym geler» diýip, daňym atyrdym, dönem,
Haý dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.
***
Akar bolup bagyňyzdan akaly, ýareýjan,
Aşyk bolup köçäňizden bakaly, ýareýjan,
Duşmanlaryň için-bagryn ýakaly, ýareýjan,
Oýan-oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Ak bolupdyr ol oglanyň bilegi, ýareýjan,
Guşuňkyça ýok ekeni ýüregi, ýareýjan,
Alla kabul etsin biziň dilegi, ýareýjan.
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Almany ekäýsem, biter nar bilen, ýareýjan,
Saýasynda döwran sürsem ýar bilen, ýareýjan,
Çyn käseler dolup geler bal bilen, ýareýjan.
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Alma-nary suwa salsaň batmaýar, ýareýjan,
Oglan-gyza düşek salsaň ýatmaýar, ýareýjan,
Iki göwün bir-birini tutmaýar, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
At sürende, at sürüşi dälidir, ýareýjan,
Köçä çyksa, ýigitleriň hanydyr, ýareýjan,
Bir salym görmesem, bagrym ganydyr, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Bir semawar aldym dört ýany çüýşe, ýareýjan,
Zergäri getiriň tutsun kümüşe, ýareýjan,
Duşmanlarmyz ölsün, çykalyň daşa, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***

Bir semawar aldym dört ýany eser, ýareýjan,
Jahyllar gürleşer, gyz gulak asar, ýareýjan,
Ýarymyň gepleri bagrymy keser, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Gurban bolsam terezi çeken eliňe, ýareýjan,
Başymy goýmuşam seniň ýoluňa, ýareýjan,
Men öläýsem hossar bolgun yzyma, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Ilerden gelýärsiň atyň oýnadyp, ýareýjan,
Oda tüňçe goýup, çaýy gaýnadyp, ýareýjan,
Bizi her görende gözüň oýnadyp, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Metjit bilen medresäniň arasy, ýareýjan,
Ýarym gitdi görünmedi garasy, ýareýjan,
Maňa degsin ýaryň derdi-belasy, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Olaryň öýleri jennetiň biri, ýareýjan,
Şol yrakda galdy gözümiň nury, ýareýjan,
Başyňa döneýin, janlaryň biri, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Oturan ýermiz beg taparyň arasy, ýareýjan,
Asyl bolmaz bozgaklaryň çäresi, ýareýjan,
Meniň ýarym birje Aýyň parasy, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***

Üstümize saýa salan gaýadyr, ýareýjan,
Meniň ýarym tut düýbünde saýadyr, ýareýjan,
Ýarym taşlap, özge birin eýelär, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Egnine geýipdir sary possuny, ýareýjan,
Ýanyna üýşürdi ýar-u-dostuny, ýareýjan,
Meniň ýarym aýtdy gepiň rastyny, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Ýarym gitdi, gala bize çöl boldy, ýareýjan,
Ýagyş ýagdy, gyrmyzy donuň öl boldy, ýareýjan,
Ýykylmyş şol oba saňa ýol boldy, ýareýjan,
Oýan, oýan, ýar, gözüňe döneýin, ýareýjan.
***
Bu depe almalydyr, lollujan,
Almasyny tirmelidir, lollujan,
Bir agaçda bäş almadyr, lollujan,
Ýara göndermişdir-eý, lollujan.
***
Bu depä balykly diýäý, lollujan,
Üsti gumalakly diýäý, lollujan,
Bu çopana gyz bermäň-eý, lollujan,
Aýagy çarykly diýäý, lollujan.
***
Bu dere başlar gider-eý, lollujan,
Maral gulaçlar gider-eý, lollujan,
Ýar ýary istemese-eý, lollujan,
Ýurduny taşlar gider-eý, lollujan.
***

Ýylanly diýip gaçdym-eý, lollujan,
Gyzyl güle dolaşdym-eý, lollujan,
Bir desse gül ýygdym-eý, lollujan,
Adaglym geldi, gaçdym-eý, lollujan.
***
Tam üstünde tamymyz-eý, lollujan,
Goşadyr eýwanymyz-eý, lollujan,
Sen ondan çyk, men mundan-eý, lollujan,
Kör bolsun duşmanymyz-eý, lollujan.
***
Ylaly bada-bada-eý, lollujan,
Gyzyňy berme ýada-eý, lollujan,
Gyzyňy berseň, ýada-eý, lollujan,
Gidermen han dädä-eý, lollujan.
***
Eý hanym, eý lolly,
Eý janym, eý lolly,
Sen wezir, ol wekil-eý, lolly.
Alyp sen ygtyýary-eý, lolly.

# Kän salam aýdymlary

Kagyza ýakyn baraýyn,
Elime galam alaýyn.
Uzakdaky dogana,
Salam haty ýazaýyn.
***
Salamnama hat bolsun,
Okap göwnüň şat bolsun.
Menden baran salam hat,
Güýjüňe kuwwat bolsun.
***
Salamdan soňky sözüm,
Ýoluňda iki gözüm,
Söýgülimden hat gelse,
Göterler gamgyn göwnüm.
***
Hatar-hatar jaýlaryň,
Birinjisi biziňki.
Myhman bolup gelende,
Öýüň töri siziňki.
***
Indi sözümiň ahyry,
Okadym «Zöhre-Tahyry»,
Goşgy düzmäge gelipdir,
Türkmen iliniň şahyry.
***
Suw teýinden ýüzüp gelýän bir ýylan,
Tapmadyňmy kagyz bilen bir galam?
Tapanyňda kagyz bilen bir galam,
Ýazardym biwepaga dogaýy salam.
***

Şirin bilen şeker bolsun iýeniň,
Ýüpek bilen mahmal bolsun geýeniň,
Ýagşy bolsun biziň üçin diýeniň,
Täze açylan ter gülüme kän salam.
***
Oturýanym sekizinjiň partasy,
Gözleýänim Ýer şarynyň kartasy,
Ikimizem bir enäniň körpesi,
Men tarapdan şol jorama kän salam.
***
Monjugyňy üzeýinmi, boýdaş jan,
Bu jebire düzeýinmi, boýdaş jan,
Her hepdede bize gezip gelmeseň,
Umydymy üzeýinmi, boýdaş jan.
***
Höwes bilen hat ýazmaga oturdym,
Ruçkamy syýa çüýşä batyrdym,
Salam ýazyp, jan dogana ýetirdim,
Men tarapdan jan dogana kän salam.
***
Hatym barar senden habar almaga,
Ara daşdyr habarlaşyp durmaga,
Gözüm zardyr, gül ýüzüňi görmäge,
Men tarapdan jan dogana kän salam.

Ikimiziň edaramyz bir bolsun,
Aramyzda desse-desse gül bolsun,
Sözleşmäge ýakyn-ýakyn ýol bolsun,
Men tarapdan jan dogana kän salam.
***
Mawy bolsun, gyrmyz bolsun içmegi,
Kümüş bolsun gara ädigiň başlygy,
Alty aýlyk aramyzyň daşlygy,
Men tarapdan jan dogana kän salam.
***

Almany nädeýin, nary bolmasa,
Namysy nädeýin, ary bolmasa,
Dünýäni nädeýin, doýup bolmasa,
Biz tarapdan jan dogana kän salam.
***
Şatudyň başynda şelpeli ýaprak,
Doganyň başynda ýyldyzly papak,
Duşmanyň gözüne gum bilen toprak,
Men tarapdan jan dogana kän salam.
***
Hatym barýar senden habar almaga,
Gözüm zardyr gül ýüzüňi görmäge,
Aram daşdyr habar alyp durmaga,
Men tarapdan jan dogana kän salam.
***
Depelere çykdym, kararym gaçdy,
Gaýgysyz ýüregme howsala düşdi,
Doganyň didary gözümden uçdy,
Men tarapdan jan dogana kän salam.
***
Gara saçym topbak ýaly bolaýsa,
Janym agam esgerlikden geläýse,
Ýeňňem bilen bäş gün döwran süräýse,
Faşist gyrýan agam jana kän salam.
***
Gezýän ýerim iki gyryň arasy,
Ýüregimde aýralygyň ýarasy,
Görünmezmi jan doganmyň garasy,
Men tarapdan jan dogana kän salam.
***
Dogan jan, ýanyňa barabilmedim,
Hallaryňdan habar alabilmedim,
Dost haýsy, duşman haýsy bilebilmedim,
Men tarapdan şol dogana kän salam.
***

Aýyň-Günüň arslanyna döneýin,
Akar suwuň durusyna döneýin,
Boýuň bilen syratyňa döneýin,
Jan dogan, gelmeseň barabilmenem.
***
Erigiň gülleri her ýerde bitmez,
Doganmyň syraty gözümden gitmez,
Her görenim onuň deregni tutmaz,
Men tarapdan jan dogana kän salam.
***
Dükanmyzdan aldym güllüje jorap,
Men size hat ýazdym sowally-jogap,
Uzakdan dost tutup, tanyşmak sogap,
Biz tarapdan jan dogana kän salam.
***
Aramyzda Amyderýa akyp dur,
Işigimizde guş ganatyn kakyp dur,
Seni diýsem ýüreklerim böküp dur,
Men tarapdan şol oglana kän salam.
***
Aşgabatda uly işde oturan,
El ýaglygyn gyzyl güle batyran,
Barjak diýip hoş habaryn ýetiren,
Men tarapdan dogan jana kän salam.

## Toý aýdymlary

Aglama balam, aglama,
Toýuň bolar, leýeran.
Bosagasy gyzyldan,
Öýüň bolar, leýeran.
***
Aman aşyk, leýeran,
Düýbi deşik leýeran,
Näzli gyzyň erkini
Aldy meşik, leýeran.
***
Gyz eneden aýrylsa,
Hasratly bor, leýeran.
Gandy-şeker garylsa,
Lezzetli bor, leýeran.
***
Dokuz goýun, bir öküz,
Toýluk geler, leýeran.
Il hatary deňinde,
Bolduň indi, leýeran.
***
Ýokarynyň oduny,
Sazakmydyr, leýeran.
Aljak ýigit birhili,
Myzzykmydyr, leýeran.
***
Iki sandyk ýanma-ýan,
Gulpy towly, leýeran.
Öz söýgüli gyzyňy,
Berdiň enem, leýeran.
***

Iňňejigim ýitdi diýp,
Urduň enem, leýeran.
Öz söýgüli gyzyňy,
Berdiň enem, leýeran.
***
Leýim-leýim, leýeran,
Gelsin haýpyň, leýeran.
Ak süýt beren enesi,
Delmuryp dur, leýeran.
***
Leýim-leýim, leýeran,
Gitdi haýym, leýeran.
Bir nätanyş öýünde
Bolýar toýum, leýeran.
***
Leýeran-a, leýeran,
Bolmaz haýym, leýeran.
Neneň edip gelmeýär,
Görüp daýym, leýeran.
***
Leýeran-a leýeran,
Haýpyň gelsin, leýeran.
Hemmeler galsyn haýran,
Bagtyň bolsun, leýeran.
***
Ak öýleriň işigi
Gamyşmydyr, ýar-ýar?!
Uşbu gyzyň ýeňňesi
Gäwmişmidir, ýar-ýar?!
***
Altyn-kümüş tagtymy
Ýykypdyrlar, ýar-ýar.
Besläp goýan bagtymy
Ýakypdyrlar, ýar-ýar.
***

Asmandaky ýyldyzy,
Atan atam, ýar-ýar.
Öz gyzyny mal ýaly,
Satan atam, ýar-ýar.
***
At baglamaň arpanyň,
Samanyna, haý öleň.
Gyz bermäňler ýigidiň
Ýamanyna, haý öleň.
***
Biziň iliň gyzlary,
Hünjülidir, jora jan.
Siziň iliň gyzlary,
Sanjylydyr, jora jan.
***
Bir iňňäniň üstünde,
Urduň enem, ýar-ýar.
Indi men-ä gidýärin,
Dyndyň enem, ýar-ýar.
***
Bu obanyň gyzlary
Höjek eken, ýar-ýar.
Ondan gelen ýeňňeler
Möjek eken, ýar-ýar.
***
Gandy-şeker ezilmiş,
Dahanyňa, ýar-ýar.
Çar tarapdan dost gelsin,
Toýhanaňa, ýar-ýar.
***
Gazan-gazan gowurma,
Doldy, daşdy, ýar-ýar.
Biziň dogan zor bolup,
Alyp gaçdy, ýar-ýar.
***

* 6. Sargyt № 2693

Gapydaky geçimiz,
Çöpürlidir, ýar-ýar.
Göçürilýän gyzymyz
Pikirlidir, ýar-ýar.
***
Gara-gara at gelýär,
Guýruk sozup, haý-haý.
Menem gidip barýaryn,
Göwün üzüp, haý-haý.
***
Gara atyň başyny,
Tartyp duruň, ýar-ýar.
Janym siňlim müninçä,
Ýortup duruň, ýar-ýar.
***
Gara tüňçäň lykyrdar
Ot gerekmiş, ýar-ýar.
Ondan gelen ýeňňelere,
Zat gerekmiş, ýar-ýar.
***
Garlawajyň ganaty,
Ala eken, ýar-ýar.
Gelnejemiň sözleri,
Dana eken, ýar-ýar.
***
Gatlak-gatlak gatlama,
Gatlanypdyr, ýar-ýar.
Gyzy alyp ýeňňeler,
Atlanypdyr, ýar-ýar.
***
Gelnimiziň öýünde,
Bardy üzük, ýar-ýar.
Enesi wada etdi,
Bersin ýüzük, ýar-ýar.
***

Gideriňi bilmedim,
Uzadardym, jora jan.
Kätmen alyp ýoluňy,
Düzederdim, jora jan.
***
Gider sen-ä, gider sen,
Gelermi sen, ýar-ýar?
Öňki ýaly mähriban,
Bolarmy sen, ýar-ýar?
***
Gowaçanyň gozasy,
Köp ekeni, jora jan.
Şu kempiriň ýygnany,
Gep ekeni, jora jan.
***
Göwnün alyň, ýeňňeler,
Aglamasyn, ýar-ýar.
Enesiniň bagryny,
Daglamasyn, ýar-ýar.
***
«Gyz gitdi» diýp, eje jan,
Aglamagyl, ýar-ýar.
Öňden köýen bagrymy,
Daglamagyl, ýar-ýar.
***
Gyzyl-gyzyl horazlar
Harmandadyr, ýar-ýar.
Öýlenmedik ýigitler,
Armandadyr, ýar-ýar.
***
Gumda gulan kişňeýär,
«At boldum» diýp, ýar-ýar.
Öýde gelin aglaýar,
«Ýat boldum» diýp, ýar-ýar.
***

Derwezäni süpüriň,
Gar ýagýar-la, ýar-ýar.
Aç gujagyň, dogan jan,
Ýar gelýär-le, ýar-ýar.
***
Derýaga daş atmaňlar,
Çümer gider, ýar-ýar.
Uzaga gyz satmaňlar,
Ýiter gider, ýar-ýar.
***
Iki sandyk deň durup,
Öwşün atar, ýar-ýar.
Iki guda deň durup,
Öleň aýdar, ýar-ýar.
***
Işikdäki arpanyň,
Boýy kelte, haý-haý.
Bukjasyny salmaga,
Getir halta, haý-haý.
***
Ýük üstünde jaň goýdum
Jaňramasyn, ýar-ýar.
Gelnimiziň ýeňňesi,
Ýaňramasyn, ýar-ýar.
***
Kejebäniň ýelginni
Ýel göterer, haý öleň.
Indi seniň näziňi
Kim göterer, haý öleň.
***
Kejebäniň içinde
Üçgüne gyz, haý öleň.
Üçgüne gyz içinde
Kiçgine gyz, haý öleň.
***

Kejebäniň astyndan,
Tapdym aşyk, ýar-ýar.
Haýsy baýyň gyzy sen,
Altyn aşyk, ýar-ýar.
***
– Kejebäni kim kakdy?
– Giýew kakdy, ýar-ýar.
Kisesinde puly ýok,
Ýere bakdy, ýar-ýar.
***
Nowalara suw guýdum,
Daşdy gitdi, ýar-ýar.
Bagry gaty gyz gursun,
Gaçdy gitdi, ýar-ýar.
***
Obamyzyň ýanynda,
Gara palçyk, leýeran.
Ondan gelen ýeňňeler,
Aýak açyk, leýeran.
***
Öleň, öleň, haý öleň,
Öleň köpdür, ýar-ýar.
Öleň aýdan diliňden,
Birje öpdür, ýar-ýar.
***
Sebet, sebet üzümler,
Çöpli bolar, ýar-ýar.
Bizden size gyz gitse,
Sepli bolar, ýar-ýar.
***
Tagta köpri üstünde
Aýnam galdy, ýar-ýar.
Atam bilen enemden
Göwnüm galdy, ýar-ýar.
***

Tagty-rowan üstünden,
Taýyp düşdüm, ýar-ýar.
Gadrym bilmez näkese
Gaýyp düşdüm, ýar-ýar.
***
Tekjedäki gaýçyny
Zeň basypdyr, ýar-ýar.
Atam bilen enemi
Gam basypdyr, ýar-ýar.
***
Tekjedäki tutynyň
Ýüpi hany, ýar-ýar.
Çykyp barýan siňlimiň
Sepi hany, ýar-ýar.
***
Tekiýe-tekiýe halylar,
Dyz üstünde, ýar-ýar.
Ondan gelen ýeňňeler,
Gyz üstünde, ýar-ýar.
***
Toý bolanda bedew at
Çapylmazmy, ýar-ýar.
Şu siňlimiň söýeni
Tapylmazmy, ýar-ýar.
***
Toýhananyň çorbasy
Şor bolmasyn, haý öleň.
Baryp görüň giýewi,
Kör bolmasyn, haý öleň.
***
Toýhananyň oduny,
Taraşamy, haý öleň?
Meň gyzymyň geýeni,
Ýaraşamy, haý öleň?
***

Toýçulara suw gerek,
Gazyň çeşme, ýar-ýar.
Atasy wada etdi,
Bersin goşma, ýar-ýar.
***
Uzyn-uzyn aş kesdim,
Içip gidiň, gudalar.
Garynjadan at etdim,
Münüp gidiň gudalar.
***
Haly, palas üstünde,
Bir gül idiň, ýar-ýar.
Atañ-eneň öýünde,
Bilbil idiň, ýar-ýar.
***
Haý-haý öleň, haý öleň,
Haýdyr bu gün, ýar-ýar.
Ag-u-gyzyl reňbe-reň,
Toýdur bu gün, ýar-ýar.
***
Hasabynyň keýninde,
Men duraýyn, ýar-ýar.
Altyn saçyň sen dara,
Men öreýin, ýar-ýar.
***
Hatar-hatar kejebe
Saz edişer, ýar-ýar.
Gamda galan göwnüňi
Ýaz edişer, ýar-ýar.
***
Hemme gelen şat bolup,
Gaýdar bu gün, leýeran.
Orta alyp ol gyzy,
Tüýder bu gün, leýeran.
***

Howlymyzyň içinde
Ekdim turpy ýar-ýar.
A gyz, seniň gaýneneň
Bersin çyrpy ýar-ýar.
***
Çelek-çelek pampasa,
Pampasamyş, ýar-ýar.
Gelnejemiň ýeňňesi
Kelpesemiş ýar-ýar.
***
Şatlyk üçin öleňi
Başlagaly, ýar-ýar.
Gyzu-ýigit köňlüni
Hoşlagaly, ýar-ýar.
***
Elindäki dutaryň,
Tary bolsam, ýar-ýar.
Öýlenmedik ýigidiň
Ýary bolsam, ýar-ýar.
***
Elip boýly Aýsenem,
Boýuň nädir, leýeran.
Parça güller içinde
Halyň näder, leýeran.
***
Ýandak başy güllände,
«Ýandym» diýgin, leýeran.
Ner düýeler kükrände,
«Mündüm» diýgin, leýeran.
***
Ýumurtganyň agy dek,
Ap-ak menem ýar-ýar.
Ak süýdüňe razy bol,
Janym enem, ýar-ýar.

# Läleler

## Garaşsyzlyk döwrüniň läleleri

Agaçlar bar getirdi,
Guşlar habar getirdi,
Baky Bitaraplyga –
Şu gün Alla ýetirdi.
***
Agaçlar güle geldi,
Bilbiller dile geldi,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk –
Ikisi bile geldi.
***
Azat zähmet çekýäs biz,
Alyn dermiz döküäs biz,
Bol hasyly gazanyp,
Döşe nyşan dakýas biz.
***
Azat ömür sürýäs biz,
Öňe tarap barýas biz,
Agzybir halkym bilen
Altyn asyr gurýas biz.
***
Aýdyň biziň ýolumyz,
Azat, erkin illi biz,
Arkadag saýasynda –
Bagtyýar ýaşaýas biz.
***
Aýlan, maşynym aýlan,
Galla oragna şaýlan,
Garaşsyz boldy ülkäm,
Ýaryşda öňe saýlan.
***

Ak ýollary guralyň,
Azat-erkin ýöräliň,
Bagtyýarlyk döwründe –
Ýaýnap döwran süreliň.
***
Açyk biziň bagtymyz,
Şadyýana wagtymyz,
Töwerege nur saçýar,
Aşgabat paýtagtymyz.
***
Bagda açylan gülüm bar,
Şat saýraýan dilim bar,
Beýik binalar gurýan,
Tehnika bar, ylym bar.
***
Baglarmyzda gül bitýär,
Bilbillere dil bitýär,
Baky biziň Watanda,
Her kim arzuwna ýetýär.
***
Beýik-beýik haýatlar,
Içindedir söwütler,
Türkmen ilim toý tutsa,
Ýaryşar ýyndam atlar.
***
Bäş welaýat dilimizde,
Mekdepler kän ilimizde,
Öwşün atyp ülpüldeýär
Gül dessesi elimizde.
***
Daglarmyz-a, daglarmyz,
Şatlyklydyr çaglarmyz,
Ilim agzybir bolsa –
Hoş sapaly çaglarmyz.
***

Erkanadyr, erkana,
Gül Watanym erkana,
Pasyrdasyn ýaşyl Tug –
Al-asmanda görkana.
***
Geliň, gyzlar oýnalyň,
Şady-horram ýaýnalyň,
Altyn asyr nesli biz,
Oglan-gyzlar oýnalyň.
***
Geldi Nowruz, ýazymyz,
Çalýas dürli sazymyz,
Okap ylymly bolar,
Oglumyz hem gyzymyz.
***
Gol tutuşyp baglarda,
Seýil edip gezýäris.
Watana tüýs mynasyp,
Aýdym-läle düzýäris.
***
Goşa gelen ýazym bar,
Söhbet bilen sazym bar,
Gyzyl gülüň içinde
Bilbil dek owazym bar.
***
Gül-gülüstan Watanym,
Bagy-bossan Watanym,
Ömür-baky ýaşasyn
Arzuw eýläp ýetenim!
***
Kalby nurdan ilim bar,
Milli asal dilim bar,
Oguz handan gaýdýan
Polatdan berk bilim bar.
***

Lälämiziň her bendi,
Watan bilen zerlendi,
Söýgümiz kän diýara
Biz Watanyň perzendi.
***
Nogul-nabat iýýäris,
Atlas, ýüpek geýýäris,
Özbaşdak Watanmyzy –
Jandan artyk söýýäris.
***
Pasyrda, jan pasyrda,
Ýaşyl Tugum pasyrda,
Halkym erkana ýaşaýar,
Bagtyýar zamanada.
***
Sazandanyň sazy men,
Garaşsyzlyk gyzy men,
Bitarap Watanymyň –
Bahary men, ýazy men.
***
Şaýolum-a, şaýolum,
Giňäp gitdi, dar ýolum.
Şaýoluma birleşer
Watanymda bar ýolum.

## Ata - enä, dogan - garyndaşlara bagyşlanan läleler

Aý aýdyňdyr ýagtydyr,
Gyzlar oýnar wagtydyr,
Ýör, gelneje, gaýdaly,
Didäm geler wagtydyr.
***

Aý dogupdyr diýdiler,
Aýlanypdyr diýdiler,
Meniň körpe doganym
Öýlenipdir diýdiler.
***
Akgalanyň ýollary,
Domalandyr gollary,
Didäm orak oranda,
Agyrmasyn billeri.
***
Akgalanyň şemaly,
Aýlanýa-la, ýeňňe jan!
Körpe dogan Myrat jan,
Öýlenýä-le, ýeňňe jan!
***
Akyşar-a, akyşar,
Gyzyl daşlar çakyşar,
Meniň joram Akjagül,
Gelip darak kakyşar.
***
Ala gar-a, ala gar,
Ala kürtäň ýeňi dar,
Meniň eziz doganma
Gözel gyzlar hyrydar.
***
Ala dagyň arçasy,
Mawut-begres parçasy,
Atam-enem gül bolsa,
Men olaryň gunçasy.
***
Atymyz kişňäp gelýär,
Uýanyn dişläp gelýär,
Meniň körpe doganym –
Toý başyn başlap gelýär.
***

Baglaryň başy yrga,
Doganym müner ýorga,
Çyk, içerden gelneje,
Doganma ýaglyk sarga.
***
Balkanyň akja gary,
Suw degse bolar sary,
Hol barýany sorasaň –
Agamyň söwer ýary.
***
Biziň obaň illeri,
Tikenlidir gülleri,
Ýeňňem suwa gidende –
Agyrmasyn billeri.
***
Bir almany dişledim,
Daşyny kümüşledim,
Agam geldi bermedim,
Ýeňňeme bagyşladym.
***
Çykdym galany gördüm,
Gawun alany gördüm,
Topbak gyzlaň içinde
Sülgün, Sonany gördüm.
***
Çykdym dagyň pestine,
Dogan gördüm dessine,
Dogan orak orynça –
Saýa bolsam üstüne.
***
Degirmen boş aýlanar,
Suwy serhoş aýlanar,
Dogan öýme guşagyň,
Biliňe bäş aýlanar.
***

Depe depeden beýik,
Depeden iner keýik,
On barmakda on ýüzük
O-da dogana seýik.
***
Depä çykasym gelýär,
Läle kakasym gelýär,
Desse boýly gelnejem
Saňa bakasym gelýär.
***
Dogan, atyň üç ýaşar,
Derýalar dolup daşar,
Men-ä seni görmesem
Gözlerimden ýaş akar.
***
Dokma dokasym gelýär,
Läle kakasym gelýär,
Akjagül joram bilen –
Oýnap-bökesim gelýär.
***
Ertir gördüm gargany,
Dogan çapar ýorgany,
Alma bilen nar getir,
Gelnejemiň sargany.
***
Gaýra-gaýra bakar men,
Dokma darak kakar men,
Jan joramy görmesem,
Eräp-eräp akar men.
***
Gaýrada maýa bozlar,
Maýa köşegin gözlär,
Meň doganym Nury jan,
Keten köýnek ýar gözlär.
***

Gaýradan-a gaýradan,
Göwnüm gitmez gaýradan,
Şol ýanda doganym bar,
Dutaryny saýradan.
***
Gaýradan biri gelýär,
Gözümiň nury gelýär,
Gyrmyz donly, gyr atly,
Ýeňňemiň ýary gelýär.
***
Gaýraky ýabyň sakasy,
Keten köýnek ýakasy,
Meniň eziz doganym,
Bäş oglanyň kakasy.
***
Gapymyzda kejebe,
«Un sep» diýdim ejeme,
Bela-beter degmesin,
Agama, gelnejeme.
***
Gelnejem-ä sallanar,
Sallananda bellener,
Öz agamy görmese,
Gabaklary ýellener.
***
Gülleriň agymydyr,
Ýüregmiň ýagymydyr,
Telpegin towsa geýen,
Arkamyň dagymydyr?
***
Gün ýaşanda şaýlanar,
Aý doganda aýlanar,
Meniň körpe doganym,
Gözel gyza öýlener.
***

Ilerde Ülker didäm,
Telpegin silker didäm,
Ozal habar etmeseň,
Gül ýaryň gorkar didäm.
***
Ilerimiz dagmydyr,
Üsti kese bagmydyr,
Gaýradan gelen guşlar,
Daýym-daýzam sagmydyr.
***
Ir öýlän hem ikindi,
Gyzlar köýnek tikindi,
Meň didämi görende,
Gyz barysy silkindi.
***
Kakam, kakam, jan kakam,
Suwa düşdi gülýakam,
Täzeden birin ýasat,
Boş galdy-la, şu ýakam.
***
Meniň agam syratly,
Görogly dek Gyratly,
Esgerleriň içinde,
Gahrymandyr gaýratly.
***
Ok atdym, saýa düşdi,
Saýdan sonalar uçdy,
Sona boýly, jan uýam,
Şonda ýadyma düşdi.
***
Ördek bolsam sillerde,
Laçyn bolsam çöllerde,
Seni sorap, jan didäm,
Kerwen bolsam ýollarda.
***

* 7. Sargyt № 2693

Saçlarym desse-desse,
Dessesi ýere ýetse,
Meň doganym şol oglan,
Maksat-myrada ýetse.
***
Suw akar süle-süle,
Gyz geler güle-güle,
Agamyň alan gyzy,
Meňzeýär gyzyl güle.
***
Suw başynda suw oty,
Dogan müner gyraty,
Ata münüp ugranda,
Görogly dek syraty.
***
Suwda balyk bolmazmy?
Suwdan çyksa ölmezmi?
Il içinde doganym,
Öz halanyn almazmy?
***
Torañňydan bag bolmaz,
Gök depeden dag bolmaz,
Erkek dogan bolmasa,
Ýüreklerde ýag bolmaz.
***
Yssydyr-a, yssydyr,
Howlymyz ýol üstüdir,
Meniň eziz doganym,
Ýagşy ýigdiň dostudyr.
***
Ýaglyk ýuwdum, açyldy,
Seçekleri seçildi,
Agamdan bir hat geldi,
Okap göwnüm açyldy.

## Boýdaş - joralara bagyşlanan läleler

Aýa, Güne bakar men,
Gülýakamy dakar men,
Eziz joram Aýsoltan,
Eliňe ýüzük dakar men.
***
Baga girsem bolmazmy?
Gülün ýolsam bolmazmy?
Uzakdaky jorama,
Sargyt etsem gelmezmi?
***
Bu daglar bolanmydyr,
Geýenim solanmydyr,
«Joraň gitdi» diýdiler,
Bilmen, çyn, ýalanmydyr.
***
Bu daglar bolmasady,
Geýenim solmasady,
Bir ölüm, bir aýralyk,
Hiç biri bolmasady.
***
Bulut gelýär garalyp,
Daglar başy bürelip,
Näzik gyza ne boldy –
Otyr öýde saralyp.
***
Bu gün depä çykalyň,
Depede läle kakalyň,
Boýdaş joralar bilen
Gülüp-oýnap bökeliň.
***

Gaýra gaýrada galdy,
Peýkam ýarada galdy,
Desse boýly jora jan,
Bizden gaýrada galdy.
***
Geliň, gyzlar, üýşeliň,
Läle kakyp gülşeliň.
Her kim maksadyn diläp,
«Ýa, Biribar!» diýşeliň.
***
Gowadan-a, gowadan,
Suwlar içdim gowadan,
Ähli gyzlar içinde –
Öz boýdaşym owadan.
***
Göç gelýär-ä, göç gelýär,
Bozja maýam boş gelýär,
Meniň joram Amantäç,
Haýp, ara daş gelýär.
***
Gül düýbünden suw akar,
Şol suwa güller bakar,
Eziz joram Gurbangül,
Ýaryşda üstün çykar.
***
Gyzlar kakar läläni,
Egnine geýer alany,
Öz doganmyň halany –
Bize beriň şu gyzy.
***
Haly kesdim gowuja,
Salan nagşym göllüje,
Gel, boýdaşym Gülälek,
Ýüregiň hyýallyja.
***

Ilerimiz dagmydyr,
Üsti kese bagmydyr,
Uçup barýan ak guşlar,
Meniň joram sagmydyr?
***
Saýawan-a, saýawan,
Saýawana men gurban,
Eziz joram Dünýägözel,
Sallanşyňa men gurban.
***
Sary gawun bişipdir,
Sapagyndan düşüpdir,
Meniň joram, aý, gyzlar,
Ýat illere düşüpdir.
***
Tahýa tikdim bellije,
Salan nagşym güllüje,
Gel, boýdaşym, Akjagül,
Läle aýdaly bileje.
***
Ýaglyk ýuwdum açyldy,
Seçekleri seçildi,
Öz joramyň toýunda,
Gamgyn göwnüm açyldy.
***
Ýel öwser-ä, ýel öwser,
Bulut oýnar, ýel öwser,
Meniň joram Aýsoltan,
Aýa meňzär, gül öwser.

## Umumy mazmunly läleler

Ala dagyň arçasy,
Mawut donuň parçasy,
Atam-enem gül bolsa –
Men ol gülüň gunçasy.
***

Alla meni guş etse,
Ganatym kümüş etse,
Çölden-çöle aşyryp,
Öz obama duş etse.
***
Çal tüýdügim, çatlasyn,
Gaýtar, goýnuň otlasyn,
Öz ilimden aýranyň
Akyl-huşy çatlasyn.
***
Dag başynda ot ýanar,
Köwlenip başy ýanar,
Ýada gyzyn bereniň
Ýüregniň başy ýanar.
***
Ekin bize nan berer,
Egnimize don berer,
Yhlas bilen işlesek,
Şöhrat berer, şan berer.
***
Güýz aýlary gaz geçer,
Bamyň suwundan içer,
Üç aý gyşy geçirip,
Ýene-de gaýra geçer.
***
Güýz bolsa köşek bozlar,
Çopan yzyndan gözlär,
Asly nurdan gelinler
Ýaşmak astyndan sözlär.
***
Läle kakasym gelýär,
Oýnap bökesim gelýär,
Eziz käbäm ejeme
Içim dökesim gelýär.

## Monjugatdylar

Agar çäkmen dyzyňdan,
Doýmadym gül ýüzüňden,
Her annada gelmeseň,
Ynha, bardym yzyňdan.
***
Aglaryn-a, aglaryn,
Ýara göwnüm baglaryn,
Ýar göwnümi almasa,
«Ilim» diýip aglaryn.
***
Aý aýdyňdyr, biler men,
Ak donumy geýer men,
Aý buluda girýänçä,
Kararym ýok, öler men.
***
Aý aýdyňdyr süýt kimin,
Arkalygym çit kimin,
Oglan, köp gelip gitme –
Basarlar bürgüt kimin.
***
Aý aýdyňdyr hoş gije,
Ýar gujagy boş gije,
Ýarym onda, men munda,
Arman ara daş gije.
***
Aý aýdyňdyr süýt kimin,
Gyzlar oýnar gurt kimin,
Daşdan gelýän aý, oglan,
Ýenjilersiň it kimin.
***
Aý aýdyňdyr, agyldyr,
Gyzlar öýde baglydyr,
Her ýyl Nowruz gijesi,
Ýar ýaryna baglydyr.
***

Aý aýdyňdyr, ýagtydyr,
Ýaryň geler wagtydyr,
Degmäň ýaryň göwnüne,
Posa aljak wagtydyr.
***
Aý dogar gädiginden,
Tanadym ädiginden,
Baryp aýdyň oglana,
Dänmesin diýdiginden.
***
Ak ýüzüm nar-da bolsa,
Alkymym gar-da bolsa,
Hudaý saňa ýazypdyr,
Adaglym bar-da bolsa.
***
Ak telpegiň bar ýaly,
Göýä akja gar ýaly,
Ýigit, näme gözleýäň,
Mende göwnüň bar ýaly.
***
Ak towuk, ala towuk,
Säher gygyran towuk,
Biz ýara näme diýdik,
Ýar ýüzi bizden sowuk.
***
Ala dagdan aş ýigit,
Müň tümenden geç ýigit,
Gündiz eliň degmese,
Gije ýola düş ýigit.
***
Almany atan kimdi?
Bazarda satan kimdi?
Per ýassyk, per düşekçe
Üstünde ýatan kimdi?
***

Aryk boýunda guzy,
Ýarymyň birje sözi,
Ýigitleri köýdürer,
Gyzlaryň gara gözi.
***
Arpa unuň kepegi,
Ýelpäp alyň çelpegi,
Kimiň monjugy çyksa,
Söwer ýaryň telpegi.
***
Baga girene gurban,
Gülün tirene gurban,
Biz-ä ýary görmedik,
Ýary görene gurban.
***
Bazar ýoly pişeli,
Ýüpek getir işeli,
Ýardan bir ýaglyk geldi,
Gyrasy melewşeli.
***
Bazarda erik gelin,
Gaşlary gerik gelin,
Dört gözeliň içinde –
Sensiň teperrik gelin.
***
Başda ýaşyl kürtesi,
Bürenjegiň ortasy,
Barannyň kimdigini,
Bildi Maral ertesi.
***
Başlady gyz, başlady,
Suwa monjuk taşlady,
Goşgusyn ýalňyş okap,
Garry Maral kaşlady.
***

Beden ýar-a, beden ýar,
Meni Leýli eden ýar,
Ozal-a beýle däldiň,
Saňa bir öwreden bar.
***
Bilezigi getiriň,
Ak bilege ötüriň,
Janym çykyp baradyr,
Söwer ýara ýetiriň.
***
Boýuň boýlardan ýagşy,
Arkaňdadyr çit nagşy,
Söküp Kesearkajy,
Tapmadym senden ýagşy.
***
Bu haýat uzyn bolsun,
Miwesi üzüm bolsun,
Ýary geljek gelinleň
Gijesi uzyn bolsun.
***
Bulut geldi garalyp,
Dag başlary bürelip,
Näzli gyza näm boldy,
Otyr öýde saralyp.
***
Bökejen köwüş ýer böwser,
Kümüş guşak bil gysar,
Bizi gören jahyllar
Depeden aşak towsar.
***
Çagyrdym, çaý içinde,
Başym gowga içinde,
Öldürse ýar öldürsin
Gyzyl gül bag içinde.
***

Çepbetewiň bar eken,
Ýeňi, ýakasy dar eken,
Ogryn-ogryn seretdiň,
Bizde göwnüň bar eken.
***
Çeşme suwun içdim ýar,
Salam berip geçdim ýar,
Sen salamym almasaň –
Menem senden geçdim ýar.
***
Çopan iýer gowurma,
Geýip geler çöwürme,
Diýenimi gaty görüp,
Menden ýüzüň öwürme.
***
Çykdym çynar başyna,
Garadym güneşine,
Ýarym, beren ýaglygyň,
Çüýretdim gözýaşyma.
***
Daň horaz-a, daň horaz,
Daňdan gygyrýan horaz,
Sesim sesiňe gurban,
Ýarym oýaran horaz.
***
Degirmen üsti kötel,
Gaçdy ýaglygym göter,
Men egilsem duýarlar,
Düş atdan, özüň göter.
***
Delmirip boýnuň burma,
Garşyma gelip durma,
Saňa berilmez oglan,
Gymmat bahaly Hurma.
***

Depä çykyp boýladym,
Gopuz çalyp oýnadym,
Her näçe seretsem-de
Didaryňdan doýmadym.
***
Dilber gara gözleriň,
Ýagtylyp dur ýüzleriň,
Janyma ýagşy ýarar,
Ýaňky diýen sözleriň.
***
Dokaýaryn düýp haly,
Ol oglan eker şaly,
Meni alyp toý etmek,
Ýaryň niýeti-päli.
***
Düýeler hatar-hatar,
Owsary suwa batar,
A gyz, seniň adaglyň,
Kümüş bilezik satar.
***
Ezizim bar, sözüm bar,
Inçeden owazym bar,
Gaýradan gelýän atlyň,
Öň serdary biziň ýar.
***
El buladym içerden,
Sen gelmediň daşardan,
Utansam-da näz bilen
Tutaýjakdym goşardan.
***
Et çapdym, men, et çapdym,
Tamdyra somsa ýapdym,
Ýaryň beren ýüzügin,
Ýitirip ýene tapdym.
***

Etrek, Gürgen çalt akar,
Çargadyňy ýel kakar,
Obanyň näzli gyzy
Goç ýigide at dakar.
***
Gaýra çykaly ýarym,
Gülüp bakaly ýarym,
Bu gün sähet bolmasa,
Saba çykaly ýarym.
***
Gaýra-gaýraly göwnüm,
Peýkam ýaraly göwnüm,
Gülüp-oýnap, şat bolmaz,
Ýardan kineli göwnüm.
***
Garagumuň gandymy,
Ýar ýüregiň ýandymy?
Il ýatanda gelmediň –
Näme başyň bendimi?
***
Garlawaç gaýyp uçar,
Ganatyn ýaýyp uçar,
Şum pelegiň elinden,
Kimiň ýaryn kim guçar.
***
Geldi ýene Nowruzlar,
Seýle çykypdyr gyzlar,
Ýaryň gyýa bakyşy,
Ýürek-bagrymy duzlar.
***
Gelin-gyzlar üýşüban,
Atyşalyň monjugy.
Ýaryn gören dakynsyn
Dagdan bilen gönjügi.
***

Geliň gyzlar, üýşeliň,
Bagtymyz synaşalyň,
Ol barýan ýigit kim-ä,
Ýagşy, ýaman gülşeliň.
***
Gitdi ýar, eglendi ýar,
Agaja baglandy ýar,
Bäş güni wada berip,
On bäş gün eglendi ýar.
***
Goýnuny bakar gider,
Sykylyk atar gider,
Her hepdede gelmese –
Gözýaşym akar gider.
***
Güllerim gunçalandy,
Billerim inçelendi,
Eden wadamyz hany?
Ýyldyzlar gijelendi!
***
Gülleriň mahalydyr,
Nowruzyň baharydyr,
Gyz-oglan bir-birini
Seçmeli mahalydyr.
***
Gyzlar, monjuk atalyň,
Jany jana gatalyň,
Aşyk bilen magşugy
Biri-birine çatalyň.
***
Gyýa-gyýa bakar men,
Gülýakamy dakar men,
Gülümjiräp bir baksam,
Oglan, seni ýakar men.
***

Hudaý meni guş etse,
Ganatym kümüş etse,
Ýatsam-tursam dilegim
Söýenime duş etse.
***
Ilerden gara geldi,
Ýüregim para geldi,
Boýy boýuma gurban
Derdime çäre geldi.
***
Keteni geýdim şaýlandym,
Güle bardym küýlendim,
Deň-duş oglan, gel bäri,
Dertleşmegi oýlandym.
***
Kişmişem-ä, kişmişem,
Örtenmişem, bişmişem,
Garyp atam göwni üçin
Ýat illere düşmüşem.
***
Köýnek ýuwdum sermedim,
Ýarym geçdi görmedim,
Kesilmiş gyzyl dilim,
«Alla ýaryň» diýmedim.
***
Kölleriň ak gunduzy,
Aý ýanynyň ýyldyzy,
Çyk, öýden ýaryň gelýär,
Söýgüli gelin baldyzy.
***
Küleçäni kim biçdi,
Boýundan uzyn biçdi,
Gyşyna gyşlanan ýar,
Ýazyna aýra düşdi.
***

Mawut donuň bar eken,
Ýeňi-ýany dar eken,
Ogryn-ogryn bakyşyň –
Bizde göwnüň bar eken.
***
Monjuk atdym ýaryma,
Tiz ýetişsin ýanyma,
Sowgadyndan şypa ýok,
Özi gelsin ýanyma.
***
Nowruz geldi bu gije,
Gyzlar atyşar bije,
Kimiň bijesi çyksa –
Baýragy horaz jüýje.
***
Nowruz geldi ilime,
Hoş söz geldi dilime,
Onuň waspyn edeýin,
Dutar alyp elime.
***
Nowruz geldi ilime,
Meňzäp halyň gölüne,
Topragmyza bereket,
Rysgal iýndi duluma.
***
Nowruz geldi ilime,
Bakdym atyz-çilime,
Dürli ot-çöp parç bolup,
Ryskyn berdi malyma.
***
Nowruz geldi ilime,
Sähram, dagym, düzüme,
Baharyň nagmaçysy,
Bilbil gondy gülüme.
***

Nowruz geldi, ýaz geldi,
Ördek geldi, gaz geldi,
Oturan adamlara
Bilbilden owaz geldi.
***
Näzenin sandygym ýar,
Boýňa guwandygym ýar,
On sekiz ýaşdan bäri
Oduňa ýandygym ýar.
***
Obamyz çöl düzdedir,
Ýaryň göwni bizdedir,
Ýar ýaglygyn ýitirse
Soramasyn bizdedir.
***
Owal aşyk bolmazlar,
Aşyk adyn almazlar,
Aşygyňa barmasaň –
Bu dünýäde gezmezler.
***
Oglan gyza baglydyr,
Gyz ýarsyz nä çaglydyr,
Oglan gyzy tapmasa,
Aglar ýürek daglydyr.
***
Oglan gyz ýaryn görse,
Delmirip boýnun bursa,
Bir çöllük ýerde görse,
Oglan tutar, gyz dursa.
***
Sallançagyň bagy men,
Süýdüň gaýmak ýagy men,
Obamda batyr ýigdiň
Göz garasy, agy men.
***

* 8. Sargyt № 2693

Sary içmegi geýen ýar,
Sallanyplar köýen ýar,
Ozal-a beýle däldiň,
Meger, özge söýen bar.
***
Sende ýar-a, sende ýar,
El ýaglygyň mende ýar,
Jahany ýigit alsa,
Iki gözüm sende ýar.
***
Sözle sözüň seljerip,
Her zat diýme kilçerip,
Ýakmagyn içim-bagrym,
Sönen odum ölçerip.
***
Suw akar kenar gider,
Şu janym ýanar gider,
Degmäň, gyzyň göwnüne,
Myhmandyr gonar gider.
***
Suwa gitdim bildiler,
Suwda göwnüm aldylar,
Owal-a aşyk däldim,
Aşyklyga saldylar.
***
Şetdalynyň şänigi,
Beýle ajy bolarmy?
Gelmezek ýar gujagy
Baldan süýji bolarmy?
***
Tudanamyz bişipdir,
Üstünden ýol düşüpdir,
Oglan daşdan gözleme,
Yşkyň maňa düşüpdir.
***

Ýer tapmadym gezere,
Söz tapmadym ýazara,
Baryp aýdyň ýaryma,
Basym gelsin güzere.
***
Ýola çykdym daň bilen,
Kerwen geldi jaň bilen,
Ýarym ýolda durmagyn,
Üstüň dolar çaň bilen.
***
Ýagyş ýagyp, suw akan,
Kimdir ol öýden çykan,
Göz süzüp, gyýa garap,
Şu janym oda ýakan.
***
Ýaz ýagyşy ýagdy geçdi,
Äleme suwun saçdy,
Esen oglan aýlanyp,
Gyzlardan kimi seçdi?
***
Ýarym geçdi köçeden,
Uzyn boýy inçeden,
Ýaryma bir don biçiň,
Ýüpek mata, parçadan.
***
Ýük üstünde sandygym,
Sandyga söýendigim,
Ýat illeriň içinde –
Haýp, meniň ýandygym.
***
Ýyldyrymyň çakyşy,
Derýamyzyň akyşy,
Meni ýesir eýledi
Şol oglanyň bakyşy.

# Hüwdüler

Aýlan, aýlan, aýlançak,
Akar suwlar bulançak,
Altmyş başly ak öýüň,
Ýaraşygy sallançak.
***
Aýlanaýyn adyňa,
Ýetgin göwün şadyňa,
Zähmet çekgin ýadaman,
Dag ýykylsyn badyňa.
***
Aýlanaýyn ýaşyndan,
Ejesi geler işinden,
Kemal tapsyn, bal köşek,
Akylyndan, huşundan.
***
Aýlanar-a, aýlanar,
Ökdelikde saýlanar,
Meniň balam ulalyp,
Söýenine öýlener.
***
Aýlar geçer aýlanyp,
Günler geçer saýlanyp,
Aýlanaýyn, aý guzym,
Gyzlar gezer şaýlanyp.
***
Aýlar gyzym almaly,
Aýda dokar bir haly,
Halysynyň kenary,
On barmagnyň hünäri.
***
Akja ballym ýagşydyr,
Ýürejigmiň nagşydyr,
Meň balamyň kakasy,
Ile ýaran bagşydyr.
***

Akja bilekli ballym,
Gurama ýelekli ballym,
Ulalyp alym bolsa,
Ile gerekli ballym.
***
Dor ata mündüreýin,
Bazara göndereýin,
Bazaryň nohudyndan,
Etegiň dolduraýyn.
***
Ala dagyň arçasy,
Mawut donuň parçasy,
Sensiň biziň öýmüziň,
Täze açylan gunçasy.
***
Alla – alla Annaly,
Gülli bagyň bir güli,
Öý içiniň bilbili,
Ejesiniň öz güli.
***
Alla-allasy gyzlar,
Bolar şirin owazlar,
Men balama toý etsem,
Çalynar dürli sazlar.
***
Alla diýdim aýyma,
Daraýy don boýuna,
Goýun-goçgar soýulsyn,
Şu balamyň toýuna.
***
Allalaýyn, bäbegim,
Arzylaýyn, bäbegim,
Adyňa Alma dakanym,
Gözüňe sürme çekenim.
***

Allalasam han oglan,
Derýada guş kän oglan,
Kesgir gylyç bilinde,
Uruşda pälwan oglan.
***
Allan-allan agy bar,
Gaýyşdan bilbagy bar,
Arslan janyň köýnegniň,
Art etegniň çägi bar.
***
Allan-allan adaga,
Guşlar gonsun pudaga,
Pudakdaky ak guşlar
Öz balama sadaga.
***
Allan-allan, aý, gyzym,
Gara gaşy ýaý, gyzym.
On barmagy hünärli
Işi göwnejaý gyzym.
***
Allan-allan ak maýsa,
Arkaňa güneş çoýsa,
Yzyndan ogul bolsa,
Ejeň hem seni söýse.
***
Allan-allan akanda,
Sygryn suwa ýakanda,
Ejesi gülüp bakar,
Gazet-kitap okanda.
***
Allan-allan alkyşlar,
Gözüň gyýa bakyşlar,
Gaşyň ýarym aý deýin,
Ak ýüzüňi nagyşlar.
***

Allan-allan allasy,
Demirdendir galasy,
Elimiň kümüş hasasy,
Başymyň altyn jygasy.
***
Allan-allan allasy,
Şundan geler gül ysy,
Söýsün garry mamasy,
Öz balamyň balasy.
***
Allan-allan, aparlar,
Toýuňda at çaparlar,
Ýaryň gelen wagtynda,
Üýşüp çelpek ýaparlar.
***
Allan-allan öwmeli,
Öň ýakasy düwmeli,
Saňa bir gelin gerek
Gara gözi sürmeli.
***
Allan-allan, han gelýär,
Sallançagňa gün gelýär,
Gülüme geýdirmäge,
Gyrmyzydan don gelýär.
***
Allan-allan hemişe,
Golun tutsun perişde,
Her kim saňa «jan» diýse,
Äkitsinler behişde.
***
Allan-allan çagydyr,
Öýüň jennet bagydyr,
Çyk köçäniň başyna –
Daýyň gelýän çagydyr.
Allalasam men seni,
Hüwdülesem men seni.
***

Allan-allan el guşy,
Elinde toty guşy,
Enesi gelse obadan,
Ýagsyn ýazyň ýagyşy.
***
Allan-allan ýatynça,
Otyryn Aý batynça,
Ýyldyzlary sanaryn,
Sen kemala ýetinçäň.
***
Allan atasy gelýär,
Uklap ýatasy gelýär,
Bagtyýarlyk ýolundan –
Jigimiň atasy gelýär.
***
Alleý-alleý adyly,
Ak elleri kädili,
Ýany goşa ýeňňeli,
Kiseleri teňňeli.
***
Alleý-alleý, ak balam,
Sen rahat ýat, balam,
Gaýnadanym şerbetdir,
Oýanaňsoň dat balam!
***
Alleý-alleý ak bally,
Saýrasa şirin dilli,
Ýakasy gyzyl gülli,
Gülleriňe döneýin.
***
Alleý-alleý ar bolsun,
Her eliňde nar bolsun,
Ýortup öýden çykanda,
Gyzlar hyrydar bolsun.
***

Alleý-alleý alaýyn,
Toýluk unuň eläýin,
Gelnejem jan gelende
Ogul bäbek diläýin.
***
Alleý-alleý alaşar,
Akja köýnek ýaraşar,
Ballym süýji dillidir,
Mähir bilen sözleşer.
***
Alleý-alleý alkyndy,
Akar suwlar tolkundy,
Beg daýysynyň ýegeni,
Bedew atyň uýany.
***
Alleý-alleý allasy,
Gül ýassykda kellesi,
Gyzyl gülüň dessesi,
Sary ýagyň mesgesi.
***
Alleý-alleý apaýyn,
Toýuňda at çapaýyn,
Daşdan gelen gonaga,
Mahmal serpaý ýapaýyn.
***
Alleý etsem ar bolmaz,
Biçen donum dar bolmaz,
Ballymyň söýen gyzy,
Ömür-baky hor bolmaz.
***
Alyn saçyň al ýüpek,
Depe saçyň çil ýüpek,
Huwwalasam men seni,
Gujagyma gel, gerek!
***

Apbagym-a, apbagym,
Gül pudakda ýapragym,
Söýmedikler otursyn,
Özüm söýjek apbagym.
***
Apbagymdan, agymdan,
Inip gelsem dagyňdan,
Eziz balam, Kerim jan,
Güller ýolsam bagyňdan.
***
Arkama hopba edenim,
Depäme gupba edenim,
Maňlaýyma oranym,
Gül ýaşmagma çolanym,
Ilki gözüm göreni,
Şirin dilim söýeni.
Eziz balam, alla-hüw!
***
Atajanym atlyja,
Goltuklary hatlyja,
Otursa şygyr düzer,
Atlansa oba gezer.
***
Atlansa hana meňzär,
Tursa daýhana meňzär,
At üstünde oturşy –
Il söýen hana meňzär.
***
Baba jan-a, bal kişi,
Elinde demir çişi,
Juwaz aýlap, ýag alsa,
Bolar jahyllar başy.
***

Bakjasynda, bagynda,
Ýylyň bahar çagynda,
Bilbiller saýraşarlar
Gülümiň otagynda.
***
Balam, atyň säkdirme,
Sekiz myhyň kakdyrma,
Uzak ýere gideňde,
Gelniň ýola bakdyrma.
***
Balam-balam balasy,
Senden geler gül ysy,
Seni bagryma bassam,
Äleme ýaýrar ysy.
***
Balam gara gözüňden,
Seniň süýji sözüňden.
Meniň balam Aýgözel,
Aýlanaýyn özüňden.
***
Balam, ýaşyň uzakdyr,
Urmak-sökmek ýazykdyr,
Alkymyňdan ysgasam,
Alty aýlyk azykdyr.
***
Baldan mazaly sözi,
Ot dek ýanyp dur gözi,
Äleme şöhle salyp,
Aýa bäs eder ýüzi.
***
Ballar kimin balaşa,
Düzde gezer hemişe,
Atlanyp seýle çyksa,
Münen aty alaşa.
***

Ballym aýyň bölegi,
Şuňkar guşuň ýelegi,
Çyn käseden çaý içse,
Müňňüldeşer eňegi.
***
Ballym-ballym, bal başdan,
Atlary uçar guşdan,
Eýerleri gyzyldan,
Gupbasy göwher gaşdan.
***
Ballym-ballym, han oglan,
Han teňňesi kän oglan,
Ok-ýaragyn dakynyp,
Çap atyň herýan oglan.
***
Ballym geler ilerden,
Tahýasy doly güllerden,
Allaň özi gorasyn,
Ýaman gözden, dillerden.
***
Ballym janyň harmany,
Bugdaýy il dermany,
Balam söýüp gyz alsa,
Şonda galmaz armany.
***
Ballym seni ýatyrdym,
Gyzyl güle batyrdym,
«Ukudan gansyn» diýip,
Baş ujunda oturdym.
***
Ballymyň gara gözi,
Şirinden şeker sözi,
Watanyn goramaga,
Elmydam taýýar özi.
***

Balym-balym, bal başdan,
Gazan doly ak aşdan,
Gelin alsak ballyma
Ak ýüzli, gara gaşdan.
***
Bedew atyň ýaly bar,
Halysynyň göli bar,
Meniň eziz balamyň,
Çep ýanagnyň haly bar.
***
Bilbil guşuň bolaýyn,
Gollaryňa gonaýyn,
Sen atlanyp çykaňda
Jylawdaryň bolaýyn.
***
Bilim alyp, ulalyp,
Alym bolup, ös balam!
Yhlas bilen işleseň,
Ejeň bolar, hoş balam!
***
Boýuň uzap saýlansyn,
Eneň senden aýlansyn,
Erte seniň toýuňda –
Bedew atlar şaýlansyn.
***
Bägül gyzym, gül gyzym,
Saçlary sünbül gyzym,
Gyzlar läle kakanda,
Owazy bilbil gyzym.
***
Çeşmelerden suw akar,
Balam atyny ýakar,
Obamyzyň gyzlary
Oňa ogrynça bakar.
***

Dagdan aýrak getiren,
Toýdan baýrak getiren,
Görogly agasy dek,
Okun pilden ötüren.
***
Dagdan dişli daragym,
Arkadagym, geregim,
Şu balamy söýmesem,
Çatlap barýar ýüregim.
***
Daglardan-a, daglardan,
Bir gül üzdüm baglardan,
Deregiňi sorasam,
Aslyýetiň hanlardan.
***
Erikleriň nowçasy,
Baglaryň gül-gunçasy,
Gül melewşe dessesi,
Sary ýagyň mesgesi.
***
Derek dek boýuň bolsun,
Gurbanyň goýun bolsun,
Gerekli balam, Kerim jan,
Ullakan toýuň bolsun.
***
Döwran janym atlanar,
Atyna ganat beklener,
Çalyp guşyn alýança,
Bedew aty saklanar.
***
Dükür-dükür, daýyň gelýär,
Bir okara paýyň gelýär,
Dagdan aşyp daýzaň gelýär,
Gumdan aşyp mamaň gelýär.
***

Eziz balam, bir ýagşy,
Ilde söýülýän bagşy,
Kesearkajy gözlesem,
Tapylmaz senden ýagşy.
***
Ekin ekdim uşajyk,
Bogunlary gowşajyk,
Meniň eziz jigimiň
Häsiýeti ýumşajyk.
***
Eliň akja ellerden,
Bereket gitmez illerden,
Ballym aýdym aýtsa,
Owazy bilbillerden.
***
Elleri-hä, elleri,
Agyrmasyn billeri,
Agalary toý etse,
Hyzmat eder gollary.
***
Enary-ýa, enary,
Oýnap barsyn kenary,
Başyndaky börügi,
Enesiniň hünäri.
***
Eňegi etli zamça,
Dişläp iýmäge ýagşy,
Ýaňagy ýaz almasy –
Ysgap ýatmaga ýagşy.
***
Gaýradaky gaýalar,
Mahmal jully maýalar,
Meniň balam ulalyp,
Gitdigiçe boý alar.
***

Gamy azdyr oglumyň,
Keýpi sazdyr oglumyň,
Aryp-ýadap gelende
Gyşy ýazdyr oglumyň.
***
Gara gözüm Karkara,
Saçy gunduzdan gara,
Gunduzy galpagynda,
Düwmesi telpeginde.
***
Garaja taýmyz düzdedir,
Tanaplary bizdedir.
Meniň söwer balamyň,
Gara gözi gyzdadyr.
***
Geregim-ä, geregim,
Çaýym bilen çöregim,
Ak maýanyň üstünde,
Oba gezer geregim.
***
Guzularyň koý bolgaý,
Ýygnanlaryň toý bolgaý,
Toýuňa begler gelip,
«Berekella, han» diýgeý.
***
Gumda biten gyzyl gül,
Dagda biten dessembil,
Säherde saýran bilbil,
Boz ýerde biten sünbül.
Gurban bolsam özüňe,
Saz-söhbetli sözüňe,
Seni allalar edeýin.
Huwwa balam, huw-huw!
***

Guşagym-a guşagym,
Ýüpekdendir guşagym,
Mekdep wagtyň bolupdyr,
Al bukjaňy köşegim!
***
Gülgün geýgin, köşegim,
Ballar iýgin köşegim,
Ejeň ýadap gelende,
«Arma» diýgin, köşegim.
***
Gülüm-gülüm, gül ýagşy,
Gyzyl çuwalyň nagşy,
Gülüme gelen kejebe
Alyp gitmäge ýagşy.
***
Gün bireýýäm ýaşypdyr,
Gara dagdan aşypdyr,
Aýjahanmyň ýüzüne,
Aý ýagtysy düşüpdir.
***
Güpür-güpür, at gelýär,
Çykyň gyzlar kim gelýär?
Gyrmyz donun galgadyp,
Meniň ballym jan gelýär.
***
Gyzyl gül öýüm-öýüm,
Güle barabar boýuň,
Eziz balam Aýjemal,
Bolsun ullakan toýuň.
***
Gyzym-gyzym gyz kişi,
Gyzym bagyň iýmişi,
Gyzym bagda oýnasa,
Gül içinde ýaýnasa.
***

* 9. Sargyt № 2693

Gyzym haly dokasyn,
Ulalansoň okasyn,
Köýnek tiksin ejesine,
Bejeripjik ýakasyn.
***
Gyrat münüp uçanym,
Ganym görse göçenim,
Arkadagly il diýip,
Hakdan kasam içenim.
***
Gyş güni lälezarly,
Elmydam alma-narly,
Eziz balam Gurban jan,
Gujagyň söwer ýarly.
***
Huwwa balam, ýat balam,
Gyzyl güle bat balam,
Eziz Watan goýnunda,
Ös, hemişe şat balam!
***
Huwwalasam wagtydyr,
Öýüň soltan tagtydyr,
Çyk üçege, bak ýola,
Daýyň geljek wagtydyr.
***
Hüwdi, hüwdi, hüw, oglan,
Turup harman döw, oglan,
Ejeň aryp gelende,
«Arma» diýgin, gül oglan.
***
Ilki gözümiň göreni,
Juwan dilimiň söýeni,
Şaý-sep dakynan gyzym,
Seni allalar edeýin.
***

Ir dogupdyr güneşi,
Elinde toty guşy,
Meniň jigim awdadyr
Ýagar ýazyň ýagyşy.
***
Jigim baga barandyr,
Bagda jeren görendir,
Esger agaň elmydam,
Seni ýatlap ýörendir.
***
Jigim gelýär köçeden,
Uzyn boýy inçeden,
Jigime bir don biçiň,
Ýaşyl-gyzyl parçadan.
***
Jigim jan-a aý ýaly,
Aýa-güne taý ýaly,
Bezenip seýle çyksa,
Hemme gyza taý ýaly.
***
Jigim okuw ýaşynda,
Şaýly tahýa başynda,
Gündiz bagda oýnasa,
Kitap okar düýşünde.
***
Kiçijik gülüm bäbek,
Saýraýan dilim bäbek,
Sen bolmasaň ezizim,
Saýramaz dilim bäbek.
***
Meniň balam ak maýsa,
Öňüne güller ýaýsa,
Ogul jigisi bolanda,
Süzülip çelpek ýaýsa.
***

Meniň balam Balkandyr,
Köňli yşka galkandyr,
Alma bilen gyz ursa,
Alla şony ýalkandyr.
***
Meniň balam oýnasyn,
Giň derýany boýlasyn,
Ak aýakda ak jorap,
Öz öýünde ýaýnasyn.
***
Meniň balam ýatypdyr,
Gyzyl güle batypdyr,
Oýatmaň siz balamy,
Ýaňja uka gidipdir.
***
Meniň ballym aýlanar,
Il içinde saýlanar,
Gamyşgulak Gyraty,
Işiginde towlanar.
***
Meniň ballym baş bolsun,
Köpelip on bäş bolsun,
Daş ýerlere gidende,
Erenler ýoldaş bolsun.
***
Meniň ballym şoh ýigit,
Eker bagynda çigit,
Atlanyp awa gitse,
Yzynda segsen ýigit.
***
Meniň gyzym aý ýaly,
Kirşi çekilen ýaý ýaly,
Agzyndan bir söz alsaň,
Gant ezilen çaý ýaly.
***
Meniň jigim Abadan,
Hemme gyzdan owadan,

Hünji ýaly dişleri,
Çyzylyp dur gaşlary.
***
Meniň jigim at bakar,
Atlary toýnak kakar,
Gelnejemiz geläýse –
Meň jigim läle kakar.
***
Meniň jigim atlydyr,
Kiseleri hatlydyr,
Gyzlara gülüp bakar,
Diýseň mylakatlydyr.
***
Meniň jigim gül öwser,
Güller bilen serbe-ser,
Ballar bilen bakalyň,
Süýtden suwa ýakalyň.
***
Meniň jigim otursyn,
Elini bala batyrsyn,
Boýdaşlary gelende
Bagdan iýmiş getirsin.
***
Meň ballymyň arçasy,
Mawut-begres parçasy,
Eneň-atań gül bolsa,
Sen içiniň nowçasy.
***
Owlak geler guzy bilen,
Bir-biriniň yzy bilen,
Beg oglum oýnap çykar,
Goňşusynyň gyzy bilen.
***
Oglum ady Ýakupdyr,
Daglar bärsin bakypdyr,
Ýaryň beren ýüzügni,
Barmagyna dakypdyr.
***

Oglum meniň ner bolar,
Arslan bolar, şir bolar,
Ulalyp, gulluk etse,
Uly serkerde bolar.
***
Öwez janym, haý-haý,
Münen aty mele taý,
Çykar çynar başyna,
Ýygar nöker daşyna.
***
Özi ýazdyr oglumyň,
Kalby sazdyr oglumyň,
Aryp-ýadap gelse-de,
Gyşy ýazdyr oglumyň.
***
Sallanyp aýyň gelýär,
Bir okara paýyň gelýär,
Dagdan aşyp daýzaň gelýär,
Gumdan aşyp daýyň gelýär.
***
Seniň köňlüň çag bolsun,
Gezeniň çarbag bolsun,
Her sapara gideňde,
Alla saňa ýar bolsun.
***
Söýüp-söýüp otursam,
Söýgülerin ýetirsem,
Söýünhan atly obadan,
Söýgüli gelin getirsem.
***
Suwlar akar bäbegim,
Gül dakynar bäbegim,
Sallançagyň içinden,
Gülüp bakar bäbegim.
***

Tolkunlaryň galkyşy,
Uklap ýatyr Gulkişi,
Oýanansoň ukudan,
Menden alar alkyşy.
***
Ukusyndan oýanar,
Mahmal kürte geýiner,
Enesi ele alsa,
Gül dek bolup söýüner.
***
Ullakan toýuň bolsun,
Gurbanyň goýun bolsun,
Nusaýyň giň düzünde,
Düzzüm-düzzüm oýnalsyn!
Il barysy ýygylsyn.
***
Ülpül-ülpül otaga,
Öküz geler ýataga,
Ähli obanyň ilaty,
Leýli jana sadaga.
***
Ýagşy sözler dilinde,
Gyzyl alma elinde,
Balamy gören gyzyň,
Ýaglyjagy bilinde.
***
Ýörjen-ýörjen gadamňa,
Gurban bolsun, kişiler.
Tiken batsa aýagňa,
Derman bolsun, ejeler.
***
Ýyl dolanyp, ýyl geler,
Meniň oglum ulalar,
Şonda edermen bolup,
Kosmos taýa ýol salar.

# Küştdepdiler

## Garaşsyzlyk döwrüniň küştdepdileri

Aýym dik, başym aman,
Töwerek-daşym aman,
Gülüň-oýnaň dostlarym,
Geldi bagtyýar zaman.
***
Watanym-a, Watanym,
Türkmenistan Watanym,
Aýlanyp daş ülkäni,
Ýene saňa ýetenim.
***
Äpet-äpet tolkunlar,
Howuň basyp sürünýär.
Watan gaýry ýerlerde,
Hasam eziz görünýär.
***
Aý-aýdyňdyr, ýagtydyr,
Küştdepmäniň wagtydyr.
Bu döwranlar Watanyň –
Bize beren bagtydyr.
***
Joşduranym-joşgunym,
Gazal aýdyp joşdugym.
Öz ilimiň şanyna,
Gazal baryn goşdugym.
***
Özbaşdaklyk – örkümiz
Berkararlyk – berkimiz.
Indi ýurdy gülletmek –
Borjy boldy her kimiň.
***

Garaşsyzlyk halkymy,
Dünýä saldy ýalkymy.
Begendirdi, beýgeltdi,
Meniň eziz halkymy.
***
Depeliň-ä, depeliň,
Küşti şeýle depeliň.
Her dänäň müň bolsun diýp,
Ýere tohum sepeliň.
***
Gumdag ili gumdadyr,
Gumda däldir humdadyr.
Baýlyklaryň seresi –
Nebitdir gaz mundadyr.
***
Yzlary-ýa, yzlary,
Goýýas ýerde yzlary.
Küşt depip, gazal aýdýar –
Türkmen oglan-gyzlary.
***
Agzybirlik seresi,
Arkadagyň şygary.
Hak sylamyş ilimi,
Gelýä hemmäň göresi.
***
Balkan dagyň ak gary,
Suw degse bolar sary.
Ak göwünli halkymyň,
Dostluk-doganlyk ýary.
***
Ala dagyň arçasy,
Mawut, begres parçasy.
Bu gün erkin ýaşaýar –
Türkmenleriň barçasy.
***

Bardym bu gün kenara,
Gözüm düşdi enara.
Bekäp, beýgelen türkmen –
Meňzär beýik çynara.
***
Has şat çalýas sazymyz,
Gyşlar gyş däl – ýazymyz.
Indi her bir ojakda,
Alawlaýar gazymyz.
***
Aýdymlarmyň her bendi,
Watan bilen zerlendi.
Söýgimiz kän diýara,
Biz Watanyň perzendi.
***
Küşdepmede aýlanýas,
Şaňňyrdaşyp şaýlanýas.
Gülledip gül mekany,
Barha öňe saýlanýas.
***
Garaşýar-a, garaşýar,
Bagtyýarlyk garaşýar.
Bagtly geljege barýan,
Ile şatlyk ýaraşýar.
***
Uly maksat tutduk biz,
Şol maksada ýetdik biz.
Bitaraplyk döwrüniň –
Güli bolup bitdik biz.
***
Namyslydyr, arlydyr,
Mertdir biziň aslymyz.
Atam – Gorkut, Görogly,
Oguz handyr neslimiz.
***

Gördüm Gämi oýuny,
Düzde otlar goýuny.
Dabara bilen gutlaýas,
Garaşsyzlyk toýuny.
***
Amantäç diýrler bizlere,
Gazal aýtdyk sizlere.
Garaşsyzlyk bagt berdi,
Ähli oglan-gyzlara.
***
Kükürt, azot, duz çykýar,
Nebit, kömür, gaz çykýar.
Nirä barsaň Galkynyş,
Işlerimiz saz çykýar.
***
Hazarymda balygym,
Balygymdyr baýlygym.
Gördüm Garaşsyz ýurduň,
Bu jennete taýlygyn.
***
Samawary gaýnadyň,
Ak şekerler ýaýradyň.
Garaşsyzlyk toýunda,
Talyplary oýnadyň.
***
Ilim demirýol salýar,
Otlular zogun çalýar.
Güýçlenýäris gün-günden,
Adymyz arşa galýar.
***
Ýaglyk ýuwdum açyldy.
Seçekleri seçildi.
Garaşsyzlyk toýunda –
Gamgyn göwnüm açyldy.
***

Küştdepjekler saýlanýar,
Üç depimden aýlanýar.
Türkmeniň öň görmedik,
Uly toýy toýlanýar.
***
Garaşsyzlyk gülümiz,
Gysga däldir dilimiz.
Gün-günden öňe barýas,
Şat ýaşaýar ilimiz.
***
Kemçilik ýok özümde,
Şirin aýdym-sazymda.
Ülkäm boldy Garaşsyz,
Togsan biriň güýzünde.
***
Ýollarymyz ýagtydyr,
Döwran sürmek wagtydyr.
Garaşsyz, Bitaraplyk –
Bilseň türkmen bagtydyr.
***
Ak öýümde ak tärim,
Gök dirär tärim-ugum.
Ýer şarynyň üstünde,
Parlaýa ýaşyl tugum.
***
Açdyk bazar, dükany,
Ýurdumda baýlyk käni,
Garagumum çöl däl-de,
Hazynalar mekany.
***
Ylham atyna müner men,
On iki aýlaw çapar men.
Garaşsyzlyk toýunda,
Ýadaman küşt deper men.
***

Balkan dagyň gary bar,
Nebiti bar, gazy bar.
Permany berjaý edýän,
Oglany bar, gyzy bar.
***
Hindi, hytaý, pars, arap,
Hemmäň ýüzi biz tarap.
Bütin ýeriň ýüzünde –
Bolduk baky Bitarap.
***
Süýt gerek, gaýmak gerek,
Gaýmagy ýaýmak gerek.
Hökümetden ýer alyp,
Ýagşy baýamak gerek.
***
Parh edemzok ýaşyny,
Sallarlaýas işini.
Halal zähmet çekeniň,
«Gaýrat» bezär döşüni.
***
Gül-gunçaly golumyz,
Asuda sag-solumyz.
«Döwlet adam üçindir!»
Ýörelgämiz, ýolumyz.
***
Ýaşyl tugum parlaýar,
Abatlygy sargaýar.
Bagtyýarlyk döwründe,
Jebisligi ündeýär.
***
Nusga bolup başlalyň,
Eli çermäp işläliň,
Yhlasymyz il-güne,
Watana bagyşlalyň.

## Dürli mazmunly küştdepdiler

Essalawmaleýkim, märeke!
Daýy-daýza, ýeňňeler.
Geliň ýaşlar, küşt depeliň,
Haýran galsyn hemmeler.
Küşt, küşt, küşt,
Haýt, haýt, haýt...
***
Ilki salamdan başlap,
Ak kagyzy nagyşlap.
Küşt depip, gazal çekiň,
Toý tutýana bagyşlap.
***
Başlalyň-a, başlalyň,
Küşt depmäge başlalyň.
Aýlar gyzyň toýunda,
Gam-gussany taşlalyň.
***
Asmandaky ýyldyzlar,
Näçe ýansa Aý bolmaz.
Şu obamyň içinde –
Gelnejeme taý bolmaz.
***
Aýagymda ak paşmak,
Kyn bolýar dagdan aşmak.
Biziň alan gelnimiz,
Uzyn boýly, uz ýaşmak.
***
Köýnegimiň etegi,
Etegi guş ýatagy.
Agam jan öýlenende,
Jennet bolar otagy.
***

Köýnek gowsy pombarhyt,
Ýyrtylsa ýamap bolmaz.
Gelnejemiň ýörüşin,
Gyzlara deňäp bolmaz.
***
Bökeje köwşüm, bökeje,
Meniň didäm ýekeje.
Öz balamyň toýunda,
Küşt depjek ýedi gije.
***
Bir halym bar sekiz gyrly,
Her gyrasy bir zerli.
Gaýnataň Sarly bolsa,
Geýersiň segsen dürli.
***
Hakla gyza, hakla gyz,
Sary gawun kakla gyz.
Meniň didäm ýekeje,
Salkyn ýerde sakla gyz.
***
Düýe gelýär ýataga,
Boýny doly otaga.
Didäm bir gyz söýüpdir,
Janym şoňa sadaga.
***
Ilerki dagyň ak gary,
Suw degse bolar sary.
Sallanyp öýden çykaňda,
Diýsinler: «Kimiň ýary?»
***
Boz atym bozalandy,
Ýykyldy tozan aldy.
Meniň dostum – Baýram jan,
Ajaýyp gözel aldy.
***

Boýlaryň munça uzyn,
Billeriň bir gylça ýok.
Ballym seni halapdyr.
Özge gyzlar sençe ýok.
***
Börük tikdim gowuja,
Salan nagşym güllüje.
Gel, boýdaşym Miwejan,
Küşt depeli bileje.
***
Bu baglar biziň bolsun,
Miwesi üzüm bolsun.
Agamyň, gelnejemiň,
Gül ömri uzyn bolsun.
***
Bu gün howa yssydyr,
Öýmüz ýoluň üstüdir.
Öýmüzdäki jahyllar,
Öz agamyň dostudyr.
***
Bäş-bäşiň bor ýigrim bäş,
Gara gözli, galam gaş.
Dostumyň alan gelni,
Özi bilen ýaşytdaş.
***
Wepasyzdan ýar bolmaz,
Binamysda ar bolmaz.
Daban derin siňdirip,
Zähmet çeken hor bolmaz.
***
Maşyn gelýär aýlanyp,
Gyzlar gelýär şaýlanyp.
Çyk-da gözle, jan dostum,
Ýaryň gelýär saýlanyp.
***

Gaýradan jan, gaýradan,
Ak çargadyn ýaýradan.
Toý-tomaşa bolanda,
Şirin dilin saýradan.
***
Gaýra-gaýrada galdy,
Peýkam ýarada galdy.
Ýarymdan aýra düşdüm,
Daglar arada galdy.
***
Garaja aty çaparlar,
Üstüne mahmal ýaparlar.
Gaýgy etme, jan dostum,
Saňa-da birin taparlar.
***
Gara saçyň desse-desse,
Her tary ýere ýetse.
Meň mähriban boýdaşym,
Maksat-myrada ýetse.
***
Gapymyzda kejebe,
«Un sep!» diýdim ejeme.
Baryp aýdyň agama,
Garaşsyn gelnejeme.
***
Gapymyzy kim kakar?
Şuwlap duran ýel kakar.
Gelmän geçen gybatkeş,
Gelnejeme at dakar.
***
Gitdim dagyň başyna,
Büdüredim daşyna.
Aýralygy bilmezdim,
O-da düşdi başyma.
***

* 10. Sargyt № 2693

Gögüň ýüzi gök çüýşe,
Dograp düzseler çişe.
Şonda-da dönmen senden,
Çekme ýarym endişe.
***
Gözüm seni gözleýir,
Dilim seni sözleýir,
Göwnüm seni isleýir,
Boldum sensiz diwana.
***
Çişlik etdim düşmedi,
Söndi odum, bişmedi.
Ýaşlykda bir gyz söýdüm,
Emma maňa duşmady.
***
Gulagymda aý halka,
Bilezikli bilegim.
Agam ogly öýlendi,
Ýerne düşdi ýüregim.
***
Gülgünedir köýnegim,
Gülden akdyr bilegim.
Ýar üstüme ýar söýse,
Şonda ýanar ýüregim.
***
Gyýma gara gaşyňa,
Mydam taýýar ýumşuňa.
Men saňa aşyk bolup,
Myhman geldim gaşyňa.
***
Gaýradan keýik gelýär,
Gül gowsun iýip gelýär.
Gelin bolýan boýdaşlar,
Aşygny söýüp gelýär.
***

Gaýramyz salma-salma,
Salmamyzdan suw alma.
Saňa diýýän jan, dostum,
Aşyk bolman gyz alma.
***
Garlawaç gaýasynda,
Baglaryň saýasynda.
Dostum bir gyz söýüpdir
Ajyýap obasynda.
***
Garşymyzdan ýel gelmez,
Ak kagyzdan pul bolmaz.
Meniň oglum Kadyr jan,
Aşyk bolman gyz almaz.
***
Gapyňyz atly bolsun!
Saçagňyz etli bolsun!
Toý tutýan jemagatlar,
Toýuňyz gutly bolsun!
***
Gazal aýtmak gowy zat,
Ak mermerli Aşgabat.
Doganmyň aljak gyzy,
Orta boýly, perizat.
***
Garadyr galam-gaşyň,
Palawdyr iýjek aşyň.
Gaýgy etme gelneje,
Tüýs duşupdyr ýoldaşyň.
***
Garlawaç gaýyp uçar,
Ganatyn ýaýyp uçar.
Agamyň alan gelni,
Şaňňyrdap töre geçer.
***

Gapyňyzda pürli agaç,
Pürün kakmaga geldik.
Uzak-uzak ýollardan,
Gazal çekmäge geldik.
***
Gapymyzda bag ekjek,
Şu gazaly men çekjek.
Işde özüm görkezip,
Göribiň için ýakjak.
***
Gapymyzda bakjamyz,
Böwrümizde bukjamyz.
Gelin almaga barýas,
Ýeňil bolsun ökjämiz.
***
Gaty-gaty ýortalyň,
Toýa owlak elteliň.
Dostumyň alan gyzna
Zerli çargat örteliň.
***
Gaşyňa jan gaşyňa,
Gül sanjaýly başyňa.
Şular ýaly deň-duşlar,
Her gün girsin düýşüňe.
***
Gezelenç etdim kenara,
Çyrmaşyp çykdym çynara.
Baýramyň alan gyzy
Meňzeýär alma-nara.
***
Geldik biz-ä, geldik biz,
Gyz almaga geldik biz.
Şagadamyň gyzlarny,
Dalaş etmän aldyk biz.
***

Geliň, dostum öýüne,
Don geýdiriň boýuna.
Dünýäde tanyş goýman,
Çagyralyň toýuna.
***
Gelneje sowma ýüzüňi,
Görkez ala gözüňi.
Agam bir söz aýdaýsa,
Inkär etme sözüni.
***
Gelnejem gelýär ýasanyp,
Ýaşyl çargat bürenip.
Küşt depmäge çykypdyr,
Tawus kimin daranyp.
***
Geçýärsiň her ýan, her ýan,
Dünýäm bilen sür döwran.
Şonuň bilen süräýseň –
Janyňda galmaz arman.
***
Gözeliň görki gerek,
Özüne erki gerek.
Nobatberdiň toýunda,
Şadyýan gülki gerek.
***
Oýun tutmaň söýgini,
Soňra etmäň gaýgyny.
Birden bilip bolmaýa
Ýürekdäki duýgyny.
***
Gözellige ilkinji –
Gara gaş hem göz gerek.
Ol gözleri güldüren,
Şirin dilli söz gerek.
***

Gözellermiz ýagşydyr,
Toý bezegi bagşydyr.
Ähli türkmen gyzlary,
Toý-tomaşaň nagşydyr.
***
Görüň açyk howany,
Gitsin oýnuň dowamy.
Didaryň alan gyzy,
Gyzlaryň nowjuwany.
***
Moda köýnek a:t eken,
Geýseň solýan zat eken.
Söýgi diýen agyr dert,
Ýanyp duran ot eken.
***
Gülgüli gülek bolar,
Daraýy solak bolar.
Bu köýnegiň üstüne,
Aý halka gerek bolar.
***
Gül ýolsaň, düýbünden ýol,
Düýbünde derman galmasyn,
Gyz alsaň, söýşüp algyn,
Janyňda arman galmasyn.
***
Günortadan, öýleden,
Gözüm gitmez şeýleden.
Uzyn boýly, gara göz,
Şoldur bizi Leýli eden.
***
Gum içiniň selini,
Süýtli sygryň ýelini.
Nebitdagyň maraly
Agasy öýniň gelni.
***

Gyrmyzy köýnek köp bolsa,
Birin geý-de, birin sat.
Öýlenmedik oglansyň,
Saýlap-seçip, habar gat.
***
Gyş geçdi, çykdyk ýaza,
Daranşyň meňzär gaza.
Öz doganmyz Aýköşek,
Geýsin täzeden-täze.
***
Dag başynda maýsalar,
Şoňa eltip goýsalar.
Saňa Zöhre – maňa Tahyr,
Diýip, nika gyýsalar.
***
Dagda bugdaý sereýin,
Aç ýüzüňi göreýin.
Dört örümli saçyňa
Gülap suwun bereýin.
***
Söýgi durmuşyň güli,
Göz bilen gaşda bolar.
Söýgiň tutaşýan wagty
On sekiz ýaşda bolar.
***
Söýüşip durmuş gurmak,
Hem abraý, hem-de bagt.
Söýenini almasa,
Hem gyz köýer, hem ýigit.
***
Suw akar süle-süle,
Gyz geler güle-güle.
Şu zamanyň gyzlary
Meňzeýär gyzyl güle.
***

Suw akar, sillendirer,
Bakjany güllendirer.
Öz didämiň alany,
Lallary dillendirer.
***
Suw akar aryk bilen,
Bulanar balyk bilen.
Ýüzüň derin sylaýyn
Täzeje ýaglyk bilen.
***
Ýigide ýer bolmazmy,
Ol maralyň bagynda.
Öňüne bir gyz geçmez,
Owadanlyk babynda!
***
Iki goçuň kellesi,
Bir gazanda gaýnamaz.
Öýlenmedik ýaş oglan,
«Ýarym» diýip aýnamaz.
***
Säher sabada galdy,
Gämim derýada galdy.
Ganmadym ýar lebinden,
Haýp, ol ýada galdy.
***
Kiçijik aty çaparlar,
Üstüne mahmal ýaparlar.
Gaýgy etme, aý oglan,
Saňa-da birin taparlar.
***
Kyndyr gyzyl gül tapmak,
Gyzyl güle dil tapmak.
Gören gyza lak atýan,
Gezip ýören tüýs akmak.
***

Men bir çagajyk bolsam,
Aglasam, ynjyk bolsam.
Seniň kimin gözeliň,
Boýnuna monjuk bolsam.
***
Elim çermäp işledim,
Alma aldym dişledim
Agam jana bermedim,
Ýaryma bagyşladym.
***
Elim elwan awçysy,
Gözüm ýoluň sawçysy.
Küşt depjek diýip aldady,
Gyzlaryň aldawçysy.
***
Daňdan gördüm bir düýşi,
Oýandyrdy deň-duşy.
Baryň aýdyň, şol gyza,
Salmasyn gyzyl dişi.
***
Ýaryň ýaglygynda nar,
Bilmen köňlünde ne bar?
Geler wagty gelmedi,
Biz bu ýerde intizar.
***
Ýaglygmyzyň gülleri,
Owkalasaň bozular.
Akylly gyz näz bile,
Öýkelese ýazylar.
***
Nädeliň-ä, nädeliň,
Toý palawyn dadalyň,
Eger rugsat berseňiz,
Öýli-öýmüze gaýdalyň.

## Söwdügim

*(Üç depim görnüşinde ýerine ýetirilýär)*

Bu gün meniň gözüm düşdi,
Gara gözüňe seniň.
Gözüm düşdi aklym çaşdy,
Aý dek ýüzüňe seniň.
Gulak saldym höwes bilen,
Şirin sözüňe seniň.
Gözüm sürtüp, ýürek ýyrtyp,
Bakdym yzyňa seniň.
Galam gaşly, hünji dişli,
Güler ýüzli söwdügim, baý-baý.
***
Bu dertden gutar meni,
Kösäp, gynap öldürme.
Rehm et-de, oka hatym,
Hiç adama bildirme.
Ýaman görüp, masgaralap,
Näsazlary güldürme.
Sensiz maňa dünýä haram,
Gözüm ýaşa doldurma.
Aksyn ballar, bitsin güller,
Şirin sözli söwdügim.
***
Ballar akýan dil bilen,
Güller bitýän eliň bar.
Ýat illerde kän gezip men,
Husny-roýuňa intizar.
Aýda-ýylda görmesem,
Jahan bolar maňa dar.
Oýnap, gülüp çyrmaşyp,
Derdinişsek bir gije ýar,
Arman galmaz bu janda,
Gara gözli, söwdügim.
***

Gijeler gopgun turýar,
Sen düşeňde ýadyma.
Ýedi yklym haýran bolýar,
Seniň husny, adyňa,
Ýigitler bir ah çeker.
Sen ýöräňde badyňa,
Gyýa-gyýa bakanyňda,
Gören ýanar oduňa,
Ýakyp ýörme, hoş sözüň diý,
Akja ýüzli söwdügim.
***
Eý söwdügim, geç şeýlä,
Bir boýuňy göreýin.
Gijeler ýuwaş ýöräp,
Golaýyňa baraýyn,
Gulaç saçyň çözülse,
Özüm örüp bereýin.
Jellat alsa janymyz,
Ilki özüm öleýin,
Ölsem ýeriňki, ýogsa seňki,
Diýişeli, söwdügim.
***
Söýüşeli söwdügim,
Ýogsa bir gün satarlar,
Göz bagladyp, dost agladyp,
Düýpsüz guýa atarlar.
Düýpsüz guýyň düýbünde,
Bir näkese çatarlar,
Sen bir gül, men bir gunça,
Seni oda iterler,
Sen meni söý, men-de seni,
Söýüşeli söwdügim.
***

Çyrmaşaly söwdügim.
Zöhre-Tahyr dek bolup
Göz gypyşyp, gaş kakyşyp,
Şady-horram şat bolup,
Mejnun çykdy çöllere,
Leýliden aýry galyp.
Gözi çyksyn duşmanlaryň,
Içi ýansyn ot bolup,
Gijeler bir ýerde duşup,
Söýüşeli söwdügim...

## Agylar

Alma mende, nar mende,
Bakja mende, bag mende,
Meniň balam ölüpdir,
Şonuň ody bar mende.
***
Aman, aman, Allajan,
Eden işiň ne ýaman,
Aman, aman edeýin,
Toba-tagsyr edeýin.
***
Besläp bedew münenim,
Saýlap gözel alanym,
Dabarasy dag aşanym,
Tarkyldysy ýer deşenim,
Eý jan, balam, balam-ow.
***
«Garyp öldi» diýdiler,
Üç günden soň duýdular,
Haýyr üçin ýuwdular,
Sogap üçin gömdüler.
***
Gije çyra ýakanym,
Gündiz ýüzňe bakanym,
Ah diýende agdardym,
Wah diýende dönderdim.
Ýaraşyklym bal guzy,
Indi neneň ederkäm?!
***
Gülüm gitdi, gülüm gitdi,
Gülümden bilbilim gitdi.
Meni gamhanada goýup,
Ahyret jaýyna gitdi.
***

Daglaryň gary gitdi,
Eridi, bary gitdi.
Meniň balam öleli,
Ýüregmiň sary gitdi.
***
Daglaryň başy ýanar,
Ot düşer, daşy ýanar.
Gara dagyň ýykylsa,
Ýüregiň başy ýanar.
***
Dona sygmaz bilekli,
Içe sygmaz ýürekli.
Arslana haý beren.
Arslanzadam ogul-eý.
***
Ýörände ýer böwsenim,
Gülende gül öwsenim,
Gülküsi gün ýaşyranym,
Ukusyz daň atyranym,
Eý jan, balam, balam-ow.
***
Tez maral dagda mälär,
Dagdan aşanda mälär.
Ynsan eziz baladan,
Aýra düşende aglar.

## Çäýnekde çaýyň galdy

Çäýnekde çaýyň galdy,
Käsede paýyň galdy,
Ak öýleriň içinde,
Söýgüli ýaryň galdy.

Ojak doly kül galdy,
Sandyk doly pul galdy.
Çagalaň ýetim galdy,
Ýanýoldaşyň dul galdy.

Gözeliň yzda galdy,
Gyratyň dagda galdy,
Aýny diýen wagtyňda,
Kuwwatyň dyzda galdy.

## Sopym - aý

Ojak doly kül galdy,
Sandyk doly pul galdy,
Baş ýoldaşyň dul galdy,
Eý-waý, Sopym, Sopym-aý.

Çölde ýaýyk ýaýdyran,
Kentde pagta saýdyran,
Zady boldan gaýdyran,
Wah-wah, Sopym, Sopym-aý.

Ýandaklaryň bag ýaly,
Gyzganlaryň dag ýaly,
Her bir sözüň ýag ýaly,
Wah, jan, Sopym, Sopym-aý.

Indi bizde ýokdur baş,
Awy boldy nanu-aş,
Çagalaryň örän ýaş,
Eý-waý, Sopym, Sopym-aý.

## Ýaremezanlar

Oraza geldi haý bilen,
Bir meleje taý bilen,
Taýy batga batanda,
Çykardylar haý-haý bilen.
***
Oraza geldi ilerden,
Tutdy halkyň bilinden,
Öldüm-öldüm diýende,
Aldy baýram elinden.
***
Ýokarda bir Aý bar,
Ýüzi gyzyl ýaý bar,
Bereketli saçakda
Bize goýlan paý bar.
***
Sary çanak sarlaşdy,
Sargan beriň, haý baýlar!
Gury çanak çatlaşdy,
Mesge beriň, haý baýlar!
***
Ýaremezan aýlary,
Geldi-geçer baýlary,
Merediň on dördünde,
Ýalkym saçar aýlary.
***
Aş bişiriň, düşüriň,
Içip gitsin tütätin.
Ýowşan ýygyp ýol açyň,
Geçip gitsin tütätin.
***
Tütätin-ä, tütätin,
Tütätine nä gerek?
Çogum-çogum biz gerek,
Iňňe ujy tiz gerek.
***

Hellesi-ä, hellesi,
Köne köwüş pellesi.
Ataň saňa paý goýdy,
Gotur geçiň kellesi.
***
Biz-ä sizi baý gördük,
Tüýnügiňizden Aý gördük,
Altyn bilen apardyk,
Kümüş bilen gopardyk.
Aşa atarlyk duz beriň.
Hoja gelinlik gyz beriň.

* 11. Sargyt № 2693

# Sanawaçlar

## Oýun sanawaçlary

Apak-mapak,
Ýagly ýüpek.
Mundan geç-de.
Sen çyk!
***
Ak teňňe,
Gök teňňe,
Çyk, ýeň-de!
***
Apban,
Sapban,
Syryl,
Seçil,
Gutul!
***
Çymçyk,
Çymyldyryk.
Sen gal,
Sen çyk!
***
Hütdi-hütdi,
Bilbil ütdi.
Çekdi kömür,
Çek aýak.
***

Ekem-ekem,
Arpa çekem,
Ýola bakam,
Gözüm dikem.
Gyzyl towuk,
Gyrma towuk,
Jyňňyrdawuk,
Çek, aýak!
***
Öw-öwek,
Towşan döwek.
Bilbil saýrar,
Sesi ýaýrar,
Derýa akar,
Suwun çeker.
Gökde ümür,
Çökdi kömür,
Çek, aýak!
***
Gözel-göş,
Ýagly-döş,
Tanka-daş,
Galam-gaş,
Harmana barsaň,
Omman aş!
***
Iňňä-iňňä,
Ujy diňňä.
Bal-balyn-a,
Şek-şekin-ä,
Çotur geçi,
Gotur geçi.
Gola geçi,
Möle geçi,

Halalaň-hapbaň,
Güleleň-güpbeň.
Ýaryl-böwsül,
Çomakaý-çortakaý
Däne-düýne,
Dömme-däh!
***
Eý taýak,
Eýman taýak.
Eýesi başyn,
Iýen taýak.
Gyl guýruk,
Gulandan ýüwrük,
Ýüz müň goýun
Bakgan taýak!
***
Eý taýagym,
Eziz taýagym.
Suwda gaýygym,
Dagda keýigim.
Tutdum gola,
Çykdym düze.
Ýagşy-ýaman,
Etme güman,
Özüň saýla!

## Zyrrymlar

Elek-elek,
Çarhy pelek,
Çokaý dolak,
Myrat golak
Z-y-r-r-y-m-m…
***

Elek-elek,
Çarhy-pelek,
Ol obada Çary golak,
Köýnek-balak,
Zak-zuk!
Z-y-r-r-y-m-m…

## Aşyk oýnalanda aýdylýan sanawaçlar

Bir aşygyň bit iýsin,
Iki aşygyň it iýsin,
Üç aşygyň üçege zyň,
Dört aşygyň töre zyň,
Bäş aşyk bile, gel, oýna!
***
Aşyk oýnasaň ozarsyň,
Top oýnasaň tozarsyň,
Çilik oýnasaň çilersiň,
Haçan oýna döz gelersiň?

## - Aýterek! - Günterek!

– Aýterek!
– Günterek!
– Bizden size kim gerek?
– Saýrap duran dil gerek!
– Dilleriň haýsy gerek?
– Baharjan gerek!

## Ýagyş ýagara geldi

Ýagyş ýagara geldi,
Saman suwara geldi,
Gyzlar oýnara geldi,
Heýjanelek-jan elek,
Gyş aýrylyp, ýaz geldi.
Oglan gaçyp, gyz kowýan
Täze zamana geldi.

## Gün çykdy

Gün çykdy,
Gülälek çykdy,
Harman başyna –
Jäjek çykdy.

## Gyz gördüm

Depä çykdym düz gördüm,
Gök köýnekli gyz gördüm.
Gök köýnegi dyzyndan,
Atly ýetmez yzyndan.
Ýeten aty ýorgadyr,
Aýaklary çargadyr

## Ýedigen

Ak at, boz at-iki ýyldyz,
Demirgazyk-ýeke ýyldyz,
Ýedigenim-ýedi ýyldyz,
Ýedi göçer, ýedi gonar,
Sanasaň sogap bolar.

## Haýwanlar we guşlar hakda

– Alty goýun, bäş geçi,
Hany munuň erkeji?
– Erkeji dagda galdy,
Haý-haýladym gelmedi,
Arpa bersem iýmedi,
Çigit bersem doýmady.
***
Şagal-şagal şady beg,
Doňuz-doňuz dody beg,
Ýolbars biziň ýapymyz,
Gaplaň biziň gapymyz,
Aýy biziň akmagmyz,
Tilki biziň tokmagmyz,
Ýylan bizin gamçymyz,
Tomzak biziň toýçymyz,
At-guş biziň ejemiz,
Algyr biziň atamyz,
Gurt biziň gudamyz,
Şagal biziň şadymyz,
Towşan biziň towjagmyz,
Suwulgan biziň suwlugmyz.
***
Hörele, düýäm, hörele,
Hörelemeseň bozlama.
Süýdüňden agaran bolar,
Ýüňünden ýorgan bolar.
Tagty rowan tagtyň bar,
Ala ýüpden nogtaň bar.
Örküjiňe el ýetmez,
Bahasyna pul ýetmez.
Aýryl onuň ýanyndan,

Özüm sagjak düýämi.
Hörele gubam, hörele,
Hörelemeseň köşele.
***
Tüwweý, goýnum, tüwweý,
Süýdüňden sargan bolar,
Ýüňüňden ýorgan bolar,
Tüwweý, goýnum, tüwweý.
***
Düýe köşegin almasa,
«Hörem-hörem» diýerler.
Baýtal gulanyn almasa,
«Törene-törene» diýerler.
Sygyr tanasyn almasa,
«Höwlüm-höwlüm» diýerler.
Goýun guzusyn almasa,
«Tüwweý-tüwweý» diýerler.
Geçi owlagyn almasa,
«Jär-jär, geçim» diýerler.
***
Gak,
Gak,
Gargalar,
Agaç başyn dyrmalar.
Sülgünler şaly bişse,
Ýap içinden ýorgalar.
***
Pyşdyl, pyşdyl, pyşbaga,
Pyşdyllap çykar daga.
Iň ulusy Baýrammyrat
Ol-da gider oýnamaga.
***
Ak kebelek,
Gök kebelek!
Gulagymyň suwuny –
Sor kebelek!
***

Gündogary – alaň,
Günbatary – alaň,
Ilersi – alaň,
Ýylan-içýan,
Şu ortada bolsaň –
Çyk!
Hanyň ogly suwa düşjek.

## Barmaklaryň sanalyşy

Başam barmak – baş getir,
Süýem barmak – süýt getir,
Orta barmak – ot getir,
Ogulhajat – ok atar.
Külem barmak kül atar.

## San sanamak hakdaky sanawaçlar

Bir diýenim – bit,
Iki diýenim – it,
Üç diýenim –üçek,
Dört diýenim – düşek,
Bäş diýenim – bişek,
Alty diýenim – aşyk,
Ýedi diýenim – ýelim,
Sekiz diýenim –serçe,
Dokuz diýenim – darga,
On diýenim – orak,
On birinji – sakarbarak,
On ikinji – baş darak.
***
Birde – taý,
Ikide – aý,
Üçde – saý,

Dörtde – gaý,
Bäşde – maý,
Altyda – laý,
Ýedide – baý,
Sekizde – ýaý,
Dokuzda – naý,
Ondan soň – Garly taý.
***
Bir-e – bir elim,
Ýene – bir elim,
Keten – elim,
Ketiz – elim,
Otuz – elim,
Akgan,
Çokgan,
Dere,
Düz,
Ýüz!
***
Iki sekiz, bir dokuz,
Üç ýigrimi, on dokuz.
***
Iki sekiz, bir dokuz.
Ýigrimi ýerde on dokuz.
***
Iki sekiz, bir ýedi,
On bäş ýerde on ýedi.

## Matal häsiýetli sanawaçlar

Gögüň – diregsizligi,
Ýeriň – ölçegsizligi,
Derýaň – gapaksyzlygy,
Gulanyň – ötsüzligi,

Guşuň – süýtsüzligi,
Ýorganyň – ýansyzlygy.
***
Guşda – süýt ýok,
Gulanda – öt ýok,
Derýada – gapak ýok,
Asmana – direg ýok,
Guma – ölçeg ýok,
Gara suwda – gaýmak ýok,
Okarada – sap ýok,
Ýorganda – ýeň ýok,
Ýumurtgada – tiken ýok...

## Taryhy ähmiýetli sanawaçlar

### Gyzlar zulumdan bizar

Asmanda Aý oýnady,
Çäýnekde çaý gaýnady,
Ojakda çiş jygyrdap,
Çişde kebap bygyrdap,
Abdylla baý gelýänçä
Aýagynda nogaýça.
– Nogaýçany alaly,
Sandykçaga salaly,
Sandykçanyň zülpi ýok,
Zülpünde-de gulpy ýok.
– Aýtmaň ony deň-duşlar,
Aýtsaň bolar teň işler.
Aýtmaklyk nämä derkar,
Gyzlar zulumdan gorkýar.

## Bibiş, oglan, köle garşy

Düýe gelýär ýataga,
Boýny doly otaga.
Otagasyn beýik gördüm,
Çar derede keýik gördüm.
Keýik gelýär böke-böke,
Gözýaşyny döke-döke.
Hanyň gyzy Ogulbike,
Ýör gideli köle baka.
Köle barsaň gamyş bar,
Bazara barsaň kümüş bar,
Oba gelseň ýumuş bar,
Ol obada Bibiş bar.
Bibiş, oglan, köle garşy.

## Bike nireden ylgap gelýär?

Bike nireden ylgap gelýär?
Saçy ýele galgap gelýär.
Ýolsuz ýerden ýol salma, gyz,
Ýüzi täze, ter alma, gyz.
Bike tas gaçypdy salma,
Salmadan ätläp suw alma.
Işigmiziň agzy künji,
Bikäniň boýnunda hünji.
Gara gozli owadan gyz –
Ýaş ýigidiň göz guwanjy.

## Duşman ýoly bozular

Depdim sandyk açyldy,
Düwmeleri saçyldy.
Birje düwme aljakdym,
Gyz etegne saljakdym.
Gyzlar peçek, men seçek,
Ortamyzda berk ýüpek.
Berk ýüpegiň tary men,
Gök pürçegiň zary men.
Berk ýüpek sozular,
Duşman ýoly bozular.
Duşman ýykan Köneürgenç
Indi basym düzeler.
Günde-günde toý bolsun,
Küýze doly maý bolsun!

## Bir ýigide bolar aw

Bu gün aýyň üçüdir,
Ilerimiz gaçydyr.
Gaçydan geçen kerwen.
Hatam baýyň göçüdir.
Hatam baýyň göçünde –
Maýa bozlar içinde.
Annabike yranyp,
Barýar çabdyn bürenip,
Geýenleri ala-tow –
Bir ýigide bolar aw.

## Gözle, gelneje

Üşedim-ä, üşedim,
Dagdan alma daşadym.
Almajygym aldyrdym,

Gulpajygym ýoldurdym,
Hana habar bildirdim.
Handan gelen bäş atly,
Içinde biri ýaş atly.
Ýaşyl dony egninde,
Güýç-kuwwaty bilinde,
Gujur-gaýraty çigninde.
Boýy uzyn çiňrikdir,
Dogan ýeri daňrykdyr.
Daňryk-daňryk dallyja.
Bişiren aşy gyllyja.
Görmäge oňat ýigit,
Çyk-da gözle, gelneje!

## Tüýdül – tüýdül tüýdügim

Tüýdül-tüýdül tüýdügim,
Akja eşek bakdygym,
Ak üzümi ýoldugym,
Ak bazara saldygym,
Gyzlar bilen iýdigim.
Gyzlar peçek, men peçek,
Ortamyzda göş pyçak.
– Göş pyçagyň gyny kim?
– Göş pyçagyň gyny men.
Tar-tar ýüpek dini men.

## Buşlugyma näm berjek?

Şaplaw jana, şaplaw jan,
Çaýyň käsä guý-ow jan.
Akja guşuň kellesi,
Alyşmanam guda jan,
Berişmenem guda jan.

–Dagdan aşyp daýyň gelýär,
Buşlugyma näm berjek?
Arkaň doly şaý berjek.
...Şaplow jan-a, şaplow jan,
Çaýyň käsä guý-ow jan!

## Ýigit gelýär

Gaýradan atlar boşandy,
Öňüne güller düşendi.
Haýyp, meniň ýaglygym,
Perman ogly guşandy.
Perman ogly perişde,
Geler-gider hemişe.
Tagt üstünde tomaşa,
Bir gyz gördüm alaja.
Dükür-dükür at gelýär,
Çykyň gyzlar, kim gelýär?
Çaluwçysy ýanynda,
Çalma guşak bilinde,
Şabat gitse – şaýlanjak,
Hywa gitse – öýlenjek,
Ner boýly ýigit gelýär.

## Degirmeniň ak daşy

Degirmeniň ak daşy,
Akar gözümiň ýaşy,
Daňdan ukym aldyrman,
Säher ýelin çaldyrman,
Baş ýassygym degirmen,
Ýan düşegim kendirik.
Elim gitmez sapyndan,
Gözüm gitmez topundan.

## Yzmykşiriň minarasy

Yzmykşiriň minarasy,
Ot alypdyr gözarasy,
Gassaplaryň kenarasy,
Gapyrgasy-şypyrgasy,
Uly gazan ortasy.

## Owlak bakýar ekeni

Bu gün aýyň üçüdir,
Tätekiniň göçüdir,
Tätekiniň göçünde,
Maýa güller içinde,
Süýji arzuwa baglanyp,
Gelnejem otyr sallanyp.
Sallananda saz eder,
Her gülende ýaz eder.
Barjak ýerim Baljanly.
Baljanlynyň gyzlary,
Owlak bakýar ekeni.
Ýigitlere näz edip,
Için ýakýar ekeni...

## Gar ýagýar

Gar ýagar-a, gar ýagar,
Gamyşlykdan gün dogýar.
Ýylan ogly ýylkyçy,
Iň kiçisi topukçy.
Topukçyda hakym bar.
Alny sakar atym bar.
Atym berseň uçaýyn,
Gök kümmeze ýeteýin.
Gök kümmeziň kildi ýok,
Jan agamyň jany ýok.

Agam meni okatdy,
Gara saçym daratdy.
Gulan geldi «guk» diýdi,
Guýrujagy «jyk» diýdi.
Tabakda suw tolkunlar,
Suwda balyk balkyldar.
Maňňyşlagyň maň goýny,
Mäläp gelýär amana.
Asyýanyň ak uny,
Tozap gelýär amana.
Yzyndaky oglanjyk,
Aglap gelýär amana.

## Ýüzüň aýna gapagy

Ýüzüň aýna gapagy,
Boýnuň alma sapagy,
Ýaňaklaryň ýaş alma,
Dodaklary ter hurma.
Bagyň almasy,
Bagdat hurmasy,
Nilgär küýzesi.
Gawunda – zamça,
Sürüde – erek,
Guşlarda – barak,
Ojarda – sazak,
Gapyda eňsi –
Enesi ýaňsy.

## Bagym, bagym, bagymda

Bagym, bagym, bagymda,
Otlar gögär bagymda.
Dagdan güller alaýyn,

* 12. Sargyt № 2693

Altyn gopuz çalaýyn,
Gopuzym meň ilmejik,
Ilmejikde hakym bar.
Jyňňyr-jyňňyr okum bar.
Okum başyn kerteýin,
Ýeňňem öýne ýortaýyn.
– Ýeňňe jan-a, ýeňňe jan,
Öýüňe gelen kimjagaz?
– Daýym ogly Musajyk
Eli-goly gysgajyk.
Otursa ojak boýly,
Turanda tagan boýly.
Çekirtgeden çeýejik,
Şam gyzyldan şaýyjak.
On barmakda on ýüzük.
Ýüzük suwun içerler,
Egremçeden geçerler.
Egremçe eýläk-beýläk,
Gurbaga dalak-dalak,
Gurbagany kaklarlar,
Esen jana saklarlar.

## Kümüş tapdym

Ýörmeläp ýola düşdüm,
Ýoldan bir kümüş tapdym.
Kümüşi baýa berdim,
Baý maňa däne berdi.
Dänäni guşa berdim,
Guş maňa ganat berdi.
Ganatly göge uçdum,
Bir täsin jaýa düşdüm.
Tamdan taraşa düşdüm,
Zülpi ýaraşa duşdum.
Agama guýlan aşy,
Selman bisyrat içdi.

Selmany kowalaý-kowalaý,
Ýoldan bir gamçy tapdym.
Gamçyny bege berdim,
Beg mana ýüpek berdi.
Ýüpegi gyza berdim,
Gyz maňa ýaglyk berdi.
Ýaglygy suwa saldym,
Suw maňa balyk berdi.
Balygy garra berdim,
Ol maňa dary berdi.
Daryny towga berdim,
Towuk ýumurtga berdi.
Ýumurtgany oda gömdüm,
Paklap ýarylyp gitdi...

## Ýumalandym, ýumak tapdym

Ýumalandym, ýumak tapdym,
Içinden başdarak tapdym.
Daragy mamama berdim,
Mamam maňa köke berdi.
Kökäni çaga berdim,
Çaga oýunjak berdi.
Oýunjagy çopana berdim
Çopan maňa taýak berdi.
Taýagy daýyma berdim,
Daýym maňa gamçy berdi.
Gamçyny ýere urdum,
Ýer maňa jöwen berdi.
Jöweni derýa zyňdym,
Derýa maňa köpük berdi.
Köpügi tuda çaldym,
Tut maňa ýaprak berdi.
Ýapragy sygryma berdim,

Sygyr maňa süýt berdi.
Süýdi bişirip otyrdym,
Garga gelip «gak» etdi,
Serçe gelip «jüýk» etdi,
Towşan gelip «wyýk» etdi,
Gurbagalar «wark» etdi...
Uly apam ululyk etdi,
Kiçi agam kiçilik etdi,
Ýeňňelerim gaçalak etdi,
Süýdüm dökülip gitdi...

## Hapyz agam

Hapyz agam öýdemi?
Öýde bolsa, daş çyksyn.
Göwher gylyç duldamy?
Dulda bolsa, daş çyksyn.
Bedew atlar bagdamy?
Bagda bolsa, daş çyksyn.
Gulan-keýik çöldemi?
Çölde bolsa, daş çyksyn.
Owlak-guzy düzdemi?
Düzde bolsa, daş çyksyn.
Gulan oty oýdamy?
Oýda bolsa, daş çyksyn.
Bedew atyň üstüne,
Zerden jullar ýaraşar.
Zerden jullar üstüne,
Tylla eýer ýaraşar.
Tylla eýer üstüne,
Hapyz agam ýaraşar.
Hapyz agam biline,
Kemer guşak ýaraşar.
Ol guşakdan asmaga,
Kesgir gylyç ýaraşar.
Kesgir gylyç kesmäge,
Duşman kelle ýaraşar.

Duşman kelle gömmäge,
Ürgün çäge ýaraşar.
Ürgün çäge üstüne,
Süýtli galgan ýaraşar.
Süýtli galgan iýmäge
Sary sygyr ýaraşar.
Sary sygyr sagmaga,
Akja gelin ýaraşar.
Akja gelin eline,
Akja bäbek ýaraşar.
Akja bäbek öňüne,
Akja okara ýaraşar.
Akja okara içine,
Akja palaw ýaraşar.
Akja palaw iýmäge,
Akja dişler ýaraşar.
Akja dişi köwmäge,
Akja gurçuk ýaraşar.
Akja gurçuk iýmäge,
Akja towuk ýaraşar.
Akja towuk almaga,
Gökje şagal ýaraşar.
Gökje şagal kowmaga,
Gökleň köpek ýaraşar.
Gökleň köpek kowmaga,
Kelte çopan ýaraşar.
Kelte çopan eline –
Çokmar taýak ýaraşar.
Çokmar taýak ujuna,
Şaldur-şuldur ýaraşar...

## Babam maňa «haý» diýdi

Babam maňa «haý» diýdi.
«Demir donuň geý» diýdi.
«Demir donuň geýmeseň,

Taýlaklara bar» diýdi.
– Taýlaklaryň näsi bar?
– Uçar-uçar guşy bar.
Uçup gitdi howaga,
Baryp düşdi derýaga.
Derýa suwun guratdy,
Balyjagyn çüýretdi.
Iki adam uruşdy,
Biri gana bulaşdy.
– Onuň ganyn kim ýuwjak?
– Ak sakgally pir ýuwjak.
Piriň getir göreli,
Alyn saçyn öreli.
Birje tary kem bolsa –
Sapak dakyp bereli.

## Şykga-şykga bilezik

Şykga-şykga bilezik,
On barmakda on ýüzük.
Ýüzük suwny içer men,
Egremçeden geçer men.
Egremçe para-para,
Içinde goşa nara.
Goşa narym üzüldi,
Çil ýüpegi düzüldi.
Çil ýüpegiň çöjügi,
Dessemiliň pürçügi.

## Arzym bar!

– Patyşahym, arzym bar?
– Aýt arzyňy!
– Bir ogry tutdum.
– Näler ogrusy?
– Gijeler ogrusy.
– Nämäňi aldy?

– Buzy deşip, bugramy aldy,
Gabymy deşip, gallamy aldy.
Malhanamy deşip,
Sygry goýup, tanamy aldy.

## Aýdyşyk

– Gaýçy, gaýçy!
– Jan-a, gaýçy.
– Goýunlar nirde?
– Ala daglarda.
– Näme otlaýar?
– Ýowşan otlaýar.
– Näme içýär?
– Şerbet içýär...
– Tahýany kim tikdi?
– Keremli Hudaý.
– Hudaý ýoly kaýda?
– Rehimli baýda.
– Rehim edýärmi?
– Käte bolýar, käte ýok.
– Husyt baýyň ýüregi bolarmy päk?
– Ýok, ýok, ýok.

## Ýagdyrmany gitmerin

Torba-tagara getirip,
Doldurmany gitmerin.
Gaty meşik getirip,
Ýumşatmany gitmerin.
Gara bulut getirip,
Ýagdyrmany gitmerin!

## Läle jan

Tokalaň – taň,
Tokalaň – taň.

Taýyp düşdüm, Läle jan.
On barmagymy garyşlap,
Mahmal biçdim, Läle jan.
Mahmaly nirden tapaýyn?
Begden bege çapaýyn.
Begiň gyzy akylly,
Saçy burma käkilli,
Beg gyzyndan tapaýyn,
Ustüne postek ýapaýyn.

# Ýaňyltmaçlar

Aý, bujagaz çöpün turşumtyljadygyny.

***

Annaguly agamyň ak eşegi aňňyrdy-da çaňňyrdy. Sypynanda ýüpünden, böküp mündüm üstüne. Syp düşdüm, sypa üstüne dik düşdüm.

***

Arpa nany iýseň, ysytmalatmazak bolar.

***

At özüni sakyrtgalatmazak bolar, towşan özüni mütürikletmezek bolar.

***

Bir bokurdaklan jöwen, bir bokurdaklamadyk jowen. Sen baryp bokurdaklanmadygyndan getir.

***

Bir gaplaň gelýär arlap, arlasa-da arlap, arlamasa-da arlap. Bir syçan gelýär jygyldap, jygyldasa-da jygyldap, jygyldamasa-da jygyldap.

***

Bir towşan ýapa ýarmaşmakçy boldy, yzy bilen menem ýapa ýarmaşmakçy boldum.

***

Bitmedik ýowşanyň düýbünde dogmadyk towşan ýatyr. Körümiz gördi, çolagymyz urdy, kerimiz tapyrdysyny eşitdi, ýalaňajymyz synyna salyp gidiberdi.

***

Böwürde bir ýaraly ýargandak ýargulak tazy ýatyr. Şol ýaraly ýargandak ýargulak tazy bilen ýaraly ýarganlak ýargulaklaşanda, ýaraly ýarganlak ýargulaklaşmaly.

***

Bu jöwen tokmaklanan jöwenmi, tokmaklanmadyk jöwenmi, tokmaklanan bolsa-da tokmaklamak gerek, tokmaklanmadyk bolsa-da tokmaklamak gerek.

***

Bu üzüm turşumtylja üzüm, turşumtylja bolsa-da, süýjümtilje üzüm.

***

Çaýyrlyja çiliň düýbünde çaljaryp ýatan çalja serçe, çorbajygy birje çemçe.

***

Çarynyň çatmasynyň çetinden çal çekirtge çekiräp gitdi, Çary çal çekirtgäni çetinden çekip çatmadan çykardy.
***
Daga towşan barmakçymyş, baryp gumalaklamakçymyş. Gumalagyny tomazak togalamakçymyş.
***
Daşoguzyň daş köçesinde toý tutulyp, dokuz müň dokuz ýüz togsan dokuz tabak tartyldy.
***
Derýanyň aňyrsynda alty garga, bärsinde alty garga, ine,
boldy on iki garga. Gargalary doň kesek bilen togalatsa-da, togalatmasa-da bolar.
***
Derýanyň ol ýüzünde bir garaloňk-garaleňk garga, derýanyň bu ýüzünde hem bir garaloňk-garaleňk garga, şol garaloňk-garaleňk gargalar garaloňklaşjak garaloňk-garaleňk gargalarmy, garaloňklaşmajak garaloňk-garaleňk gargalarmy?
***
Gaýradan kyrk gylguýruk gelýär. Kyrk gylguýrugyň içinde kyrk ýyl gysyr galan gyr gylguýruk gelýär.
***
Gowaçanyň içini kätmenleseňem kätmenlemeli, kätmenlemeseňem kätmenlemeli.
***
Ilerden bir mor öküz gelýär, sag şahyn sol taşlap, sol şahyn sag taşlap.
***
Ilerden gelýän bir topar garaman garaloňk gara garga. Gaýradan gelýän bir topar garaloňk gara garga. Indi sen şu ýerde meniň bilen garaman garaloňk gargalaşsaňam garaman goraloňk gargalaşarsyň. Şeýle diýip, ikisi şol ýerde gargalaşyp başladylar.
***
O Tejen, bu Tejen, künjülije Tejen. Künjüsi çüteje bitenje Tejen.
***
Ol tekjede mäş bar, bu tekjede daş bar, mäşleşmeseň mäşleşjek, daşlaşmasaň daşlaşjak.
***

Ortaradaky gara ýeri tokmaklasaňam tokmaklamaly, tokmaklamasaňam tokmaklamaly.

***

Ol obada bir garry, bu obada bir garry. Ikisi maslahatlaşsa-da maslahatlaşmaly, maslahatlaşmasa-da maslahatlaşmaly.

***

Ol tekjede jüp dükje, bu tekjede täk dükje, täk dükjä jüp dükje, jüp dükjä täk dükje.

***

Saraýda duran gyratyň ýüwrüp bardym ýanyna. Bek ýapyşdym ýalyna. Zyp mündüm, zyp düşdüm, gara ýere dik düşdüm.

***

Sary saçyny syrdyran saryýagyz Sazagy sazanaklatsaňam sazanaklatmaly, sazanaklatmasaňam sazanaklatmaly.

***

Şamyratdan ýykan, şildiräp akan, şor ýerde biten, bir, çiginsiz sap şaly.

***

Tümmejik depäň üstünde dokuz paçak arpa ekdim. Dokuz paçak arpamy keýker-küýker erkek kirpi otlap dur.

***

Ýabyň aňyrsynda kyrk tigirçek, bärisinde kyrk tigirçek, hemmesini goşsaň segsen tigirçek. Segsen tigirçekleşdirseňem segsen tigirçekleşdirmeli, segsen tigirçekleşdirmeseňem segsen tigirçekleşdirmeli.

***

Ýaş pişigiň aýagyny ýaşyl ýüpek ýarmaşmazak bolarmyş, ýarmaşsa-da çyrmaşmazak bolarmyş.

# Ýomaklar

Agzyň nähili, ýyrtylan ýanlyk ýaly.
***
Agzyň nähili, çopan ojagy ýaly.
***
Alkymyň nähili, ymsynan göherdiň alkymy ýaly.
***
Aýagyň nähili, mala ýaly.
***
Bolup gelşiň nähili, aldyrany bar ýaly.
***
Bogazyň nähili, çopanyň tüýdügi ýaly.
***
Boýuň nähili, derýa boýlajak ýaly.
***
Boýnuň nähili, almanyň sapagy ýaly.
***
Bolup gelşiň nähili, däli ýaly.
***
Bolup durşyň nähili, gawunçynyň garantgysy ýaly.
***
Boýuň nähili, igde kakylýan syryk ýaly.
***
Çörek iýşiň nähili, üç günüň ajy ýaly.
***
Dodagyň nähili, arwananyň dodagy ýaly.
***
Dişiň nähili, ýyl aşan süňk ýaly.
***
Eliň nähili, gowurga çemçesi ýaly.
***
Eliň nähili, gara kesewi ýaly.
***

Gözüň nähili, hekge keseklejek ýaly.
***
Gulagyň nähili, ýarty çapady ýaly.
***
Gulagyň nähili, ýelken ýaly.
***
Göwräň nähili, juwaz sokusy ýaly.
***
Gürrüňiň nähili, it otlan ýaly.
***
Haýbatyň nähili, zemzeniň haýbaty ýaly.
***
Injigiň nähili, darty ýaly.
***
Injigiň nähili, ätyşgir ýaly.
***
Maňlaýyň nähili, çäýnegiň gapdaly ýaly.
***
Murtuň nähili, ezilen horazyň guýrugy ýaly.
***
Oturşyň nähili, doňdurylan daş ýaly.
***
Sakgalyň nähili, gumda biten selin ýaly.
***
Sakgalyň nähili, geçiniň guýrugy ýaly.
***
Saçyň nähili, it oýnan ýorunja ýaly.
***
Sypatyň nähili, aýakly garpyz ýaly.
***
Telpegiň nähili, towugyň maslygy ýaly.
***
Tahýaň nähili, ýag golçasynyň dykysy ýaly.
***

Ygyp ýörşüň nähili, tüweleý ýaly.
***
Ýeňsäň nähili, sanaç göteren itiň ýeňsesi ýaly.
***
Ýüzüň nähili, repide ýaly.
***
Ýüzüň nähili, kekene ýaly.
***
Ýüzüň nähili, güne ýatan sanaç ýaly.
***
Iki gözüň kör ýaly,
Gulaklaryň ker ýaly,
Nädip dursuň bu ýerde,
Bir hyzmatyň bar ýaly?
***
Gije gezen ogry ýaly,
Mätdurdynyň sygry ýaly,
Ak eşegiň ýagry ýaly,
Nädip dursuň, sary oglan?
***
Iki çörek, bir zagara,
Git-de öz paýyňy sora.
Seniň ýaly jalataýa,
Baranlaryň ýüzi gara.

# Alkyşlar we dilegler

**Halka, Watana, döwlete we onuň mukaddes nyşanlaryna bagyşlanan dilegler**

Görenleriň gözi dokunsyn.
***
Ilim-ilden, topragym-toprakdan, tugum-tugdan egsik bolmasyn.
***
Il-halkymyň döwleti baky berkarar bolsun.
***
Şöhradyň-şanyň synmasyn.
***

**Perzent, ogul-gyz dünýä inende, at dakylanda edilýän dilegler**

Ady bilen garrasyn.
***
Adyna eýe bolsun.
***
Adyna mynasyp bolsun.
***
Agasy ýaly är ýigit bolsun.
***
Berdim diýip berdigi bolsun.
***
Berildigi bolsun.
***
Durarlyklysy bolsun.
***
Goç-goç ogul bersin.
***
Musulmany bolsun.
***

Ogul-gyzyňa guwan.
***
Ömri uzyn bolsun.
***
Perzendiňe guwan.
***
Uzagyndan begendirsin.
***
Ýaşy uzyn bolsun.

**Gelin toýunda edilýän alkyşlar**

Aýagy düşsün (düşümli bolsun).
***
Alnyňy hak açsyn.
***
Bagtyň açyldygy bolsun.
***
Bagty bilen gelibersin.
***
Gazygyňda garrasyn.
***
Goňşyň gutly bolsun.
***
Gülüp gidip, gülüp gelsin.
***
Iki gözüň dört bolupdyr.
***
Oň bolsun.
***
Seniň ýaly maşgala meniň ogluma-da ýazylsyn.
***
Toýluk bolsun.
***

Toý üstüne toý bolsun.
***
Ýeri-ýurdy düşsün.

**Täze eşik, geýim geýlende aýdylýan dilegler**

Geýip ýyrtmak nesip etsin.
***
Gutly bola (bolsun).
***
Egniňde ýyrtylsyn.
***
Nesip etsin.
***
Toýda tozsun.
***
Toýlarda dakynmak nesip etsin.

**Zyýarata, argyşa, syýahata, gezelenje, bir iş üçin bir ýerden başga ýere gidilende aýdylýan dilegler**

Alla ýaryň bolsun.
***
Daglar geçit bersin.
***
Ämin diýenler didar görsün.
***
Ganatlaryň ujy gyrylmasyn.
***
Gezen ýeriňde sag gez.
***
Haýyrlysy bolsun.
***
Hernä Gaýtarmyş ata dolabersin.
***

* 13. Sargyt № 2693

Hudaý ak ýol bersin.
***
Otursaň ýurt, gitseň ýol gutly bolsun.
***
Orta ýolda atyň ölmesin, orta ýaşda aýalyň.
***
Rowaç tap.
***
Sag-salamat baryp gel.
***
Sag-esen gaýdyp gel.
***
Saňa ýurt nesip etsin, maňa – ýol.
***
Suwlar olum bolsun.
***
Sag-aman gidip, sag-aman gel.
***
Ugur haýyr bolsun.
***
Ugranyňyz ugur bolsun.
***
Ýoluň ak bolsun.
***
Ýoluň açyk bolsun.
***
Ýol bolsun.
***
Zyýaratyňyz kabul bolsun.

**Myhmançylykda, myhman garşylananda, hoşlaşylanda aýdylýan dilegler**

Agyran-ynjan bolsaňyz, razy boluň.
***

Aman-sag örüň.
***
Dilegde boluň.
***
Ertiriňiz haýyrly bolsun.
***
Gelen döwlet, giden mähnet.
***
Giç ýagşy, gelen ýagşy.
***
Gijäňiz rahat bolsun.
***
Hoş wagtyň, hoş geldiň.
***
Hoş gördük.
***
Sag-aman ýatyp-turuň.
***
Saglykda görüşeli.
***
Sag oturyň, aman boluň.
***
Süýjülik bilen gatnaşalyň.
***
Toýda duşuşaly.
***
Toýuňyza geleli.
***
Toýda gatnaşalyň.
***
Uzak gatnaşmak nesip etsin.
***
Ýagşy ýigit toý üstüne.
***
Ýagşyzadalar ýoldaşyňyz bolsun.

**Oňat dilege jogap hökmünde aýdylýan alkyşlar**

Agzyňdan Hudaý eşitsin.
***
Aýdanyň gelsin.
***
Bar bol.
***
Belki, şeýle bolaýady.
***
Bizi sylany Hudaý sylasyn.
***
Dilegiň Alla gowuşsyn.
***
Dilegleriňiz hasyl bolsun.
***
Hudaýa şükür.
***
Maksadyňyz hasyl bolsun.
***
Ogul-gyzyň rehmetini gör.
***
Salam getiren sag bolsun.
***
Sizem arzuwyňyza ýetiň.

**Kömek, hemaýat, goldaw, dalda islemek üçin edilýän dilegler**

Agzyňy haýyr aç.
***
Allatagala ugruna etsin.
***
Baý öýüne bereket.
***

Bize-de Hudaý ýetirsin.
***
Dünýe dursun, sen dur.
***
Gaýtarmyş ata, özüň ýetişeweri.
***
Gurbanyň bolaýyn.
***
Hudaý dost diýenini etsin.
***
Hudaý ýol bersin.
***
Işdäňiz açyk bolsun.
***
Iýeniň noş bolsun.
***
Kanagat bersin.
***
Miýesser etsin.
***
Özüň garaşyk et.
***
Özüň gowusyny et.
***
Toýdan ýetir.
***
Ugruna bolsun.

**Kesp-hünär, senet bilen baglanyşykly dilegler**

Aw ganly bolsun.
***
Aw ganly, aw janly.
***

Agzyňa bal, eliňe gül.
***
At arkasy gutly bolsun.
***
Berekella, seniň ussaňa.
***
Dawut pygamber ýoldaşyň bolsun.
***
Eliňe güller bitsin.
***
Eliň ýüwrük bolsun
***
Elleriňe guwan.
***
Hemişe atyňyz ozsun.
***
Işiň ileri.
***
Kesbiňden kemal tap.
***
Köki ýaýramyş.
***
Tutan işiň şowly bolsun.
***
Ýanyň ýere degmesin.

**Daýhançylyk, maldarçylyk, söwda-satyk, kär-hünär, zähmet bilen baglanyşykly dilegler**

Arma, armaweriň.
***
Awumyz ganly bolsun.
***

Berekella.
***
Biriň müň bolsun.
***
Çeşmesine bereket.
***
Çäjiňe bereket.
***
Duşman aýagy bagly bolsun.
***
Et ýagly bolsun.
***
Gazananyň ýaşy uzyn bolsun.
***
Harmanyňa bereket.
***
Her dänäň müň bolup gelsin.
***
Höwri köp bolsun.
***
Hudaý saňa kuwwat bersin.
***
Işiň ilerlesin.
***
Malyň-başyň bitin bolsun.
***
Öňüm gelenden – soňum gelsin.
***
Süri başy bolsun.
***
Toýuňa ýarasyn.
***
Tutan işiňiz şowuna düşsün.
***

Tüweleme, tohumyň müňlesin.
***
Ýyl anjaýyn gelsin.

**Bir iş, waka, hoş habar mynasybetli gutlamak üçin dilegler**

Bereket bersin.
***
Göwün diýeniň bolsun.
***
Gözüň aýdyň.
***
Hudaý köp görmesin.
***
Yzy gelsin.
***
Ýurt garşy alsyn.

**Tebipçilikde ulanylýan dilegler**

Beren derdiň dermanyny özüň ber.
***
Derdi-belalar degmesin.
***
Derdiň daga-daşa gitsin.
***
Eliň-gözüň dert görmesin.
***
Emiň-ýomuň şol bolgaý.
***
Meniň elim däl, Lukman Hekimiň eli.
***
Pygamberler ýorgudy bolsun.

## Sadakalarda, aradan çykanlar ýatlananda, orazada edilýän dilegler

Alnyna barsyn.
***
Edenine şükür.
***
Geçdigi bolsun.
***
Jaýy jennet bolsun.
***
Kabul bolsun.
***
Namaz-orazaňyz Allaň dergähinde kabul bolsun.
***
Yzy ýarasyn.
***

## Näsag, syrkaw soralanda aýdylýan dilegler

Aman-sag bäri baksyn.
***
Ahyry gelsin.
***
Ahyry haýyr bolsun.
***
Baş saglygy bolsun.
***
Bäri bakdygy bolsun.
***
Eýesi gaýgyrsyn.
***
Emgek bolup aýrylsyn.
***

Emgegi irsin.
***
Gabyr azabyndan bolsun.
***
Sag-aman eliň-aýagyň gowuşsyn.
***
Soňy düz bolsun.

**Çaga ýogalanda ata-enä, hossarlaryna göwünlik bermek üçin aýdylýan dilegler**

Galanlara uzak ömür bersin.
***
Hudaý ýüregiňe giňlik salsyn.
***
Öwez ogluny bersin.
***
Umytda boluň.
***
Ýüregiňe gar ýagsyn.

**Adam aradan çykanda aýdylýan dilegler**

Iman baýlygyny bersin.
***
Iman äkidenden bolsun.
***
Imanly bolsun.
***
Imany hemra bolsun.
***
Jaýy jennet (uçmah) bolsun.
***

Öýüne nur ýagsyn.
***
Yzy ýarasyn.
***
Ýatan ýeri ýagty bolsun.

**Tebigy bela, erbet habar, pajygaly waka, biriniň, bir ýurduň başyna düşen erbet ýagdaý hakynda eşidilende howpurgamak, penalamak, goramak üçin edilýän dilegler**

Adamlaryň päline gowusyny sal.
***
Başa gelenini sowsun.
***
Başyňyz dik bolsun.
***
Baryny görmäge başym esen bolsun.
***
Belasyndan özi gorasyn.
***
Beterinden saklasyn.
***
Bähbit bola.
***
Daş düşen ýerinde.
***
Daş etsin.
***
Eýgilik bola.
***
Elim ýagşylyga.
***
Gara ölüm gelşi ýaly geçewersin.
***

Göz degmesin.
***
Howul bela, howul bela,
Öz ýolumdan sowul bela.
***
Indikileriň görjegi gowy bolsun.
***

**Edilen ýagşylyga minnetdarlyk hökmünde aýdylýan alkyşlar**

Akan görkli suwuň guramasyn.
***
Alla beren umydyň üzülmesin.
***
Alladan gaýtsyn.
***
Alanyň halalyň bolsun.
***
Ak gyz ýoldaşyň bolsun.
***
Alla sizi namarda zar etmesin.
***
At-abraýyň kemelmesin.
***
Alla işiňi rowaç etsin.
***
Azdyrmasyn, azana duçar etmesin.
***
Alla rysgalyňyzy köp etsin.
***
Azaşanyň ýol tapsyn.
***
Adamlardan ynsap aýrylmasyn.
***

Aşygyň alçy gopsun.
***
Bagtly zamanaň adamy bolsun.
***
Bidöwletiň şerinden Alla saklasyn.
***
Bala-çagalaryňa guwan.
***
Döwletiňiz yrylmasyn.
***
Döwletiňiz artsyn.
***
Dostlaryň şat, duşmanlaryň mat bolsun.
***
Duşmanlaryň başlary aşak bolsun.
***
Ene süýdünden halal bolsun.
***
Eşretiň artsyn.
***
Gara başym gurban bolsun.
***
Gara daglaryň ýykylmasyn.
***
Gideniň gelsin, ýatanyň galsyn.
***
Goşa-goşa ogluň bolsun.
***
Gözden-dilden saklasyn.
***
Görjekleri gowulyk bolsun.
***
Gum diýip garbanyň gyzyl bolsun.
***

Hak size ýamanlyk görkezmesin.
***
Hudaý öz penasynda saklasyn.
***
Hudaýtagala bir ýagşylygy müň edip gaýtarsyn.
***
Hudaýyň özi garaşyk etsin.
***
Hudaýyň özi aňsat etsin.
***
Işiňi Alla aňsat etsin.
***
Il derdine ýarasyn.
***
Işleriňiz rowaç, öýleriňiz abadan bolsun.
***
Iki dünýäň abat bolsun, ýüzüňiziň nury dökülmesin.
***
Kast edenler pes bolsun.
***
Kölegeli agajyň kesilmesin.
***
Namarda zar etme, duşmana giriftar etme.
***
Nähak töhmetden Alla saklasyn.
***
Owal-ahyr buýsançly başyňyz egilmesin.
***
Päliň-niýetiň ýoldaş bolsun.
***
Seniň göwnüň synandan, şeýtanyň boýny synsyn.
***
Taňry ýalkasyn.
***

Toýuňda gaýtsyn.
***
Tüýnügiňiziň tüssesi kesilmesin.
***
Uly Taňry medet bersin.
***
Üç otuz, on ýaşyň dolsun.
***
Üstünlik arzuw edýärin.
***
Ykbalymyzyň oýandygy bolsun.
***
Ýaşyň uzyn bolsun.
***
Ýamanlyk ýüzüni görme.
***
Ýamanyň ýoly aňryk, ýagşynyň ýüzi bärik.
***
Ýaman diliň şerinden özüň sakla.
***
Ýaman gözden saklasyn.

**Harby häsiýetli dilegler**

Çalşanda uz gylyjyň gädilmesin.
***
Çapanda gyratyň büdremesin.
***
Sag-aman geliň.
***
Sizi meniň atam-babam goldasyn.
***
Şahymerdan ýaryňyz bolsun
***

Tüpeňiňiz atgyr, gylyjyňyz kesgir bolsun.
***
Ýaýyňyz ötgür bolsun.
***
Ýeňiş hemraňyz bolsun.

# Yrymlar

**Tagam, çörek, bereket, rysgal-döwlet bilen bagly yrymlar**

Çöregi bir eliň bilen döwseň, döwletiň gaçarmyş.
***
Öňüňe äberilen nahary wagtynda iýmän saklasaň, nahar titrärmiş we rysgal göterilermiş.
***
Çörek bişireniňde, kiçijik kökeler etmelimiş. «Şonda çagaň bolar, köpelip gidersiň» diýlip, yrym edilýär.
***
Çörek almak üçin saçaga iki adam birden el uzatsa, myhman gelermiş.
***
Nahar edinip otyrkaň, dawa-jenjel etmeli dälmiş. Dawa-jenjel kyrk günki rysgalyňa zeper ýetirermiş.
***
Ak zady (süzme, aýran-çal, süýt) ýere dökmek, üstünden basmak günädir.
***
Hamyr syçrasa, öýe myhman gelermiş.
***
Döwen çöregiň bölegini goýsaň, rysgalyň kemeler.

**Toý däbi bilen baglanyşykly dörän yrymlar**

Eger-de ýigidiň ýa-da gyzyň alyn dişleriniň arasy açyk bolsa, ýat, uzak ýerden öýlenýär (durmuşa çykýar).
***
Uly gyz çöregiň gyňagyny iýmegi gowy görse, ýat ýere durmuşa çykarmyş.
***

* 14. Sargyt № 2693

Naharyň kesmegini gowy görseň, toýuňda gar ýagar.
***
Gyz maşgala ýanyp duran ody yza çekmeli däl, toýunyň yza süýşmegi ahmal.
***
Köp ýatagan ýigitler ýaramaz gylykly gyzlara öýlenermiş.
***
Dört örüm saçyň yzky ikisi uzyn bolsa, onda gaýyn öýüň baý bolar, kelte bolsa garyp bolar. Eger-de deň bolsa, ikisiniň baýlygy deň bolar.
***
Käsäniň düýbünde çaý galsa, gyz maşgala üstüne çaý guýmaly däl, eger guýsa, durmuşa çykmasy yza çekilermiş.
***
«Perzendiň gaşy çatyk bolsa, öz garyndaşyň bilen guda bolarsyň» diýilýär.
***
«Eger-de oglanyň ýa-da gyzyň kellesinde iki-üç burma bolsa, onda şonça gezek öýlener ýa-da durmuşa çykar» diýilýär.
***
Uly gyz tikin tikende, sapagyny uzyn sapsa, daş ýere, gysga sapsa, ýakyn ýere durmuşa çykarmyş.
***
Toý saçagynda iki çörek saçagyň üstünde duran wagty aşaky çöregi sogrup alyp döwmeli däl, edepsizlik hasaplanylýar. Üstki çöregi döwmeli.
***
Toýda duz datmak üçin äberilende çöregi iki gezek jübüt döwmeli.
***
Gelnalyjy ugradylanda öz obasynyň gyzynyň alnyp gidilmegine garşylyk hökmünde ýetginjek oglanlar gelnalyjyny «yrym-yrym» edip kesekleýärler.
***

Köçeden gelnalyjy geçip barýan bolsa, eliň bilen maňlaýyňa sylmalymyş. Bu: «Bize-de Hudaý ýetirsin!» diýmekdir.
***
«Eşigimizi mydama toýa geýmeli bolaly» diýen ýagşy niýet bilen, täze eşigi ilkinji gezek toýa geýseň, gowy görülýär.
***
Gelnalyjy gelni alyp gelende gelne, ýigide göz degmezligi üçin ýüzärlik tütedilýär. «Ýüzärlik ähli bela-beterden goraýar» diýlen ynanç halk arasynda ýaşap gelýär.
***
Gelin edinilende, ilkinji gelen güni «Goý, ilkinji perzendi ogul bolsun!» diýlen ýagşy niýet bilen goltugyna ogul bäbek berilýär.
***
Bir obada iki gelnalyjy gabat gelse, çörek alyşmaly, ýogsam çile düşermiş.

**Çaga dünýä inmegi bilen baglanyşykly dörän yrymlar**

Çaga entek dünýä inmänkä, onuň ogulmy-gyzdygyny yrym arkaly bilmäge çalşypdyrlar. Goýnuň kellebaşaýagyny arassalap otyrkalar, äňini ýazdyranlarynda, eger äň arassa bolup çyksa ogul, äň etli gopsa, gyz bolar diýlip çaklanylýar.
***
Toýly aýalyň saçy guraklanyp, tarlary ýognaberse, doglan çaga öýkelek, gaharjaň bolarmyş.
***
Hamyla aýal merhumyň jynazasyna barsa, oňa ýogalanyň kepeniniň sapagyndan ýolup berýärler, eger şeýle edilmese, bolan çaganyň boýny boş bolarmyş (kellesini tutup bilmezmiş).
***
Hamyla gelin agzy bimaza döwründe ýatagan bolsa, doglan çaga hem ýalta bolarmyş, çalasyn, işeňňir bolsa, çaga hem çalasyn, işeňňir bolarmyş.
***

Çaga doglanda, arassalyk üçin kümüş atylan suwa düşürilýär.
***
Saçlary buýra-buýra çaga ot ýaly dogumly bolarmyş.
***
Täze doglan çaga wagtynda at dakylmasa, ol ýaramaz häsiýetli bolup ýetişýärmiş.
***
Çaganyň häsiýeti göbegenesine meňzär. Çaga: «Öz eneme meňzemesem hem, ýerden göterene meňzärin» diýermiş.
***
Çaganyň ilkinji çile saçyny daýysy aýyrmalymyş, ýogsam çaganyň bagtsyz bolaýmagy ähtimalmyş.
***
Ýaş çaga köwüş oýnasa, ogul jigisi bolar.
***
Ýaş çaga eline sübse alyp, içerini syran bolup ýörse, myhman geler.
***
Täze tikilen ýorgan-düşekde ilki bilen çaga togalanylsa, şol ojak «bereketli, döwletli bolar, oram-oram ogully, gyzly bolar» diýlip, yrym edilýär.

**Edep-ekram bilen baglanyşykly aýdylýan yrymlar**

Näsagy soramaga baran wagtyň, näsagyň ýanynda bolan müddetiňi Allatagala ömrüňe hasaplamazmyş.
***
Nahar iýmeklikde nobat ulularyňkydyr. Suw içmeklikde nobat kiçiniňkidir.
***
Üçünji bir adam barka iki bolup pyşyrdaşyp otursaň, perişdeleri gorkuzarmyşyň.
***

Keseki iki adamynyň özara gürrüňine üşerilip, gulak salsaň, araňa şeýtan düşermiş.
***
Gürrüňdeşiňi diňlemän, sözüni orta bilinden kesseň, perişdeleri gaçyrarsyň.
***
Kişiniň kemçiligini ýaňsa alyp, üstünden gülseň, özüň hem kemisli bolarsyň.
***
Ýatan adamynyň üstüne gerinmek, oturan adamynyň üstüne abanmak günädir.
***
Ýuwulandan soň eliňi silkseň, eliňe şeýtan buşugarmyş.
***
Pyçagy birine uzadanyňda sap tarapy bilen uzatmalymyş. Perişdeler gorkarmyş.
***
Barmagyňy näçe gezek şyrkyldatsaň, şeýtan şonça gezek ömrüňi kemeldermiş.
***
Aýak basylýan ýere, ýola kir suw we ak zatlary dökmeklik külli günä.

**Adamyň beden agzalary bilen baglanyşykly yrymlar**

Adamynyň bedeninden bölünip aýrylýan üç zady saçy, dyrnagy, dişi adamlar basgylasa, onuň eýesi keselleýärmiş.
***
Ökjäň gijese, uzak ýola gitjeksiň.
***
Sag gaşyň gijese, dostuňa duşarsyň.
***
Sag gulagyň şaňlasa, gowy habar geler.
***

Adamynyň özüniň görüp bilmeýän ýerinde meňi bar bolsa, bagtly bolarmyş.

**Zähmet endikleri we ekerançylyk bilen baglanyşykly yrymlar**

Köýnek biçip otyrkaň ýadasaň, galan mata bölejigini sag eliňe daňsaň, ýadawlygyň aýrylarmyş.
***
«Ýene-de haly kesmek miýesser etsin» diýen ýagşy niýet bilen haly kesilende ýüpi maňlaýyňa daňmalymyş.
***
Ekin ekilip başlanylanda, eli ýeňil adama ekdirip başlaýarlar.
***
Eger ekin goşadan düwse, (goşa hyýar, goşa gawun, goşa pomidor, goşa nar) oňa «Hydyr gören» diýilýär. Ýanyna dokuz sanysy goýlup, iň ýakyn adamyňa, obadaşyňa sowgat hökmünde iberiler ekeni. Ol hem halatlap-serpaýlap goýberer ekeni, şol maşgalada ekiz çaga bolmagy arzuwlanylypdyr.
***
Gawun bol hasyl getirse 3 gezek 9 gawundan, jemi 27 gawun geçip barýanlara, goňşy-golamlara paýlanylmalymyş. «Babadaýhanyň gawunyny iýmäge geliň, how!» diýip gygyrmalymyş.
***
«Ýabyňyz suwly bolsun!» diýlip, käbir ýerlerde ýaba suw goýberilende, miraby egin-eşigi bilen suwa oklapdyrlar. «Suw bol bolsun!», «Nanly mirap bolsun!» diýip, ýyl gurak gelende täze gazylan ýaba hem miraby oklapdyrlar.

**Tebigat hadysalary we howa ýagdaýlary bilen baglanyşykly yrymlar**

Irden guşlar ýapragyň aşak ýüzünde gizlense, şol gün howanyň yssy boljakdygyny aňladýar.
***

Hozuň gabygy, güýz gawunlarynyň, garpyzlarynyň paçagy galyň bolsa, gyş sowuk bolar.
***
Bişen üzümiň daşy ýalpyldap dursa, güýz hasylly bolar.
***
Güýzde ilkinji düşen gyraw uzak wagtlap ýatsa, gyş garly bolar.
***
Noýabr aýynda ilkinji düşen gyraw uzakly gün ýerde ýatsa, gyş sowuk bolar.
***
Güýzde gyşlamaga gidýän guşlar has ýokardan uçsa, gyş haýal düşer, ýere golaý pessaýlap uçsa, gyş çalt düşer.
***
Towuk gaty ses bilen käkelese, tozanly howa bolar.
***
Pişik asgyrsa, sowuk bolmagyna garaşylýar.
***
Goýun gulagyny kaksa, ýagyş-ýagmyr ýagar.
***
Gargalar bahar gelende suwuň başyna gonup başlasalar, yssy adatdakydan ir düşýär.
***
Garlawaçlar suwuň ýüzünden jügüldäp uçsa, howa bulaşar.
***
Gurbagalar suwdan çykyp, ot-çöplere siňip başlasa, ertesi ýagyş ýagar.
***
Guş bir aýagynyň üstünde durup uklasa, ertesi howa salkyn bolar.
***
Asmanda ýyldyzlar seýrek görünse, ertesi howa bulaşar.
***
Meýdanda kerepler gaýmalaşyp ýörse, gyş gurak we sowuk bolar.
***

Ýazda ýyldyrym köp çaksa, kömelek bol bolar.
***
Noýabr aýynda ülje ýapraklary güýzese (terlense), howa sowuk bolar.
***
Maýyl günde gaz bir aýagynyň üstünde dursa, ertesi sowuk bolar.

***
Ördekler gyşlamaga gidýän guşlaryň «göçünden» galsa, gyş ýyly bolar.
***
Awgust aýynda miweleriň ysy burk urup dursa, güýz bereketli geler.
***
Agşam suwly ýerde buzaw «jürläp» owaz etmese, ertesi dymyk howa bolar.
***
Boş jaýda ýa-da meýdanda, dagda gygyrsaň, sesiň ýaňlansa, howa açyk bolar. Sesiň ýaňlanmasa, ýel turmagy ýa-da ýagyş ýagmagy ahmal.
***
Kagyz gapda duran duz öljerse, ýagyş ýagar.
***
Agşam ýere gyraw düşse, gündiz gar ýagmaz.
***
Agşam ýyldyzlar solgun görünse, ertesi tozanly ýel turar.
***
Soganyň gabygy galyň we gat-gat bolsa, gyş sowuk bolar, ýukadan gelen, az gatly bolsa, gyş maýyl bolar.
***
Tomsuna haşal otlar gol ýaýratman, beýikligine ösen bolsa, gyş garly bolar.
***

Eger-de Günüň ýaşan ýeri süýt reňkli bolsa, gije ümür düşmez.

***

Gije Aý buludyň üstünde bir görnüp, bir ýitse, ertesi düşnüksiz howa bolar.

***

Tomsuň ahyrynda ýerganat uçsa, gyş ir geler.

***

Akmaýanyň süýdi aýdyň görünse, ertesi açyk howa bolar, solgun görünse, ertesi ýagyş ýagar.

***

Gije ýyldyzlar ýere gaçjak bolup lowurdap dursalar, ertesi şemalsyz açyk howa bolar.

***

Aý doganda ýüzi tutuk bolsa, ertesi çygly howa bolar, çygly şemal öwser.

***

Aý doganda, gögümtil şöhle saçsa, ertesi ýagyş ýagar.

***

Täze Aý doganda dury görünse, tutuş aý ýagyş ýagmaz.

***

Aý doganda töweregi ýalpyldap dursa, ertesi ýel turar.

***

Ýaz ygally, tomus çygly, güýz ýyly bolsa, gyş uzak wagtlap dowam eder.

***

Towşan öýüni çuň gazan bolsa, gyş sowuk bolar.

***

Gargalar çüňküni ganatynyň aşagyna sokup otursa, aýazly howa bolar.

***

«Garlawaç pessaýlap uçsa, ýagyn ýagar» diýlip çaklanylýar.

***

Garynjalar hininiň üstüne gum üýşürip, gyşlamaga giden bolsa, gyş sowuk bolar.

***

Güýzde durnalar uçup gidensoň, iki hepdeden soň, sowuk düşer.
***
Güýzüň ahyrynda çybyn köp bolsa, gyş maýyl bolar.
***
Durnalar ir bahardan peýda bolsalar, ýaz ýagynly bolar.
***
Hüwi gygyryberse, howanyň bulaşjagynyň alamaty.

**Nowruz, täze ýyl hakyndaky yrymlar**

Semeni taýýarlanylýan wagty gögeren bugdaýyň gökje maýsasynyň ýüzüni gyrkyp alyp, ony saçbaga dakar ekenler. Sebäbi ol bagt getirýärmiş.
***
Nowruzda semeni bişiren adam ony ýedi öýe dadyrmalymyş. Şonda rysgalyň ýetmiş esse bolup gaýdyp gelermiş.
***
Nowruz gijesi asman bulutly ýa-da dumanly bolsa, ýyl ygally gelermiş.
***
Nowruz güni irden ýere gyraw düşse, toprak hasylly bolarmyş.
***
Nowruzda baglaryň çygly çybyklaryndan damjalar görnüp dursa, agaçlar hasylly bolar.
***
Nowruzda suwuň ýüzi gyrpaklap dursa, tomus salkyn bolar.
***
Nowruzda Aý demirgazykdan dogsa, ýaz sowuk, tomus salkyn bolar, günortadan dogsa, ýaz gurak, tomus jöwzaly bolar.
***
Nowruzda gar, ýagyş ýagsa, ýyl örän ygally bolar.
***
Nowruzda örän yssy bolsa, ýylyň gurak geläýmegi ahmal.
***

Nowruzda doglan çaga bagtly bolarmyş.
***
Nowruzda gargalar gagyldaşyp ýörse, yzyndaky aýda salkyn boljaklygynyň alamaty.
***
Nowruzda täze zat geýseň, şol geýim bagt getirermiş.
***
Nowruzda howa dymyk bolsa, ýaz gurak, tomus örän yssy bolar.
***
Nowruzda şemal demirgazykdan öwüsse, ýaz ýagyşly, tomus yssy bolar.
***
Nowruzda şemal günortadan öwüsse, tomus yssy, epgek bolar.

**Haýwanlar, guşlar hakyndaky yrymlar**

Horaz bosaga gelip gygyrsa, myhman gelermiş.
***
Goýny ýedi ýyllap urman, sökmän, käýinmän bakan çopan Hydyr görermiş.
***
Owuzy gyzgynka iýmeli dälmiş. Täze doglan gölejik ýalmawuz kimin iýermen bolarmyş.
***
Düýe: «Eýämiň ýykyljak ýeri meniň dabanymdanam ýumşak bolsun!» diýenmiş.
***
Mal-gara, öý haýwanlary özleriniň ölümi bilen hem eýesiniň başyna gelen belany sowarmyş.
***
Ýylanyň gowuny garyşlap görseň, eliň hiç haçan derlemezmiş.
***
Düşdüş sallananda, ak düşdüş bolsa, garyndaşyň, gara düşdüş bolsa, dost-ýarlaryň myhmançylyga geljekdir.
***

Öýe guş uçup girse, bagtlylykdan nyşan hasaplanylýar. Türkmen halky öz öýünde höwürtge ýasanan guşa bagtlylygyň alamaty hökmünde garapdyr.
***
Öýüň töweregine pyşdyl gelse, rysgal-döwlet getirermiş. Pyşdylyň çanagynyň üstüne gatyk guýup goýbermelimiş.

**Dürli mazmunly yrymlar**

Gurban baýramynda hiňňildik uçsaň, günäleriň dökülermiş.
***
Pygamber toýy (ak goýun toý) tutulanda, yrym edilip, Muhammet pygamberiň gowy gören tagamy bolan süýtliaş bişirilýär.
***
Söwdagär, daýhan, beýleki hünärdäki adamlar öz görýän peýdalaryny, yrym edip, diňe ýagşy zatlara ulanmaly.
***
Bir ýere baranyňda işigiň agzynda çommalyp oturmaklyk gowy görülmeýär. Garyplyga eltermiş.
***
Jaýa gireniňde, boş jaý hem bolsa salam berip girmeli. Öýüňem eýesi barmyş.
***
Egniň çekse, görüşjeksiň, biri geler ýa-da sen myhmançylyga gidersiň.
***
Aýagyň aşagy gijese, gezjeksiň. Ýol ýörärsiň, oňa-muňa gezelenje gidersiň.
***
Sag eliň aýasy gijese, pul düşjekdir, çep eliň aýasy gijese, pul sowjaksyň.
***
Ýuwluk gören adamynyň elinden suw akytdyryp, şol suwuň sarkyndysyny içmelimiş. Şol suwy içen adam ýuwluk görermiş.
***

Iki adam tirkeşip barýan bolsa, öňünden agaç çyksa, hersi bir tarapyndan geçmeli däl, ara tow düşermiş.

***

Saç daranyňda, daragyň eliňden gaçsa, öýüňe myhman geler.

***

Öýde sykylyk atmak gowy görülmeýär. «Öý boşarmyş» diýilýär.

***

Ýatanyň üstünden ätleseň, boýy kelte bolarmyş.

***

Agzyň bilen çöp dişleseň, akylyň kem bolarmyş.

# Matallar

**Tebigat we tebigy hadysalar hakyndaky matallar**

Agajym ýok, guralym ýok,
Suw üstünden köpri gurdum. (Ýapdaky suwuň doňmagy)
***
Agyl doly akja guzy,
Ertir tursam ýokja guzy. (Ýyldyzlar)
***
Ak sandygym açyldy,
Içinden nur saçyldy. (Günüň dogmagy)
***
Ala geçim dula ýapyşar. (Tüýnükden öýe düşen gün)
***
Başy dagda,
Aýagy kölde. (Derýa)
***
Bir agajym bar,
On iki şahaly,
Her şahasy otuz ýaprakly.
Ýapraklarynyň bir ýüzi ak –
Bir ýüzi gara. (Ýyl, on iki aý, otuz gün, gije-gündiz)
***
Bir atanyň on iki ogly bar,
Her ogly otuz gül götär.
Her gülüň ýapragy ýigrimi dört,
Her ýaprakda altmyş nar. (Bir ýyl, bir aý, gije-gündiz, bir sagat)
***
Bir atasy, bir enesi,
Niçe ýüz müň balasy. (Aý, Gün, ýyldyzlar)
***

Bir azajyk mawuja,
Degen ýeri awuja. (Köz)
***
Bir çanak gatyk,
Äleme ýetik. (Aý)
***
Bir garry bar, ýaşdan beter,
Geplän sözi dünýä ýeter. (Gök gümmürdisi)
***
Birikse, güýmenjäm,
Dargasa, gijäm. (Gündiz we ýyldyzlar)
***
Bir iner hem bir maýa,
Aýlandy, girdi çaýa. (Aý, Gün)
***
Biri seper, biri içer. (Bulut, Ýer)
***
Bir zat bardyr, görünmez,
Tutjak bolsaň tutulmaz,
Dirilige has zerur,
Onsuz ömür sürülmez. (Howa)
***
Biz-ä, bizdik,
Alty gyzdyk.
Bir sapaga düzüldik,
Daň atanda üzüldik. (Ülker ýyldyzlary)
***
Dört okaram hap-da, hap,
Birin aç-da, birin ýap. (Dört pasyl)
***
Elsiz, aýaksyz – işik açar. (Ýel)
***

Enem beren sary kilime garap bilmen,
Atam beren kümüş puly sanap bilmen. (Gün, ýyldyzlar)
***
Gara öküz gider,
Gyzyl öküz geler. (Tüsse, ýalyn)
***
Gök desterhan içinde
Kä bitin, kä ýarty nan. (Asman, Aý)
***
Gökden düşer gymyr-gymyr,
Ýere düşer halka demir. (Ýagyş)
***
Hetjedem hetje bolar,
Bilmenem nije bolar,
On iki ýumurtgadan –
Elli iki jüýje bolar. (On iki aý, elli iki hepde)
***
Höküm sürer gijede,
Hetdiň bolsa, sana-da. (Ýyldyzlar)
***
Mundan urdum gylyjy,
Arapda şaňlar ujy. (Ýyldyrym)
***
Otdan gamçyly,
Suwdan ýükli. (Ýyldyrym, ýagyş)
***
Ýük üstünde ýarty çörek. (Aý)
***
Ýüwrüp ýete bilmedim,
El bilen tuta bilmedim. (Kölege)
***
Ýylt-ýylt eder, ýalmap gider. (Ot)

**Adam, onuň beden agzalary we
oňa degişli zatlar hakyndaky matallar**

Agyl doly akja guzym,
Gapysyn ýapsam, ýokja guzym. (Diş, agyz)
***
Akja gunduz içinde
Böwri ala guş otyr. (Göz)
***
Altmyş kempir gapaklaşdy,
Daň atansoň, taýaklaşdy. (Göz, kirpik)
***
Alty ganatly ak öýde,
Goly bagly gul otyr. (Gapyrgalar, ýürek)
***
Ambar içinde otuz iki hünji ýatyr. (Agyz, dişler)
***
Bir alaja ýüpüm bar,
Nirä uzatsam ýetýär. (Göz)
***
Dag başynda boý derek,
Boý derege suw gerek. (Kelle, saç)
***
«Deger» diýsem degmez,
«Degmez» diýsem deger. (Dodak)
***
Dury kölde akja daş,
Gulluk eder barça aş. (Diş)
***
Düzdüm, guýa taşladym. (Iýmit, bokurdak)
***
Enem-atam bir ýüpek berdi,

* 15. Sargyt № 2693

Ýere gömsem, çüýremez,
Gora gömsem, tütemez. (Adamyň ady)
***
Ertir bilen dört aýak,
Günortanlar iki aýak,
Agşamara üç aýak,
Iň soňunda ýok aýak. (Adamyň ýaşaýyş döwürleri)
***
Garaja nardan suw çykdy. (Gözýaş)
***
«Gel» diýsem gelenok,
«Gelme» diýsem gelýär. (Dodak)
***
Iki başly, alty aýakly,
Bir guýrukly, iki golly. (Atly adam)
***
Kelte babam tam üstünden ot taşlaýar. (Päki, saç)
***
Ýygdygyňça hasyly artar. (Sakgal)

**Zähmet we zähmet gurallary hakyndaky matallar**

Aç garga agzyn açar,
Laçyn guş başyn atar. (Atagzy we çekiç)
***
Asty çeten, üsti çeten
Arasyndan ýüwrüp öten. (Tara hem ýumak)
***
Aýaksyz towsar,
Gara ýer böwser. (Azal)
***
Bäş ýüz tanap gerdiler,

Demir penje urdular,
Äleme owaz berdiler. (Dokma, dokma darak)
***
Bir kişi bar, müň dişi bar. (Byçgy)
***
Boýy barmak deý,
Guýrugy gulaç deý. (Iňňe, sapak)
***
Düýbi göwresinde,
Sakgaly depesinde. (Ýüň darak)
***
Garry düýäm çöküp otyr,
Garyn ýagyn döküp otyr. (Juwaz)
***
Iki uç, iki halka,
Ortasynda myhy bar. (Gaýçy)
***
Oglanly aýal oba gezer. (Soky we daşy)
***
On iki aýak, bäş kelle,
Bir kellede işim bar. (Iki öküz, iki daýhan, kündäniň kellesi, azal)
***
Syrtyndan dem alar,
Agzyndan ot köwzär. (Körük)
***
Takyr täj-ä, takyr täç,
Eli unda, içi aç. (Degirmen)
***
Ýaz aýlanyp, gyşda ýatar,
Birin-birin bala batar. (Jykyr)
***
Ýazlady, güýzledi,

Çuwal arkasynda gizlendi. (Gyrkylyk)
***
Ýer astyndan Aý ýörär. (Azal)

**Ylym-bilim, medeniýet we tehnika hakyndaky matallar**

Ak goluň içinde, garadyr guşy. (Hat)
***
Akja geçim ýüzi dişli,
Ýalançyň biler işini. (Gazet)
***
Atasy akyl,
Enesi nakyl,
Bir gyz dogulmyş,
Ýigrimi dört şekil. (Oguz elipbiýi)
***
Bir atym bar, aýakly,
Depesi goşa taýakly. (Trolleýbus)
***
Bir zadym bar,
Daşa ursam döwülmeýär,
Suwa ursam döwülýär. (Kagyz)
***
Çynar agajyň başynda
Çiltenmyrat atly guş otyr.
Ony almaga är gerek,
Ýürejigine kär gerek. (Okuw, ylym)
***
Daşary ýaz, ot-alaw,
Öýjagazda buz, gyraw. (Sowadyjy)
***
Daşy agaç, içi azyk,

Ýörän ýoly bellidir. (Galam)
***
On dört ýorgasy bar,
Iki eýesi bar,
Alty deşigi bar,
Açyk duran işigi bar. (Bilýard)
***
Şekili ogşar oraga,
Daýym tutar soraga. (Sorag belgisi)
***
Şäheri bar, adamy ýok,
Deňzi bar, suwy ýok. (Karta)
***
Tursa kiçi, otursa uly. (Uçar – samolýot)
***
Tüni eder gündiz dek,
Nur saçar ol ýyldyz dek. (Elektrik çyrasy)
***
Uzyn-uzyn bu ýoluň,
Başyna çykan barmydyr?
Çäk-gyraksyz bu deňziň,
Düýbüne ýeten barmydyr?
Düýbüne ýetip bu suwdan,
Ganyp içen barmydyr? (Ylym)
***
Uzyn ýolda öý ýörär. (Otly)
***
Ýamasy bar, tüýi ýok,
Şäheri bar, öýi ýok. (Globus)
***
Ýyndam atym ýag içer,
Menzil-menzil ýol geçer. (Maşyn, otly)
***

Zygyr-zygyr, zygyrdar,
Her ýerden habar berer. (Radio)

**Öý goşlary, hojalyk gural-esbaplary hakyndaky matallar**

Agzy gyzyl alamat,
Düýbi gyzyl kyýamat.
Hassa girer, sag çykar,
Saglygyňa salamat.
Bu nähili keramat? (Tamdyr, çörek)
***
Ajap eje görgüli,
Hemme kişä bergili. (Kündük)
***
Akja guzym suwa indi,
Garaja oglan bile indi. (Tüwi, gazan, kepgir)
***
Ak maýamyň süýdi sary. (Çäýnek we çaý)
***
Ak öýüm bar,
Işigem ýok, aýnasam ýok. (Peşehana)
***
Arçanaga, arçanak,
Otdan-suwdan gaçanok. (Ätaşgir)
***
Atasy aýry gara,
Enesi ýumry gara,
Gyzy gyzyl injik,
Ogly esrik mergen. (Tagan, gazan, ot, tüsse)
***
Atasynyň gulagyn ogly çokalar. (Gulp, açar)
***

Atdan beýik, itden pes. (Eýer)
***
Aýganak-aýganak atasy bar,
Omparyp oturan enesi bar,
Gyzyl köýnek gyzy bar,
Gara telpek ogly bar. (Tagan, gazan, ot, gapak)
***
Bendäni bentde gördüm,
Degresin kentde gördüm,
Dört aý, ýigrimi dört ýyldyz,
Men şuny bir atda gördüm. (Atyň naly we myhy)
***
Bikejik otyr, ýeňňesi ýatyr. (Kündük)
***
Bili döwük küýküje. (Agyzdyryk)
***
Bir agzy bar, iki gözi,
Hassany saglar özi. (Tamdyr, çörek)
***
Bir depäniň üstünde,
Bir towşanjyk –
Böküp-böküp oýnaýar. (Başdarak)
***
Bir dostum bar öýkünjeň. (Aýna)
***
Biri ölüp ýatyr,
Goluny serip ýatyr. (Meşik)
***
Goşa, gara göz goşa,
Gözüň ýetir o başa. (Dürbi)
***
Goşa jübüt çatylar,

Düýbüne ýüp atylar,
Kellesinden kesilip,
Demir bilen çapylar. (Haly)
***
Görsem, göwnüm eriser,
Gözlesem, tapylmaz bu eser,
Başy bürenjekli derdeser. (Gor küýze we çal)
***
Guýsaň dolmaz. (Elek)
***
Iki elinden tutsam,
Menden öňde gider. (Galtak)
***
Jahanda bir aždarha bukup ýatar,
Oýadan öz janyna kaza tapar. (Gapan)
***
Kiçijik esbap demirden,
Gandy görse gemirgen. (Gant döwgüç)
***
Oňurgasy oýulan,
Oturmaga laýyk ýonulan. (Eýer)
***
Otly kümäň üstünde,
Gara gaplaň gaýşaryp otyr. (Ojak bilen gazan)
***
Üsti gar, asty ýagyş. (Elek, un elenýän wagty)

**Türkmen öýi we oňa degişli zatlar hakyndaky matallar**

«Açyl-açyl» hyzmatkär,
«Ýapyl-ýapyl» hyzmatkär. (Gara öýuň serpigi)
***

Agaçdan bir tor etdim,
Bir-biriniň bendine
Etden saýlap çüý etdim. (Tärim)
***
Ala çebiş,
Dula ýapyş. (Gara öýüň götergi bagy)
***
Altmyş kempir ýer dişlär. (Gara öýüň tärimi)
***
Altyn apba,
Kümüş gupba,
Tes-tegelek,
Gara lapba. (Gara öý)
***
Atasy oglunyň telpegini geýip dur. (Gara öý, tüýnük)
***
Bäş at bir aty basyp dur. (Gara öýüň işigi)
***
Bir at aldym heňňele,
Mündüm üstüne gommala. (Gara öýüň gamşy)
***
Biri hassa ýatyr,
Ikisi sorap otyr. (Bosaga, işik)
***
Bir tegelek telpegi,
Dört ýanynda gulpagy. (Gara öýüň serpigi we serpik bagy)
***
Bizi-bizi büzdüler,
Bizi ýüpe düzdüler,
Biz bir otagaly gyzdyk,
Otagamyzy üzdüler. (Öý gamşy)
***

Öý daşynda ýarty ýalak. (Öýüň kölegesi)
***
Öýümiziň üsti dört çybyk. (Serpigiň dört bagy)
***
Sakar atym sarkyp dur,
Art aýagyn kakyp dur. (Işik, eňsi)
***
Tegelendi telpegi,
Dört ýanynda gulpagy. (Gara öýüň tüýnügi, serpik bagy)
***
Ýokardan allap geler,
Iki elin sallap geler. (Tüýnük ýüp)

**Azyk önümleri, iýilýän-içilýän zatlar hakyndaky matallar**

Ak atamyň agzy bitik. (Ýumurtga)
***
Ak deňiz üstünde ak gaýyk. (Süýt we gaýmak)
***
Bir gap un,
Içinde sütün. (Igde)
***
Bir guýudan kyrk goýun suw içer. (Börek)
***
Bir küýzede iki suw,
Günde getirip berer. (Ýumurtga, towuk)
***
Bir tutam, belli tutam,
Gemireýin diýseň, aýdaýyn. (Goýnuň bişen aýagy)
***
Buýra-buýra buýrasy,
Buýra soltan eýesi,
Buýrasyndan tutdurmady,

Keýki soltan eýesi. (Unaş)
***
Çuňňulja guýyň içinde,
Çürje gulak gygyrýar. (Pişme we onuň gazandaky bişýän pursady)
***
Duzsuz bişen aş gördüm,
Tos-togalak daş gördüm. (Gawun)
***
Ekiniňi ýaş gördüm,
Duzsuz bişen aş gördüm. (Semeni)
***
Gatlak-gatlak ýapylar,
Bir oňatja epiler. (Çelpek)
***
Gysgajyk boýluja,
Daşy donluja. (Kemput)
***
Nahara atsaň ony,
Sessiz agladar seni. (Burç)
***
Salkymy bar,
Üzüm däldir.
Şänigi bar,
Igde däldir.
Ýarygy bar,
Bugdaý däldir. (Hurma)
***
Suwda biter,
Suwda ýiter. (Duz)
***
Suwukdyr, suw däldir,
Akdyr, gar däldir. (Süýt)
***

Ýemeni ýemen eken,
Ýemenden agaç gelen eken,
Gözbaşy halal eken,
Eti gerek däl eken. (Çaý, şemme)
***
Ýere urdum paltany,
Agzy gyzyl haltany,
Ýerden bir oglan çykdy,
Uly iliň soltany. (Bugdaý)

**Geýim-gejim we aýakgap hakyndaky matallar**

Aýagy ýok, eli bar,
Başy ýok, ini bar. (Köýnek)
***
Aýak bassam içine,
Elin aýlar daşyna. (Çaryk we onuň baglary)
***
Başaşak goýsaň,
Içi dolar.
Ýokaryk goýsaň,
Içi boş galar. (Telpek)
***
Bäş barmagy bar, dyrnagy ýok. (Ellik)
***
Dyz boýy çukurjyk.
Aýagym batdy gitdi. (Ädik)
***
Ertir turdum,
Iki aýry ýola düşdüm. (Balak)
***
Garaňky içerde garny ýaryk gul ýatyr. (Köwüş)
***

Gije gysyr, gündiz bogaz. (Köýnek, don)
***
Gündiz ýörär, agzy ýumuk,
Gije ýatar, agzy açyk. (Köwüş)
***
Hamy daşynda, tüýi içinde. (Içmek)
***
Öňi bar-da, yzy ýok. (Papak)
***
Uly ýol üçe bölünýär. (Köýnek, ýaka we iki ýeň)

**Haýwanlar, guşlar we mör-möjekler hakyndaky matallar**

Agy ak, garasy gara,
Guýrugy garyş sere. (Alahekek)
***
Aňyrsy tiken,
Bärsi tiken.
Nirä gitjek?
Ýoluň tiken. (Kirpi)
***
Asmandan gelýär pallap,
Dört aýagyn sallap,
Düşjek ýerini belläp. (Tomzak)
***
Asty daş,
Üsti daş,
Dört aýak-da, bir baş. (Pyşdyl)
***
Aty astynda,
Tanapy üstünde. (Düşdüş)
***

Başy bar-da, saçy ýok,
Gözi bar-da, gaşy ýok. (Balyk)
***
Başy darak,
Guýrugy orak. (Horaz)
***
Bili-bili bürek at,
Bili inçe kürek at,
Daga-daşa degmez at,
Dalagy degse, ölmez at. (Garynja)
***
Birje tazym ýortagan,
Çuwal, torba ýyrtagan. (Syçan)
***
Çit köýnekli gyňyr gul. (Zemzen)
***
Dört el köke ýapar,
Agyzy ýandak çapar. (Düýe, aýak yzlary, onuň ýandak iýmegi)
***
Orakdan egri,
Okdan dogry. (Ýylan)
***
Oýlasa oýly,
Sözlese sözli,
Aýtsa agyzly,
Adamyň dosty. (Totuguş)
***
Pakyr kişi penada,
Possuny samanhanada. (Tilki)
***
Petik burçda öýüm bar,
Berk gurnalan torum bar. (Möý)
***

Sakgaly bar, murty ýok. (Geçi)
***
Süňksüz sopy ýer gazar. (Gurçuk)
***
Süýdünden sargan bolar,
Ýüňünden ýorgan bolar,
Öýümiziň düşegi
O-da ýüňünden bolar. (Goýun)
***
Ýamasy bar-da, tikini ýok. (Ala mal)
***
Ýeke baýyň dört ogly,
Epeý basyp barýa-la.
Ortasynda ýetim gyz,
Odun ýygyp barýar-la. (Düýe)

**Ösümlikler, bag-bakja önümleri hakyndaky matallar**

Abdyl agam arrykdyr,
Agzy-burny mürrükdir,
Hemme zada gerekdir. (Gowaçanyň köregi, pagta)
***
Agaçdan aty,
Daşdan gaty,
Öýden uly,
Ýumurtgadan kiçi,
Ötden ajy,
Süýtden süýji. (Hoz agajy, hoz)
***
Bir kiçijik özi bar,
Gabat-gabat dony bar. (Sogan)
***

Daýzam içde, saçy daşda. (Käşir)
***
Düýbi bir, başy müň. (Ak jöwen)
***
Gökje baýlyk, üç aýlyk.(Hyýar)
***
Güýz ekerler deregi,
Ýazda iýrler çöregi. (Güýzlük bugdaý)
***
Matalym, gyzyl matal,
Dilden ötüp, damaga ýeter. (Gyzyl burç)
***
Peleginden düwdüren,
Alkymyndan bogduran. (Suwkädi)
***
Pel üstünde peşli ahun. (Kömelek)
***
Sary towugym basyp ýatyr. (Biýaradaky sary gawun)
***
Üç aý öli,
Dokuz aý diri,
Gezmeýär biri. (Agaç, bag)
***
Ýortup barýardym, hol baýak,
Elimde ýylgyn taýak.
Bir ajaýyp düýş gördüm,
Bir kellede müň gulak. (Dary)

**Bezeg we şaý-sepler hakyndaky matallar**

Akja kümmez içinde,
Akja güjük läle kakýar. (Düwme)
***

Boýun üstünde alaja ýylan. (Alaja we monjuk)
***
Müçesi kiçi, kuwwaty güýçli. (Dür)
***
Otursa hümmet,
Tursa haýbat,
Müň çeçek,
Müň bir ýaprak. (Kejebe)
***
Şildir-şildir suw akar,
Sygyryp atyn ýakar. (Düwme)
***
Şyňňyr-şyňňyr, şyňňyrdar,
Bir enaýy waňňyrdar. (Bukaw)
***
Ýaýdan egri,
Ak bilekde,
Durar dogry. (Bilezik)
***
Ýüzi-gözi bydyr-bydyr,
Adam bilen bile ýatar. (Gülýaka)

**Saz gurallary hakyndaky matallar**

Alty guşak, ýedi gözdür,
Agzy bilen süýkeýär.
Agzy dilsiz, içegesiz,
Eýse, sözläp aýdýar. (Gargy tüýdük)
***
Dili bar-a, dili bar,
Diliniň dildary bar.
Uzyn boýly bir pälwan –

* 16. Sargyt № 2693

Bir kesejik kemi bar. (Dutar)
***
Gök demirden dillije,
Uly ile bellije. (Gopuz)
***
Ýedi menzil ýolda
Ýeňňemiň aty kişňeýär. (Tüýdük)

**Harby enjamlar hakyndaky matallar**

Agam agzyny açar,
Hemmeler ondan gaçar. (Tüpeň)
***
Aýaksyz-elsiz daşa gider. (Ok)
***
Bar özi, ýeke taýagym,
«Ur» diýsem, weýran eder,
«Ur» diýmesem, gülzar eder. (Top – ýarag)
***
Bir agajym bar,
Pürsüz-pudaksyz.
Men neneň çykaýyn,
Elsiz-aýaksyz. (Naýza)
***
Çyr çybyg-a, çyr çybyk,
Çyr çybykda höwürtge
Höwürtgede ýumurtga. (Tüpeň, ok)
***
Esetdi-esetdi,
Çirkin ses etdi. (Tüpeň atmak)
***
Özüme çekdim,
Aňryk gaçdy,

Içi ýanyp, daşa düşdi. (Tüpeň we oky)
***
Ýanymdaky ýandyrgyç. (Gylyç)
***
Ýyldyr-ýyldyr ýylanjyk,
Uzyn boýly juwanjyk,
Enesi gara ganjyk. (Gylyç)
***
Ýylp etdi, ýylan çykdy. (Gyndan çykan gylyç)

**Dürli mazmunly matallar**

Agzy ýok, adam dişlär. (Tiken)
***
Ahmal etseň, sypjakdyr,
Jaýy jübi-gapjykdyr. (Pul)
***
Bir tanapym bar,
Hiç külterläp bilemok. (Ýol)
***
Çuňňurja gol içinde,
Çalja güjük gygyrýar. (Jaň)
***
Çyr-çyr guşlar,
Dag düýbünde güjük jygyrdar. (Zynjyr)
***
Daramaga saçy ýok,
Dazzarkel otyr. (Töňňe)
***
Daşy jäjek, içi möjek. (Pile)
***
Ertekim erte geler,
Guýrujagy jorta geler. (Kesewi)
***

Güjügime «git» diýdim,
«Tur, daşarda ýat» diýdim. (Kül)
***
Maslahatsyz üýşerler,
Töwellasyz çaşarlar. (Bazar)
***
Owkalasam, mes bolar,
Şemal degse, sus bolar. (Sabyn köpürjigi)
***
Suw üstünde kepbe üsti. (Köpri)
***
Süýdi ýok, ödi ýok, ar:gyny ýok. (Guş, gulan, ýer)
***
Ýüpe münüp, han boldum,
Gapa gelip, gul boldum,
Oda ýanyp, kül boldum. (Odun)
***
Ýylt-ýylt eden bezirgen
Bütin ýurdy gezegen. (Teňňe)

# Nakyllar we atalar sözleri

—A—

Abadan kent tüssesinden belli.
***
Abat öýüň bilbili, bibat öýüň baýguşy.
***
Abraýly ýigide ýaraly keýik sataşar.
***
Abraýy tapyp bolmaz, biabraýlyk duran ýeriňde.
***
Aç başym dynç gulagym.
***
Aç gatyk islemez, uky ýassyk islemez.
***
Aç towuk düýşünde dary görer.
***
Açda algyň bolmasyn, bege bergiň.
***
Açlyk näme iýdirmez, dokluk näme diýdirmez.
***
Açyk gaby it ýalar.
***
Açyk saçak hödür islemez.
***
Adam amanat, amaly baky.
***
Adam adama myhman-jan göwrä.
***
Adam adamdan gutular, adam pälinden gutulmaz.
***

Adam alasy içinde, haýwan alasy daşynda.
***
Adam bar gyzyl alma nagşydyr,
Adam bar -haýwan ondan ýagşydyr.
***
Adamyň owwaly hem oglan, ahyry hem oglan.
***
Agaç egildi-döwüldi, ýigit uýaldy-ezildi.
***
Agaç ýykylsa, paltaly-da ylgar, paltasyz-da.
***
Agajy ýaşlykda bük.
***
Agaryp öňe-de düşme, garalyp soňa-da galma.
***
Agaryp tenim görnenden, gögerip ýamam görünsin.
***
Aglap-aglap pel çeken, gülüp-gülüp suw tutar.
***
Agsak keýik müň torsuga ýetdirmez.
***
Agyň ady bar, garanyň dady bar.
***
Agysyz ölüm bolmaz, öýkesiz – toý.
***
Agyz bir, gulak iki, bir sözläp, diňle iki.
***
Agyzdan çykan söz atylan ok.
***
Agzy gulply sandygy diş açmasa, dil açar.
***
Agzybire Taňry biýr, agzalany gaňrybiýr.
***

Agzyň doly gan bolsa-da, ýagynyň ýanynda tüýkürme.
***
Ak düýäni gördüňmi? Göremok, şondan gowusy ýok.
***
Akmaga dymmaklyk – jogap.
***
Akmagyň agasy bolandan, akyllynyň inisi bol.
***
Akmak bilen gülüşenden, akylly bilen aglaşan ýagşy.
***
Akyl är döwletden düşse-de, hormatdan düşmez.
***
Akylly dostuny öwer, kemakyl aýalyny, samsyk özüni.
***
Akylly oýlanýança, tentek işini bitirer.
***
Akyllynyň gadyry akmak ýanynda bilner.
***
Akyly keltäň dili uzyn.
***
Alym bilen tanyş, bileniňi et.
***
At çaňyna giden geler, pil çaňyna giden gelmez.
***
At ürken ýerinden, är gorkan ýerinden.
***
Ata barka ogul ýaş, aga barka ini.
***
Ata dünýäsi ogla gönezlik.
***
Ata-enäniň öwretmedigini heňňam öwreder.
***
At al barlydan, gyz al ýarlydan.
***

Atasyz oglan ýetim, enesiz oglan ýesir.
***
Aty baryň ganaty bar, ogly baryň-döwleti.
***
Atyn aýan bir goşowuç dänäni kem berer.
***
Aty ýaryş öldir, äri – namys.
***
At üçin är öler.
***
Awçy awçynyň yzyndan bir aýda ýeter.
***
Awçy näçe al bilse, aw hem şonça ýol biler.
***
Aý şuglasy garybyň öýüne-de düşer.
***
Aýak ýüwrügi daşa deger, dil ýüwrügi başa.
***
Aýakda bolandan, agyzda bol.
***
Aýal bar öý-diker, aýal bar-öý ýykar.
***
Aýalyň emelsiz bolsa, iňňä özüň sapak ötirsiň.
***
Aý batmanka agylyňy bekit,
Gün batmanka guýyňy bekit.
***
Aýbyny ýaşyran aýňalmaz.
***
Aýrylmaz goňşyňa unutgysyz söz aýtma.
***
Aýypsyz dost yzlan dostsuz galar.
***

Az bolup dana bolandan, köp bolup diwana bol.
***
Azajyk derdi aş basar, agyr derdi iş.
***
Azaşsaň köp bilen azaş.

**— B —**

Bal diýeniň bilen agyz süýjemez.
***
Bal süýji, baldan-da bala.
***
Bal tutan barmagyny ýalar.
***
Balaly öýde gybat ýok, balasyz öýde gurbat.
***
Balygyň özi suwda bolsa-da, gözi gyrda.
***
Bar okaram, gel okaram, barmasaň-gelmeseň, orta ýolda döwül, okaram.
***
Bar ýerinde bal arzan, ýok ýerinde duz gymmat.
***
Barmak bilen çözüljek düwüne agyz urma.
***
Başa bela iki barmak dilden geler.
***
Batar günüň atar daňy bar.
***
Batyr bir öler, gorkak müň.
***
Baý malyny bahyl gysganar.
***

Baýlyk eliň kiri, ýuwulsa gider.
***
Baýyň sahylygy elinde, garybyň sahylygy dilinde.
***
Bedasyla baryňçaň, boý oturgyn ölinçäň.
***
Beg beren atyň dişine bakma.
***
Berene bäş köp, alana alty az.
***
Bergini beren ýeňer, ýoly ýörän.
***
Bermezek Taňrydan irmezek awçy.
***
Bijeli oglan aglamaz.
***
Bilbile altyn ketek-de zyndandyr.
***
Bilim bilen hikmet altyndan gymmat.
***
Bilmeseň bir aýyp, bilip amal etmeseň, iki aýyp.
***
Bir agaçdan okluk-da çykar, saplyk-da çykar.
***
Bir agyzdan çykan söz müň agyza ýaýylar.
***
Bir garlawaç ýaz etmez.
***
Bir garybyň köňlüni «Hoş geldiň!» awlar.
***
Bir göreniňi öwme-de, syndyrma-da.
***
Bir gün agzalalyk bolan öýden kyrk günki bereket gider.
***

Bir okda iki towşan urdurmaz.
***
Bir samsyk bäş akyllyň agzyny alardar.
***
Bir ýazykdan är ölmez.
***
Bogazy bogmasaň, bogaz düýäni ýuwdar.
***
Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy.
***
Bulutdan çykan Gün ýakar, ýaşmakdan çykan dil.

## — Ç —

Çaga iş buýur, yzyndan özüň ýüwür.
***
Çagaly öýde gybat bolmaz.
***
Çakyny bilmeseň, balam zähere döner.
***
Çala eşiden çatma ýykar, öte eşiden öý.
***
Çemçe bilen aş berip, sapy bilen göz çykarma.
***
Çemçeläp ýygnanyňy, çanaklap dökme.
***
Çopana meýlis haram.
***
Çöken düýe ýer alar.
***
Çörekli oglan söýmäge ýagşy.
***
Çybygy wagtynda bükmeseň, ulalansoň bükdürmez.
***

Çyn dost bähbit gözlemez.
***
Çyra saýasyny bilmez, gazan garasyny.

## — D —

Dag başy dumansyz bolmaz, är başy hyýalsyz.
***
Daga çyksaň hem, dabanyňy gözläp gez.
***
Dag beýigem bolsa, üstünden ýol geçer.
***
Dagdan arkasy bolanyň, daşdan ýüregi bolar.
***
Dart-üzme, it-ýykma.
***
Daş bilen urany aş bilen ur.
***
Daýyly oglan dartyk, ülüşli paýy artyk.
***
Dazzar darakly boldy, ol-da gerekli boldy.
***
Degimsize degim degse, gündiziň güni çyra ýakar.
***
Deňizde balyk söwdasy bolmaz.
***
Dälä ýel ber, iki eline pil ber.
***
Dil bar-bal getirer, dil-bar bela getirer.
***
Dil bilen orak orsaň, bil agyrmaz.
***
Dilegiň kişide bolsa, kilidini asmandan gözle.
***

Dili kelte-salamat, dili uzyn-melamat.
***
Dinden çyksaň çyk, ilden çykma.
***
Diş dişe degenden, diş daşa degsin.
***
Dişiň agyrsa çek gutul, goňşyň azar berse göç gutul.
***
Dogansyz oňsa bolar, goňşusyz oňup bolmaz.
***
Dogry gelen keýigiň iki gözünden başga aýby ýok.
***
Dok diýip, tilkä barma, aç-da bolsa gurda bar.
***
Dokuzy geçen gyz durmaz, öýleden soň gün.
***
Dost başyňa iş düşende tanalar.
***
Dostuňa syryňy berme, onuňam özge dosty bar.
***
Döwletli ogul ojagyň gory.
***
Döwletliden döwlet ýokar, bidöwletden-mähnet.
***
Dulda oturan gelinden gork, çölde gezen çopandan.
***
Duşmana ölüm dileýänçäň, özüňe ömür dile.
***
Düýäni yzyndan tanarlar, adamy lakamyndan.
***
Düýe boýnunyň egrisini bilmez, ýylana egri diýer.

## — E —

Edebi kimden öwrendiň, biýedepden öwrendim.
***
Ederini bilmeze, ýagy ne hajat.
***
Edip beren ýeňňemden, edep beren ýeňňem,ýagşy.
***
Egri agaç ýarsgynyna gider.
***
Eken harman eder, ekmedik-arman.
***
Ekgende ýok, dikgende ýok, harmanda häzir hoja.
***
El döwüler egri bitmek üçin.
***
Eli işläniň, agzy dişlär.
***
Enesini gör-de gyzyny al, gyrasyny gör-de biýzini.
***
Eşegi ýüke çek, eşek etmese, ýüki eşege.
***
Eşek semrese, eýesini deper.
***
Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen.
***
Eýesi söýen maly alma, enesi söýen gyzy.
***
Eýesine gerek bolsa, goňşusyna haram.

## — Ä —

Ädigiň dar bolsa, dünýäniň giňliginden ne peýda.
***

Älem içre adam gezmez, at gezer.
***
Är gezse ryzky açylar, aýal gezse aýyby.
***
Är güýji syrynda, söz güýji çynynda.

## — G —

Gahar öňden ýörär, akyl yzdan.
***
Galpyň gazany gaýnamaz, gaýnasa-da baýnamaz.
***
Gapyçynyň garny dok.
***
Garga gaza öýkünse, ganaty synar.
***
Garrydan sorama, köpi görenden sora.
***
Garynja gara günde, gurbaga saz bilen söhbetde.
***
Garyp galla tapmaz, galla tapsa gap.
***
Gaty söýen dilden galar.
***
Gawun gowusyny şagal iýer.
***
Gedaý itden gorkar, it gedaýdan.
***
Gelene baldyz, gidene ýeňňe.
***
Geňeşli ýerde kemlik ýok, geňeşsiz ýerde deňlik.
***
Gep diýseň gap-gap, iş diýseň bitap.
***

Geýmäge keten ýagşy, ölmäge Watan.
***
Gizlin söýgi görkli, äşgär söýgi merkli.
***
Goňşyň azar berse göçüp gutul, dişiň azar berse çekip gutul.
***
Goýna gurt daranda, işýakmazyň içi agyrar.
***
Goýun ýüze ýetýänçä, derisi müňe ýeter.
***
Guda bolynçaň syna, bolandan soň syla.
***
Gurt arkasyndan guş doýar, är arkasyndan aç.
***
Guş bar etini iýmeli, guş bar et iýdirmeli.
***
Göge tüýkürseň, ýüzüňe düşer.
***
Görümsiz kümüş görse, guduz açar.
***
Göz ýüregiň aýnasy.
***
Göze bela gülden geler, başa bela dilden.
***
Güjük dalanman, köpek çykmaz.
***
Gülüň biten ýerinde gadyry ýok.
***
Gündiz tüssä gitme, gije yşyga.
***
Gürrüňdeşiň gün bolsa, gepe-söze ne hajat.
***
Gyş çykar, ýüzügaralyk kömre galar.
***

Gyşyň güni kyrk tüýsli, kyrkysy-da gylyksyz.
***
Gyza altyn tagt dileme, barmak boýda bagt dile.
***
Gyza geler kyrk kişi, alar gider bir kişi.
***
Gyzy baryň näzi bar, ogly baryň döwleti.
***
Gyzyl oduň uýany bolmaz.
***
Gyzyň görki ýedi ýetmeziniň üstüni ýapar.

**— H —**

Hakdan gelse gelsin, nähakdan gelmesin.
***
Hakykatyň güwäsi özünde.
***
Halala hasap bar, harama azap.
***
Haly ýüwürdip, kilim kesme.
***
Haramdan gelen harama gider.
***
Hasaply dost uzak gider.
***
Haýyr dile goňşyňa, rysgal gelsin aşyňa.
***
Haýyrsyz peýdadan, haýyrly zyýan artyk.
***
Her gijäni Gadyr bil, her kimsäni Hydyr bil.
***
Her kim doýan ýerini magtar.
***

* 17. Sargyt № 2693

Her kimiň bir gaýgysy, kel gyzyň är gaýgysy.
***
Her molla öz bildigini okar.
***
Horaz hemme ýerde bir gygyrar.
***
Hödür edilse, suwam bolsa iç.
***
Hudaýdan düýe ýaly dile, dary ýaly berse-de alaý.
***
Hünärli ýigit miweli agaç.

## — I —

Içmeklini ursaň, ýalaňaç gorkar.
***
Içmen diýen guýyňdan, aýlanyp üç içersiň.
***
Iki at depişer, arasynda eşek öler.
***
Iki bolup bire degmez, gözli bolup köre.
***
Iki gapyda gezen köpek aç galar.
***
Il agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny bogup.
***
Il oňlasa, atyňy soý.
***
Iňňe dilegi-de dileg, düýe dilegi-de.
***
Işigaýdany düýäniň üstünde it ýarar.
***
It öýkelär, eýesi bilmez, gul öýkelär, hojasy bilmez.
***

It üýrer, kerwen geçer.
***
It ýal iýen ýerinde üýrer.
***
It ýalagyny ýalaman doýmaz.
***
It ýassanan ynjalmaz.
***
It ýok oýda tilki gezer.
***
It ysgan suwy arslan içmez.
***
It ýyrtyk donlyny ýarar.
***
Itden aç-da ýok, dynç-da.
***
Itden arsyz, eşekden gadyrsyz.
***
Iti eýesiniň hakyna sylarlar.
***
Iti gylyksyz, ili biliksiz[1].
***
Iti it bile dalarlar.
***
Iti öldüren süýrär.
***
Itil[2] gargasy Itile uçar, Ýaýyk[3] gargasy Ýaýyga.
***
Itiň agzy ala bolsa-da, möjek görende biriger.
***
Jöwzada ýygnan, saýada iýer.

---

[1] Bilik - ylym, sowat.
[2] Itil - Wolga derýasy.
[3] Ýaýyk - Ural derýasy.

## — K —

Kellede akyl bolmasa, jan azapda.
***
Kesewi uzyn bolsa, gol ýanmaz.
***
Kim köp ant içse, soňy ýalana ýazar.
***
Kim tebip, derdi çeken tebip.
***
Kişiniň palawyndan, öz çorbaň ýagşy.
***
Kölegede biten agajyň kölegesi bolmaz.
***
Köp diňlän süýji geplär.
***
Köp iýseň bal hem ajy deger.
***
Köp ýortan bir taýar.
***
Köplük bolup atylan daş uzak gider.
***
Kötek güýçli bolsa, ýüň gazyk ýere girer.
***
Kütek pyçak el keser.
***
Kyrk ýylky tarpdan, bir ýylky şüdügär.

## — L —

Laçyn bilen düýe awlanmaz.
***
Lalyň diline enesi düşer.
***
Leglegiň gideni görünmez, geleni görner.

## — M —

Mal eýesiniň gözünden suw içer.
***
Maly bolmadygyň, haly bolmaz.
***
Maly gazanan baksyn, oduny ýygan ýaksyn.
***
Maly paýlasaň dagar, ylmy paýlasaň gögerer.
***
Manysyz gep bolmaz, dänesiz çöp.
***
Maşgalada agzybirlik bolsa, hazyna gerek däl.
***
Mellekçä ýer berseň, ýer eýesini ýerden çykarar.
***
Merde ýalbarsaň peseler, namarda ýalbarsaň eseler.
***
Mesligi goýun göterer, goýnuňam garasy, garasynyňam garrysy.
***
Mirasdan ýumruk ýetse-de, al.
***
Möý bar ýerde kerep bar.
***
Müň aýal aglasa-da, bir enäniň ornuny tutmaz.
***
Müň goýunlynyň bir goýunla dilegi düşer.
***
Müsürde şa bolandan, Kenganda geda bol.
***
Myhman doýmadym diýmez, soýmadyň diýer.

## — N —

Nadan oglan atasyna öwreder.
***
Naharyň bişerine garaşan, sowaryna-da garaşar.
***
Nan uludan, suw kiçiden.
***
Nesibesiz tapar, nesibeli ulanar.
***
Nesýe guýrukdan nagt öýken.
***
Nähak töhmet, biwagt ölüm.
***
Nowruzdan soň gyş bolmaz, mizandan soň ýaz.
***
Nyrhsyz giren muzdsuz çykar.

## — O —

Oda gelen aýalyň otuz agyz sözi bar.
***
Ody gozgasaň — öçer, goňşyňy gozgasaň — göçer.
***
Oglan aglar, tudana wagtynda bişer.
***
Oglana ýumuş buýur, yzyndan özüň ýüwür.
***
Ogry güjük gorkak bolar.
***
Ogul atadan görmese, supra ýaýmaz.
***
Ogulsyza döwlet ýok, aýalsyza eşret.
***

Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar.
***
Okaýan il ozar, okamaýan il tozar.
***
Oslagsyz zyňlan daş baş ýarar.
***
Otuz iki dişden çykan, otuz iki mähellä ýaýylar.
***
Oýnap aýtsaňam, oýlap aýt.
***
Oýnasa ogly ýeňer, çynyrgatsa atasy.
***
Oýun bilmeseň, oýunça öýkün.
***
Oýun soňy uruş, ýel soňy ýagyş.
***
Oýunçy utulanyny bilse ýagşy.

**— Ö —**

Öküzi buýnuzyndan tutarlar, adamy sözünden.
***
Ölen goýun gurtdan gorkmaz.
***
Öli arslandan diri syçan ýagşy.
***
Ölme-de, ýit diýenleri.
***
Ölümden başgasynyň alajy bolar.
***
Ölüsi bolan bir gün aglar, dälisi bolan her gün.
***
Ötene ökünme, gelenden çekinme.
***

Öwrenen gylyk örkleseň-de durmaz.
***
Öýdäki hasaby bazar bozar.
***
Öýkeläniň paýy süýji.
***
Öýüm kepbe bolsa-da, nanym ketde bolsun.
***
Öz gazan çukuryňa özüň düşersiň.
***
Özgäň syryny saňa aýdan seniňem syryňy özgä aýdar.
***
Özüňde ýok – älemde ýok.
***
Özüňi ýorulan hasap etseň, ýoldaşyňy öldi bil.

**— P —**

Palçyk bile ymarat, nesip bile zyýarat.
***
Perzendiň näçe bolsa, ýüregiňem şonça.
***
Peýdasyz perişdeden aşna döw ýagşy.
***
Pişigiň ýyndamlygy samanhana çenli.
***
Pul tapsaň, sanap gör, dost tapsaň synap.
***
Puly gazanmak aňsat, saklamak kyn.
***
Pyýada gözi bilen at alma, dul gözi bilen aýal.

## — R —

Rahat arasaň, mazara bar.
***
Rastyny aýdan gutular, ýalan sözlän tutular.
***
Rysgal geler diýip oturan aç galar.
***
Rysgaly agzyna gelen guş semrär.
***
Rysgalyňy sat, röwşen al, galanyna-da sabyn.
***
Rysgalsyz kelle görde ýagşy.
***
Rysgalym bir okdur, her ýere düşer.

## — S —

Sabyryň, miwesi süýji.
***
Sabyr düýbi sap altyn.
***
Saçaga seredenden dost bolmaz.
***
Sag başym, soltan başym.
***
Sag eliň berenini sol eliň görmesin.
***
Sag sagynýança, däli ogluny iki öýerer.
***
Sagyp içseň müň günlük, soýup iýseň bir günlük.
***
Sahynyň malyna bahylyň dişi gamaşar.
***

Salamyň nähili bolsa, jogabyň hem şonuň ýaly.
***
Samsygyň düwen düwünini sag çözüp bilmez.
***
Sagr ädiklim sag bolsa sallana-sallana geler.
***
Sary towuk saman seçer, öz aýbyny özi açar.
***
Sepilmedik tohum gögermez.
***
Serçe soýdursaňam, gassaba soýdur, petle goýdursaňam, ussa goýdur.
***
Sirke dilemäge-de usul gerek.
***
Soran Käbäni tapar.
***
Soranyň bir ýüzi gara, bermedigiň iki ýüzi.
***
Söýgi görk islemez, uky ýassyk.
***
Söze ussa işe hassa.
***
Susak sapy elinde, ilde ýok söz dilinde.
***
Suw görmän, tamman çykarma.
***
Suwdaky balygy satyp bolmaz.
***
Süri agsaksyz bolmaz.
***
Süýji aşyň bolmasa, süýji diliň bolsun.
***
Süýtde agzy bişen, suwy üfläp içer.
***

Sygryň şahyna ursaň, endamy syzlar.
***
Sygyr ogurlan gutuldy, ýüpüni ogurlan tutuldy.
***
Syr saklamak diliň aşagynda köz saklamak.

**— Ş —**

Şägirt bolmadyk, halypa-da bolmaz.
***
Şäher daşy galaly, ýigit başy belaly.
***
Şir hümmeti bilekde, är hümmeti ýürekde.
***
Şirwanda ogly bolanyň, munda bili bek.
***
Şory döredýänem suw, eredýänem.
***
Şugul ýok ýerde uruş ýok.
***
Şüdügärde gepleşilen harmanda bimelal bolar.
***
Şükür bilen ýetilen zat şekerden süýji.

**— T —**

Tagam duz bilen, duz ölçeg bilen.
***
Tagamsyz aşa duz neýlesin, akylsyz başa söz.
***
Tagan aýagy üç bolar, biri-birine güýç bolar, biri döwülse hiç bolar.
***
Tamakinçilik haýany iýer, sadaka belany, toba günäni.
***

Tamdyra gyzanda ýap, gepi gerdişinde aýt.
***
Tapanyňy bahar iýseň, güýzüne zäher iýersiň.
***
Taý ýetişse at dynar, ogul ýetişse – ata.
***
Taýak iki uçly, bir taýy degmese, bir taýy deger.
***
Tazysyz awa giden, öýe towşansyz geler.
***
Telpekçiniň telpegi bitmez, ädikçiniň ädigi.
***
Temeni haltada gizläp bolmaz.
***
Teňňe kiçi bolsa-da, ýükli arabany agdarar.
***
Tentek aryny bilmez, köse garranyny.
***
Tentek toý eder, töründe özi oturar.
***
Täze baýandan pul karz alma.
***
Tilkiniň müňde bir sapalagy bar, iň gowusy görünmezlik.
***
Tohum al-da ýere bar, gögermese, maňa gel.
***
Torgaý magtanyp, şuňkar bolmaz, eşek magtanyp tulpar.
***
Towşany araba bilen tutarlar.
***
Toý beren zaňňar, koý beren zaňňar, bir garyş ýüp bermezmi?
***

Toýa barsaň burun bar, burun barsaň, orun bar.
***
Toýa baryp, bermediler diýme, ýasa baryp, görmediler diýme.
***
Töhmetçi töhmetden öler.
***
Türkmen oňmaz gününe şükür eder.
***
Türkmeni göçürjek bolsaň, gapdalyndan göç geçir.
***
Tyg ýarasy biter, dil ýarasy bitmez.
***
Tygşytly adam halwa iýer.

**— U —**

Ujuny düwmedik üç ötir.
***
Ula degen uwlar, kiçä degen uýalar.
***
Uly eşekden kiçi eşek aňňyrmany öwrener.
***
Uly gyza sawçy gelse, kiçi gyza degerler.
***
Umytly guş, Käbä ýetmiş.
***
Ursa-da, ejem eli ursun.
***
Urşan ýaraşar, araçy taýak iýer.
***
Uruş sowlansoň, batyr köpeler.
***
Ussa barka eliňi ýyg, ussat barka diliňi.
***

Uzury günäsinden ýaman.
***
Uzyn ýüpüň hem ujy bar.

## — Ü —

Üç kişiniň bilýän syryny älem biler.
***
Ümsüm it duýdurman ýapyşar.
***
Üşäne ot ýakdyrma.
***
Üýregen itden gorkma, sessiz itden gork.
***
Üýrmesini bilmeýän köpek sürä gurt getir.
***
Üzülmez arkan (ýüp) ýok, çözülmez düwün.

## — W —

Wada beren her äriň wepasy bardyr oýlama.
***
Wagt dagy gemrer, suw daşy.
***
Wagtdan alanyň özüňki.
***
Wagty öten kempire hyna bilen sürme nätsin?
***
Wagyz asan, amaly kyn.
***
«Wah-wah» diýen tapylar, çörek beren tapylmaz.
***
Was-was ýola gitse, her depä çykanda gaňrylyp, öýüni gözlär.
***

Watana gedaý kepene gedaý.
***
Watanyň tüssesi ýat iliň odundan ýagşy.
***
Wepasyz dostdan, wepaly it ýagşy.
***
Wezipeli guluň orny törde.

**—Y—**

Ygrary bolmadygyň, imany bolmaz.
***
Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar.
***
Ylym akyldan dem alar.
***
Ylym köp, ömür az, gereginі al, daşa ýaz.
***
Ylymly kaza şaýat gerek bolmaz.
***
Ylymsyz bir ýaşar, ylymly müň.
***
Ynanjaňyň kellesi, tereziniň pellesi.
***
Ynsan neberä daýanar, agaç damara.

**—Ý—**

Ýa keýigiň ýatyşyndan, ýa-da mergeniň atyşyndan.
***
Ýabysyna rehim etmedik pyýada galar.
***
Ýag iý-de, ýalaňaç ýat.
***

Ýagly günüň ýat ýagşy, gamly günüň garyndaş.
***
Ýagmaz bulut ýeri aldar, ýaman aýal äri.
***
Ýagşa garalyk ýokmaz, ýamana il bakmaz.
***
Ýagşy aş üstüne geler, ýaman kaş üstüne.
***
Ýagşy ata bir gamçy, ýaman ata müň.
***
Ýagşy aýal arpa ununy aş eder, ýaman aýal bugdaý ununy da:ş eder.
***
Ýagşy aýal ýok zadyňy bar eýlär, ýaman aýal giň jahany dar eýlär.
***
Ýagşy gyz irden turup darak sorar, ýaman gyz irden turup çörek.
***
Ýagşy it maslygyny ýaşyrar.
***
Ýagşy oguldan rehmet ýagar, ýaman oguldan mähnet.
***
Ýagşy söz ýagşy eder, ýaman söz wagşy.
***
Ýagşy ýigit iş üstüne geler, ýaman ýigit gep üstüne.
***
Ýagşydan at galar, ýamandan set.
***
Ýagşylygy bilmeseň, ýagşylyga goşul.
***
Ýagşylyk töre elter, ýamanlyk göre.
***
Ýagşyny göreniňde, pikir et, ýamany göreniňde, şükür et.
***
Ýagşynyň köňlünde kine az bolar.
***

Ýagşynyň özi ölse-de, sözi ölmez.
***
Ýagy gaýdansoň, batyr köpeler.
***
Ýagyň daşyndan, içi aman.
***
Ýagyny görmänkäň gorksaň-da, göreňsoň gorkma.
***
Ýakma bişersiň, gazma düşersiň.
***
Ýalan sözleseňem, aýagyňy ýerden üzme.
***
Ýamany bolmadygyň, ýagşysy bolmaz.
***
Ýamanyň oduna ýagşy ýanar.
***
Ýamanyň wadasy işi bitinçä.
***
Ýaramaz ilçi ýamanlyk getirer, akylly ilçi amanlyk.
***
Ýaramaz öýden ýaramaz tütün çykar.
***
Ýeke gülen masgara.
***
Ýeňil gazanylan gazanç, ýeňil sowlar.
***
Ýer daýhany dabanyndan tanarmyş.
***
Ýer gaty bolsa, öküz öküzden görer.
***
Ýerde ýetim aglasa, asmanda melek aglar.
***
Ýeriň ýerden, äriň ärden parhy köp.
***

* 18. Sargyt № 2693

Ýoly ýörän ýeňer, bergini beren.
***
Ýorgana görä aýak uzat.
***
Ýumrukdan böwre sanjylar.
***
Ýüpek donuň içinde ýagşy-ýaman tanatmaz.
***
Ýüz puluň bolandan, ýüz dostuň bolsun.
***
Ýüzi gyzylyň uýalany aňdyrmaz.
***
Ýykylan göreşden doýmaz.
***
Ýykyljak araba, kyrk gün öňünden jygyldar.
***
Ýykylsaň, ýere ýapyş.
***
Ýylan gowuny täzelär, häsiýeti öňküligi.
***
Ýylyň gelşi nowruzyndan belli, ýaryň gelşi sowgadyndan.
***
Ýyrtyk ulalsa, ýamalyk ýetmez.

## — Z —

Zadyň bolmasa, dadyň bolmaz.
***
Zäherden şypa bolmaz.
***
Zalymyň zulumyndan, şermendäniň şerinden.
***
Zamana bap bolan utulmaz.
***

Zelel peýdanyň garyndaşy.

***

Zeleliň ýaryndan gaýtmak peýda.

***

Zergär öler – zer galar, daýhan öler – ýer galar.

***

Zyýany degmedik garyndaşyňy nepi degençe gör.

# Aýtgylar

Adam bir çig süýt emen.
***
Agza zäk atylan ýaly bolmak.
***
Agzy jäheksiz.
***
Agzyny hatap ýaly açmak.
***
Ajykekre iýen ýaly.
***
Alapadan galmak.
***
Alça mündürip, towha gopdurmak.
***
Alkyndy sabyn ýaly.
***
Altyn gabak atdyrmak.
***
Alynyň ala meýdany.
***
Alynyň aryny Ahmetden çykarma.
***
Arrygyňy gynamak.
***
Artygyň harmany ýaly etmek.
***
Alaçaly ýag ýaly.
***
At ýitiren.
***
At oýnatmak.
***

At göçümini etmek.
***
Aşygy alçy gopmak.
***
Aýy dostlugy.
***
Azy ýaran.
***
Balykçynyň kempiri ýaly.
***
Başa düşen towky.
***
Başyna ala ýabylynyň gününi salmak.
***
Başyna gögeren ýaly.
***
Bazara salnan geçi ýaly bolmak.
***
Bereket kesegi ýaly.
***
Bil baglamak.
***
Bir aýakdan sürmek.
***
Bir sanaç uny artyk iýmek.
***
Bu-da geçer.
***
Bujagy çözlen ýaly.
***
Burnuny syksaň jany çykjak.
***
Çigildem köwlemek.
***

Çöregi bitin bolmak.
***
Damak bolmak.
***
Daşa ýazylan ýaly.
***
Depme halal etmek.
***
Dälä: «Harman otlaýma» diýen ýaly.
***
Dil bir öl ýerde biten zat.
***
Dil iýdirilen ýaly.
***
Degirmeniň suwy sowlan ýaly.
***
Dokuzyň düzüw bolmak.
***
Dolyň egsilip barýarmy?!
***
Durnanyň gözünden urmak.
***
Düýäniň üstünde talhan iýen ýaly.
***
Egrileni birki gün öň dokap goýmak.
***
Elipden şermende.
***
Elli iki aýtmak.
***
Eňňere etmek.
***
Etek alty, ýeň ýedi.
***

Eriş-argaç geçmek.
***
Eşekden palan alança-da görmezlik.
***
Gadyr agajyny dikmek.
***
Gamyş köpri.
***
Garnyňy suwa atmak.
***
Garynja gatnawy.
***
Gaş bejerjek bolup, göz çykarma.
***
Gazygynda garramak.
***
Gazykdan ýöretme.
***
Gezekli çemçe.
***
Gäbi azmak.
***
Girisine düşmek.
***
Gondalaw bermek.
***
Göbegi gömlen ýaly.
***
Göbek ganyň daman ýeri.
***
Görünmese görünmesin, on dördüne tüýnükdenem görner.
***
Göz hakyny bermek.
***

Gulanalma bolmak.
***
Gunt düşen ýaly.
***
Guşguny göterilmek.
***
Gylçygyny harpykdan saýlamak.
***
Hakgulla bolmak.
***
Heşelle kakmak.
***
Hokga çykarmak.
***
Hydyr diýeniň hyrs çykmak.
***
Igdäň aşagynda ýatyp turan ýaly.
***
Iki aýagyny bir gonja sokmak.
***
Iňrik garalmak.
***
It eýesini, pişik bikesini tanamazlyk.
***
Itiň çäkmen dokaýşy ýaly.
***
Itiň dertli bolmasyn.
***
It otlan ýaly.
***
It ýandakdan böken ýaly.
***
Juwazçyň erkegi ýaly.
***

Jüýjäni güýz sanaşarys.
***
Jyzlanyň ömri ýaly.
***
Kelebiň ujuny ýitirmek.
***
Kelle urlan söwüt ýaly.
***
Köp çarşenbäni başdan geçiren.
***
Kyrk bolmasa kyrk bir eken-dä.
***
Men näme diýýärin, tamdyram näme diýýär?
***
Mäjum bolmak.
***
Mäşi bişişmezlik.
***
Mürzeweliň aty ýaly.
***
Myhman öňem bir kepgir gördi.
***
Nili azmak.
***
Ogly ora, gyzy gyra gitdi.
***
O gören tallaň kersen boldy.
***
Öldüreniň kesewsi gögär.
***
Öňki gulluk, öňki dulluk.
***
Örki üzülmek.
***

Palta gaçar etmek.
***
Piliň gulagynda uklamak.
***
Pirini kädä gabamak.
***
Sabyr käsesi dolmak.
***
Saly suw üstünde bolmak.
***
Saman astyndan suw goýberen.
***
Sanasaň sogaby bar.
***
Sapandan sypan ýaly.
***
Serpmeden gaýtmak.
***
Soňuna sogan ekmek.
***
Söw-söw syrmak.
***
Suw seňrikden agmak.
***
Şakyrdyk dakmak.
***
Şawelediň toýy ýaly.
***
Tarhandökerlik etmek.
***
Takal okamak.
***
Tamaň tala daňlan ýaly bolmak.
***

Tükezzbana tutmak.
***
Tulum ýaly çişmek.
***
Uguny ýekelemek.
***
Üzeňňiden üç geçmek.
***
Ýagyrnyişligini otlamak.
***
Ýapa degmezlik.
***
Ýyldyza toýnak salmak.
***
Ýyldyza ýörän ýaly bolmak.
***
Ýüz görüp, gapyrga syrmak.
***
Zähresi ýarylmak.
***
Zikge kakmak.

# MAZMUNY

Söz sungatynyň täji.....7
Aýdymlar.....23
Aýdyşyk aýdymlary.....55
Talhynlar.....63
Haraý aýdymlary.....67
Dönem, ýareýjan, lollujan aýdymlary.....68
Kän salam aýdymlary.....75
Toý aýdymlary.....79
Läleler.....89
Monjugatdylar.....103
Hüwdüler.....116
Küştdepdiler.....136
Agylar.....157
Ýaremezanlar.....160
Sanawaçlar.....162
Ýaňyltmaçlar.....185
Ýomaklar.....188
Alkyşlar we dilegler.....191
Yrymlar.....209
Matallar.....222
Nakyllar we atalar sözleri.....245
Aýtgylar.....276

# TÜRKMEN
# HALK DÖREDIJILIGI

I kitap

TÜRKMEN ŞAHYRANA HALK DÖREDIJILIGI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

Düzüjiler: Amanmyrat Baýmyradow,
Hojamyrat Goçmyradow,
Gülruh Nuryýewa

| | |
|---|---|
| Redaktor | *M. Annamuhammedow* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter işleri | *P. Pürmyradow* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Mämmetjumaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi. 25.05.2017
Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$. Edebi garniturasy.
Şertli çap listi 18,0. Şertli reňkli ottiski 72,25.
Hasap-neşir listi 11,07. Çap listi 18,0.
Sargyt №. 2693 Sany 1050

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.